# IGIL-IŇ ESGERLERI BILEN

TUSSAGLYKDA



## ÝAMANLYGYŇ ÖŇÜNDÄKI IMAN

PÝOTR ÝAŞEK

REBEKA JORJ BILEN AWTORDAŞLYKDA

# IGIL-IŇ ESGERLERI BILEN TUSSAGLYKDA

## ÝAMANLYGYŇ ÖŇÜNDÄKI IMAN

PÝOTR ÝAŞEK
REBEKA JORJ BILEN AWTORDAŞLYKDA

Originally published in English under the title
*Imprisoned with ISIS* by Petr Jašek
Copyright © 2020 by Voice of the Martyrs

IGIL-iň esgerleri bilen tussaglykda
Pýotr Ýaşek
Copyright © 2018 "Ejir çekenleriň sesi" ISBN: 978-1684510092
Asyl nusganyň ady: Imprisoned with ISIS Petr Jašek

Awtorlyk hukugy goralan. Neşirçiden hat üsti bilen rugsat almazdan, tankydy we syn makalalaryndaky gysgajyk salgylanmalardan başga materiallary ulanmak ýa-da köpeltmek gadagandyr.

Kitap mesihileriň zekatyna çap edildi we satuwa degişli däldir. Ol satylan ýagdaýynda aşakda görkezilen salga habar bermegi haýyş edýäris.

"Ejir çekenleriň sesiniň" ähli materiallary mugt paýlanylýar we satuwa degişli däldir.

"Ejir çekenleriň", aýratynam, Pýotryň gulluk eden mesihilerini goramak maksady bilen atlaryň käbirleri üýtgedildi we jikme-jiklikler ýazylmady.

*Çünki Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir.*

Filipililer 1:29

# SUDAN ZORLUK BILEN YSLAMLAŞDYRMA DÖWRÜNDE

Sudanyň millionlarça raýatlary aňrybaş garyplyk, açlyk we syýasy durnuksyzlyk şertlerinde ölmän galmak üçin göreşýän wagtynda, şerigat kanunlary we yslam ýolbaşçylary tarapyndan dolandyrylýan ýurtda Isa Mesihiň yzyna eýerýänleriň durmuşy has-da agyrdy. Otuz ýylyň dowamynda Sudan döwleti güýjüni mesihileri, şeýle hem, etniki taýdan arap bolmadyklary gyrmakda jemledi.

1989-njy ýylda harby agdarlyşygyň netijesinde döwlet başyna öňki prezident Hassan al-Başir gelip, bütin Sudanyň territoriýasynda berk yslam dolandyryşyny girizeli bäri, onuň zalym režimi mesihileri gorkuzdy, tussag etdi, türmelere saldy we gynady. Ol ýurdy has-da yslamlaşdyrmaga çalşyp, ýygnak binalaryny ýykdyrdy we bombalady.

1993-nji ýyda ABŞ Sudany, yslam terroristik toparlarynyň agzalaryna, şol sanda Usama ben Madene hem gaçybatalga bereni üçin, terrorizme howandarlyk edýän döwletleriň sanawyna girizdi. 2005-nji ýylda parahatçylykly ylalaşyk uzaga çeken raýatlyk urşunyň soňuna çykdy. Munuň netijesinde 2011-nji ýylda Günorta Sudan garaşsyzlyk aldy. Raýatlyk gozgalaňlaryny basyp ýatyrmak üçin Başer arap meýletin goşunyny Darfuryň günbatar sebtindäki parahat ýaşaýjylary terror etmek üçin iberdi. Munuň netijesinde üç ýüz müňe golaý adam gyryldy we ýene dört milliona golaý adam öz ýurdundan zorluk bilen göçürildi.

Ýurt bölünmezinden öň Başir Sudanyň günortasynda, şol sanda Gök Niliň we Nuba dagynyň sebitlerindäki iki milliona golaý mesihiniň ölümine sebäp boldy. Nuba dagynyň töweregindäki mesihiligiň ähli alamatlaryny ýok etmek üçin Sudanyň harby — howa goşuny mesihi obalaryň, ýygnaklaryň, mekdepleriň we keselhanalaryň üstlerine dört müňden-de gowrak bomba taşlady. Mesihileri jenaýatçylar hasapladylar, olary tussag etdiler, gynadylar, olara ýalan aýyplamalar ýöňkäp, ölüm jezasyna höküm etdiler.

2009-njy ýylyň martynda Gaaga halkara jenaýatçylyk sudy altmyş bäş ýaşly Başire tussaglyk orderini berdi — bu hereket edýän döwlet ýolbaşçysyna berlen ilkinji orderdi. Oňa harby jenaýatlary etmekde, şeýle hem, adamzada garşy jenaýatlary etmekde, şol sanda Günbatar Sudanda adamlary köpçülikleýin gyrmakda, deportasiýa etmekde, gynamakda we zorluk etmelerde aýyplama ýöňkeldi. Indiki ýyl oňa ikinji order berildi — bu gezek Darduf welaýatynda genosid gurnany üçin berildi.

Iki order berlendigine garamazdan, Başir Sudana baştutanlyk etmegini we 2019-njy ýylyň 11-nji apreline çenli, birnäçe aýlap aýaga galmalardan soň, sudan harbylary tarapyndan diktator hökmünde agdarylýança, mesihilere terrorçylyk etmegini dowam etdirdi.

Kitapda suratlandyrylan wakalar, zalym ygtyýaryny ýitirmezinden birnäçe ýyl öň, Başiriň baştutanlyk eden Sudanynda bolup geçdi.



# SÖZBAŞY

*Ýekşenbe, 2013-nji ýylyň 19-njy maýy*

Agyr polat gapy tarkyldap ýapylanda, men dymyk kamerada galdym. Gapa hapa goňras reňk çalnandy, onuň ýokarsynda bolsa, uzynlygy on bäş, ini ýigrimi santimetrden uly bolmadyk äpişgejik bardy. Poluň doňduryp barýan plitasynyň üstünde oturanymda, men ýagtynyň kiçijik gönüburçlugyna seretdim we özümi unudylan ýaly duýdum.

Meniň pikirim gyzym Wanda ýa-da biziň atlandyryşymyz ýaly, “Wawa” tarapa gönükdi. Ol owadan hem akylly ýaş gyzdy. Ol indiki hepdede lukmançylyk mekdebini tamamlaýardy. Şeýle-de bolsa, onuň durmuşyndaky iň wajyp pursatlaryň birini özi bilen bellemegiň deregine, men bu kamera gabalyp otyryn. Meni damarlarymy urýan çuň ýigrenç duýgusy gurşap aldy.

Birden töweregimdäki diwarlar aýrylyp, otag garaňkynyň içinde gaýyp bolup başlady. Men ýüregimiň gursagymdan rehimsizlik bilen çykjak bolýandygyny duýdum. Maňlaýymdan der damjalary syrygyp, gözümde ýygnanyp we gözlerimi agyryly awuşadyp başlady. Men barmaklarymyň uçlaryny gymyldatjak boldum, ýöne olar maňa tabyn bolmadylar.

Birden men aşagymdaky ýyljajyk prostyny, ýumşajyk krowady, özüme tanyş ýakymlyja ýeri duýdum. Elim kämahal sanjyp başlady, soň menem ony aýalyma, ýanymda ýatan Wanda ýetirjek bolup uzatdym. Men onuň uzyn sary, ertirki şapagyň şöhlelerine ýalpyldaýan saçyny gördüm. Ol edil ýigrimi üç ýyl mundan ozal durmuş guran günümizdäki ýaly ajaýypdy.

Men ýeňillik bilen dem aldym-da, ýene onuň kellesini ýassykda goýdum. “*Bu juda eýmenç düýşdi*”. Köp soraglar çogup çykyberdi. “*Bu düýş Hudaýdan gelen alamatmyka? Duýduryşmyka? Men tussaglyga we türmä salnar ýaly näme iş etdimkäm?*”

Biz düşekden turduk-da, ýygnaga gitmek üçin taýýarlanyp başladyk. Şol ýekşenbe güni biziň çeh şäheri Klandodan bolan ýygnak agzalarymyz Karlowyýe Warydaky aýal doganlaryň — nemes serhediniň golaýyndaky ajaýyp şypahana şäherçesindäki ýygnanyşygyna barmagy meýilleşdirdiler.

Biz Wanda bilen maşyna mündük-de, dostlarymyz bilen günbatara tarap bir ýarym sagatlyk ýola düşdük. Oba ýerlerinden geçip barýarkak, men az gürledim. Meniň pikirlerim soraglardan doludy. “*Men nädip türmä düşýärkäm? Belki, men salgyt deklarasiýalaryny dolduranymda ýalňyş goýberendirin?*”

Biz ýygnak binasynyň ýanyna ir geldik. Soňra men maşyn duralgasynda bizi garşy almaga çykan ýaşuly bilen salamlaşmak üçin maşyndan düşdüm. Ol meniň oýa batyp duranymy aňdy.

— Pýotr, seniň ýagdaýlaryň gowumy?

— Hemme zat gowy — diýip, men entegem aljyraňňylykda bolup durşuma jogap berdim. Men näme etsem-de, näme diýsem-de, birhili üýtgeşik duýgudan saplanyp bilmedim. Türme gapysynyň şakyrdysy meniň kellämden çykmady.

Indiki üç ýyla golaý wagtyň dowamynda durmuşymdaky iň ýatda galyjy hem howsalaly düýş, mende ýene oýanmaga garaşyp irkilmedi.




# 1

*Iki ýarym ýyl geçenden soň*

2005-nji ýylyň 10-njy dekabrynda gije sagat ikiler töweregidi. Men indi dört günden bäri Sudandadym we öýe, öz maşglamyň arasyna gitmäge sabyrsyzlyk bilen garaşýardym. Men, aýalym, onuň taýýarlaýan tagamly naharlary we özümiň ýumşajyk düşegim hakda pikirlenenimde, özüme tanyş bolan sabyrsyzlyk garaşma duýgusyny duýdum. Bir sagatdan soň meniň uçarym Hartumdan uçmalydy, şonuň üçin men myhmanhanadaky otagymdan çykmazdan öňürti, galan birnäçe minudymdan peýdalanmak üçin, skaýpyň üsti bilen, maňa öýde, Pragada garaşyp oturan aýalym bilen gürleşmek kararyna geldim. Onuň sesini eşidenimde, men ýylgyrdym. Jaňlaşma gysga wagtlyk boldy, men aýalymy mümkin boldugyça basymrak görmek üçin wideo gürleşigi tamamladym. Men mümkin boldugyça öýe basymrak ugramaga taýýardym.

Men afrikan sebtindäki “Ejir çekenleriň sesine” on ýyldan gowrak wagtlap ýolbaşçylyk etdim. Meniň işimiň howply ýerlere — mesihi raýatlary gazaply yzarlamalara duçar edýän duşmançylykly ýurtlara syýahat etmegi talap edýändigi sebäpli, Wanda ikimiz gepşikleriň tekstli habar bermelerden, telefon jaňlaryndan we skaýp boýunça wideo jaňlardan ybarat bolan ýönekeý usullaryny döretdik. Biz hat üsti bilen gizlin gürleşmek özümize gerek bolan ýagdaýynda özümiziň ulanyp biläýjek kodly sözlerimiziň birgideni hakda gürleşdik. Meniň ýerine ýetirýän her bir saparymyň belli bir derejede töwekgelçilik bilen baglanyşyklydygyny we baran

ýerlerimde köp sanly howply ýagdaýlaryň üstünden barmagymyň mümkindigini aýalym bilen çagalarym hem bilýärdiler. Şol bir wagtyň özünde-de, men biderek ýere maşgalamy gorkuzyp ýörmek islemeýärdim. Her gezek öýden gidenimde, olaryň gorkup oturmaklaryny men islemeýärdim.

Şol gün meniň syýahatym döwründe Wandanyň ýatýandygyny bilenim üçin men oňa Sudandan uçmazymyň öň ýanynda, Naýrobä gonanymda, Naýrobiden uçanymda, Amsterdama gonanymda we Amsterdamdan uçanymdan soň oňa tekstli habar goýbermekçi boldum. Eger hemme zat meýilnama boýunça bolan bolsa, onda Wanda soňky habary Praga aeroportunyň uçuş-gonuş guşagyndan alardy. Ol özüniň geljegini meniň aeroportdan çykjak wagtyma gabatlap gelmek üçin derrew meni alyp gitmäge aeroporta gelerdi.

Bu saparda syýahatçylyk wizasy bilen syýahat edenim sebäpli, men gündelik geýimdedim — futbolkada we jinsidedim, aýalymyň tiken gizlin guşagynda pul bilen ikinji pasportym bardy. Gitmeli gatnawymyň örän ir uçýandygy sebäpli, men gije uklap bilmedim. Men suwa düşdüm-de, saçymy syrdym.

Men geýimlerimi, özüme el goş bolup hyzmat edýän kiçijik çemodana ýerleşdirdim we noutbuk üçin sumkany açdym. Onuň içinde meniň daşary ýurt pasportym, sürüjilik şahadatnamam, fotoapparat, Günden goraýan äýnek, öýjükli telefon, USB-toplaýjy, daşky gaty diskler we noutbuk bardy.

Noutbuk iň täze goýberilen maşyn ýaly bir zatdy. Onuň konweýerden düşenine bary-ýogy bir aý geçipdi. Meniň durmuşym we enjamda dokumentleşdirilen yzarlanylýan mesihileriň durmuşy meniň olary gorama ukybyma baglydy. Internetiň seanslarynyň arasynda men keş brauzeri arassaladym we özümiň sifr el yzyma iň az dereje ýetirmek üçin WiFi-y deaktiwleşdirdim. Noutbuk hiç haçan meniň görüş meýdanymdan aýrylmady. Ýöne eger ony almak kimdir birine başardaýan ýagdaýynda hem, ol diňe Nigeriýa eden soňky saparym wagtyndaky düşüren syýahatçylyk suratlarymy görýär.

Nigeriýada edilen suratlar kompýuterimiň içine aralaşyp bilen adamy ýalňyşdyrmak üçin niýetlenendi. Iň wajyp maglumatlaryň hemmesi — geçen agşam düşüren suratlarym aýra goýlan gaty diskde şifrlenendi, oňa girmek mümkin däl diýen ýalydy.

Soňky dört günüň dowamynda men özümiň saklanan “Jennet” myhmanhanamyň edil garşysynda ýerleşýän açyk asmanyň astyndaky köp sesli kafe bolan “Ozonda” gizlin duşuşyklary geçirdim. Stollary hem kuşetkalary goraýan äpet goňur saýawanly “Ozon” duşuşyklarymy — birini ertirlik nahary, ikinjisini günortanlyk nahary, iň soňkusyny hem agşamlyk nahary wagtynda geçirmek üçin iň gowy ýerdi. Emigrantlaryň, şol sanda Sudanyň dürli halkara mekdeplerinde okaýan talyplaryň we okadýan mugallymlaryň arasynda meniň, ak adamyň bolmagynda hiç hili adatdan daşary zat ýokdy.

Myhmanhana otagyndan çykmazymdan öň men galan suratlary şifrlerim-de, olary kameradan aýyrdym we olary gaty diskiň gizlin bölegine geçirdim. Men otaga soňky gezek nazarymy aýladym. Men kiçijik çemodan we noutbuk bilen koridordan ýöräp, girelgeden geçdim. Bu bary-ýogy nobatdaky myhmanhanadan nobatdaky uçar gatnawyna gijeki adaty çykyş boldy, munuň netijesinde men, ahyrsoňy, öýe barýardym.

Bagtyma, bu giçki wagtda ýollar eslije boşdy. Myhmanhanadan aeroporta çenli barýan ýol üç minutdan köp wagty almaýar. Uçar gatnawym uçmazdan öň mende hasaba alyşdan we pasport barlagyndan geçmegim üçin sürüji meni göni gije sagat ikide garaşyp durar diýip pikir etdim.

Ýöne eýýäm 02:05-di, men bolsa, entegem daşarda garaňkyda durdum. Men sürüjiniň barlygynyň ýekeje-de alamatyny görmedim. Birnäçe minutdan soň men, administratordan maşynyň eglenýäniniň sebäbini bilmek üçin içeri girmek kararyna geldim.

“Siziň bilen ýene bir ýolagçy gidýär” — diýip, ol maňa habar berdi. Men daşary çykyp garaşyp başladym. Her bir geçýän minut kiçiräjik bakyýet ýaly bolup göründi. Meniň bilen gitjek

myhmanlardanam hiç kim çykmady. “*Bu meni saklamak üçin administratoryň ulanýan bahanasymyka?*”

Men ýene hasaba alynýan ýere bardym, soň nobatçy, ahyrsoňy, sürüjini çagyrdy. Ol meniň ýükümi almagy teklip etdi, ýöne men oňa diňe çemodanjygy berdim. Biz “şattla” mündük, sürüji-de meniň yzymdan gapyny ýapdy. “Şattl” ýerinden gozgandy.

Pikir edişim ýaly, aeroporta biz sanalgy minudyň dowamynda gelip ýetdik. Men az adamly terminala girdim-de, “Keniýa howaýollary” sütüniniň ýanyna tarap ýöredim. Ol ýerdäki işgär maňa üç sany — ýolumyň her bölegi üçin bir sanydan petek berdi. Men iki petegi noutbukly sumkama saldym-da, pasport barlagyna garaşyp duran ýolagçylara seretdim. Ertir bu wagta eýýäm Afrikadan öýe barýaryn-da, öz düşegimde ýatýaryn.

Pasport barlagy geçirilýän ýere tarap bir ädim äden badyma, kimdir biriniň öz egnime kakýanyny duýdum. “Sudanyň howpsuzlyk gullugy. Biziň bilen ýöremegiňizi haýyş edýäris” — diýip, iňlis dilinde çalgyrtrak gürleýän adamlaryň biri özüni tanatdy.




# 2

Ofiserleriň özümi saklandygy baradaky fakt meni beýle bir biynjalyk edibem durmady. Meniň baran ýurtlarymyň käbirlerinde aeroportuň howpsuzlyk gulluklary, syýahat edýänleriň kontrabanda ýoly bilen ýurtdan pul äkidip barmaýandyklaryna göz ýetirmek üçin, saýlap barlaýan wagtlaram bolýardy.

“*Bu adaty barlag* — diýip, men özüme aýtdym. — *Birnäçe ähmiýetsizje soraglardan we ýükümi görmelerden soň men Keniýa gidýärin*”.

Meni alyp giden adamlar gara jalbarlydylar we açyk reňkli, ýakaly hem gysga ýeňli köýneklidiler. Meni sorag etmek üçin ýasalan kiçijik ýasama otaga alyp barýarkalar, men olaryň gapdalynda sapançanyň bardygyny gördüm. Ol otagyň içinde stol bilen birnäçe oturgyçlar bardy. Diwar bolup hyzmat edýän wagtlaýyn haýatlar çal reňklidi. Potologyň ýoklugy sebäpli, otagyň içini aeroportyň sesi dolduryp durdy.

Men sagadyma seretdim. Eger men kyrk bäş minutdan ugraýan uçaryma ýetişmek isleýän bolsam, onda bu sorag edilmäni çaltlaşdyrmagyň usulyny tapmalydym. Howpsuzlyk gullugynyň işgärleri iňlis dilinde gürlemeýärdiler, şonuň üçin men olar bilen fransuz dilinde gürleşmäge synanyşdym. Olar maňa diňe perwaýsyz seretdiler. Sudan bilen Russiýa berk gatnaşyk saklaýar, şonuň üçin men olara rus dilinde birnäçe söz aýtdym. Hiç hili jogap bolmady. Soň men nemes dilinde gürlemäge, soň hem, çeh dilinde, özümiň ene dilimde gürlemäge çalyşdym. Ýöne men näme diýsemem, sözlerimiň hemmesine dymmak bilen garadylar.

— Noutbuk! — diýip, ofiserleriň biri çalgyrt iňlis dilinde buýruk berdi.

Men sumkany açdym-da, içinden noutbugy çykaryp, ony stoluň üstüne goýdum. Ony derrew işletdiler-de, sistemanyň açylaryna garaşdylar. Soň kompýuteriň ekranyny maňa tarap öwrüp, menden parolyny talap etdiler.

— Asla aýtmaryn! — diýip, men garşylyk görkezdim. — Bu mümkin däl.

Gaty disk şifrlendirilen bolsa-da, meniň olara paroly aýtma niýetim ýokdy.

Ofiserler meniň kompýuterim bilen başagaý bolup durkalar, men bilimden telefonymy ýuwaşjadan aýyrdym. Meniň aýfonym PIN-kody on gezek açjak bolup, şowsuz synanyşyk edenden soň, täzeden formatirleme programmasyna düzülip goýlandy. Men telefondaky maglumatlaryň hemmesini süpürip taşlar diýen umyt bilen yzly-yzyna ýalan kodlary girizip başladym. Ýöne bäşinji minutda telefonym doňup galdy, şonuň üçin men täzeden dowam etdirýänçäm, bäş minut garaşmaly boldum. Men eger meni düwmäni basmaga mejbur etseler, onda telefonymy açmak üçin öz kod-parolym we barmagymyň yzy gerek bolar ýaly, derrew telefonymy öçürdim.

Ofiserleriň biri telefonda meniň bir zatlar edýänimi bildi, ol men jaň etjek bolýandyryn öýden bolsa gerek. Ol elini uzadyp, meniň telefonumy talap etdi. Men telefonyň doly öçenine göz ýetirmek üçin haýal hereket etdim. Soň ony oňa uzatdym. Ol ony işletjegem bolmady, belki, şol wagt işletjek bolan däldir.

— Kamera! — diýip, ofiser talap etdi.

Men oňa enjamy berdim, soň ol başagaý boldy. Şol pursatda stýuardessanyň bütin terminaly ýaňlandyryp, meniň adymy aýdanyny eşitdim. “...*Pýotr Ýaşek*...” Irden uçýandygym sebäpli men iki gün uklamandym, şonuň üçin meniň bar isleýän zadym — bu uçara münüp, gowşamakdy. Stresiň derejesi artyp başlady.

— Siz meniň uçar gatnawymy saklaýarsyňyz! — diýip, men ofisere gaharly arz etdim.

— Mesele ýok, mesele ýok — diýip, ol arap dilinde gürledi.

Howpsuzlyk gullugynyň işgäri öz öňünde ýatan kiçiräk bir topbak kagyzy dörüşdirip başlady.

— Maksadyň? — diýip, ol talap etdi.

— Men — syýahatçy — diýip, men jogap berdim. Ofiser meniň pasportymy, syýahatçylyk wizamy we polisiýadaky hasaba alynmamy ünsli öwrendi.

— Syýahatçy däl. Syýahatçy däl! — diýip, ol hüňürdedi.

Men ýene sagadyma seretdim. Gije sagat 3-di, meniň gatnawyma mündürme-de gutarandyr. Meniň uçarym mensiz uçup gidendir, men indiki gatnawda uçmaly bolýaryn.

Men oýanan wagtynda menden tekstli habaryň ýokdugyny bilse, onda alada galjak aýalym hakda pikir etdim. Men şol gün soňrak gyzymyň “Içki keseller” kursy boýunça gutardyş synagy tabşyrmalydygyny bildim. Men Wawa üçin doga etdim. Şol wagt meniň çemodanym bilen asla gyzyklanmadyk ofiser yşarat bilen noutbuk sumkamy görkezdi we bölek jümleler bilen mende maglumat ýygnaýan başga nähilidir bir sifr enjamymyň, mysal üçin, gaty diskleriň ýa-da USB-ýygnaýjylaryň barmydygyny sorady.

Ol meniň sumkamy dördi-de, ondan daşky gaty diskleri we başga-da sifr enjamlaryny çykardy. Ol meniň ikinji pasportymy tapanda, gözleri uçganaklap gitdi.

Dünýä boýunça köp syýahat edýändigim üçin çeh döwleti maňa üç pasport berdi. Indiki sapar üçin wiza almaga bir pasportymy goýberip bilmesem, men, barybir, ikisi bilen syýahat edip bilýärdim — olaryň biri aeroportyň howpsuzlyk gullugyna görkezmek üçin, ikinjisi bolsa, ätiýaçlykda durýardy.

Howpsuzlyk gullugynyň işgärleri meniň ikinji pasportyma seretdiler-de, biri-birine köpmanyly garadylar. “*Olar meni içalydyr öýdýärler*”. Olar meniň pasportlarymy aldylar-da, ullakan ak mobil telefon bilen gaýdyp geldiler.

— Seret, seret — diýip, olaryň biri telefonyň ekranyna dürtüp buýruk berdi. — Foto.

Men öz gözlerime ynanyp bilmedim. Suratda meniň sudan ruhy çopanlarynyň biri bilen “Ozonda” bolan duşuşyklarymyň biri bardy. Men ýüz keşbim bilen geň galýandygymy görkezmezlige güýjümde baryny edip jan çekdim. “Bu, belki, mendirin, belki-de däldirin” — diýip, men asuda jogap berdim.

— Ady! — diýip, garawullaryň biri meniň ekrandaky söhbetdeşimi görkezip buýruk berdi. Men jogap bermedim.

Ofiser barmagyny ekranda aýlap, indiki suraty görkezdi.

— Ady? — diýip, ol öz diýeninde durmagyny dowam etdirdi.

— Näme mesele bar? — diýip, men eginlerimi gysdym. — Hawa, men bu ýerde birnäçe adamlar bilen duşuşdym.

— Nähili adamlar bilen?

— Men öňki tanyş dostlarymyň birnäçesi bilen duşuşdym.

Ol ýene barmagyny ekranyň ýüzüne aýlady. Men dymdym.

Howpsuzlyk gullugynyň işgärleri arap dilinde birazrajyk gürleşenlerinden soň, lapykeçdigi göze görnüp duran ýagdaýda ýasama sorag etme otagyndan çykdylar. Birnäçe minutdan soň gapydan gowuja geýnen goňur jalbarly we sary gözenekli kurtkaly ofiser girdi. Onuň derejesiniň beýlekilerden ýokarydygy görnüp durdy, ýöne ol hiç zat diýmedi-de, diňe bir burçda öz işgärleriniň bölek soraglar bilen meni bombalaýyşlaryny synlap oturdy. Meniň hyzmatdaşlyk etmekden boýun towlamagym ofiserleri iň ýokary wezipeli başlygy aeroporta çagyrmaga ofiserleri mejbur etdi. Meniň olaryň soraglaryna jogap bermezligim olaryň lapykeçligini gahara öwürdi.

03:45-de howpsuzlyk gullugynyň başlygy sorag etmäniň başa barmandygyna düşündi. Ol arap dilinde birgiden sözleri aýtdy, şondan birnäçe minut geçenden soň, ofiserler meniň el goşumy, noutbuk sumkamy we gapjygymy aldylar.

— Siz olar bilen hyzmatdaşlyk etmek islemediňiz, şonuň üçin indi biziň bilen gidýärsiňiz — diýip, ofiser maňa haýbat atdy.




# 3

Özümiň düşen ýagdaýyma alyp baran wakalar iki aý mundan ozal, Addis-Abeba şäherindäki kiçiräjik konferensiýa gatnaşmak üçin Efiopiýa baranymda bolup geçdi. Efiopiýadaky bir hepdelik konferensiýa goňşy Sudandan bolan mesihi ýolbaşçylaryna maslahat bermeler, okuwlar we goldaw almak üçin ýygnanyşmaga mümkinçilik berdi. Konferensiýada men Sudanyň takmynan on bäş raýaty, ondan gowrak ýurdundan çykan adam, missionerler we birnäçe ýyllar mundan ozal Sudandan çykarylan guramalaryň wekilleri bilen tanyşdym. Meniň saparymyň maksady täze partnýorlar bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmakdy, mesihileriň yzarlanyş masştabyna baha bermekdi we ruhy çopanlara hem-de liderlere bu baradaky on minutlyk prezentasiýany görkezmekdi.

Konferensiýa wagtynda Hasan atly bir ruhy çopan Darfurdan bolan bir ýaş oglanyň täze kabul eden mesihilik ynamy üçin Harmutda, Sudanyň paýtagtynda, gaty erbet maýyp edilendigini maňa gürrüň berdi. Ol oglanyň bedeniniň ýokarky böleginiň dörtden üç bölegi, şol sanda ýüzi, döşi we elleri ýanypdyr.

Imany üçin şeýle güýçli ejir çeken şol ýaş ýigit baradaky maglumat ýüregimiň jümmüşine çenli täsir edip, meni gaty gynandyrdy. Men dünýäniň dürli ýurtlarynda özleriniň Isa Mesihe bolan wepalylygy üçin ummasyz kynçylyklary gören erkekleriň, aýallaryň we çagalaryň şeýle köp sanlysyna duş geldim! Her gezegem öz teninde Mesihiň ýara yzlaryny göterip ýören nobatdaky iman gahrymany bilen tanşanymda, maňa biziň dürli ýurtdaky yzarlanylýan erkek hem aýal doganlarymyzyň

ruhy hem fiziki talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen gullugy bolan guramada işlemäge mümkinçilik bereni üçin Rebbe minnetarlyk bildirýärin.

— Oňa lukmançylyk kömegi gerekmi? — diýip, men şonda sorapdym.

— Gerek — diýip, Hasan jogap berdi. — Sizde Sudana gelip, onuň bilen duşuşmaga mümkinçiligiňiz barmy?

Birnäçe gün geçenden soň, men şol ýaralanan mesihini baryp görmek üçin Afrika sapary meýilleşdirerin diýen umyt bilen yzyma Praga uçdum. 2002 – 2011-nji ýyllar aralygynda men Sudana on gezekden-de köp bardym. Men, esasan hem, onuň günorta böleginde bolupdym, ýöne soňky döwürlerde ol ýerde bolmadym. 2011-nji ýylda Günorta Sudan aýra bolandan soň, Sudanda mesihilere bolan duşmançylyk has-da güýjedi.

2005-nji ýylyň ýanwarynda “Sudanyň halk — azat ediş hereketi” we ýurduň döwleti hemme zady öz içine alýan, dowam edip gelýän urşuň soňuna çykmaklyga, ýurduň bütin territoriýasynda demokratiýany ösdürmeklige we nebti satmakdan gelýän girdejini adalatly paýlamaklyga gönükdirilen parahatçylyk ylalaşygyna gol çekdi. Ylalaşyk, şeýle hem, Günorta Sudanyň Demirgazyk Sudandan aýra bolup çykmasynyň alty ýyllyk grafigini işläp düzdi. 2011-nji ýylyň gelmegi bilen Sudanyň iki welaýaty iki sany garaşsyz döwlet — Sudan we Günorta Sudan boldy-da, geografiki taýdan öz aralarynda Nuba daglary bilen bölündi. Tutuş Sudan diýen ýaly, musulman döwlet bolup durýar, ýöne Günorta Sudan bilen Nuba dagynyň ilatynyň aglaba bölegi mesihiler.

Bu gün dünýäde bäş millona golaý nubalylar ýaşaýar, olaryň bir ýarym millona golaýy Nuba dagynda ýaşaýar. Galanlary, esasan hem, Sudanyň beýleki böleklerine kowuldy. Nubalylaryň ýarymyndan azragynyň özlerini mesihiler hasaplaýandyklary sebäpli, olara prezident Başir we onuň totalitar režimi üçin çynlakaý howp hökmünde garaýarlar. Başiriň maksady Sudany doly yslam we arap ýurdy etmekden ybaratdy, şonuň üçin Hartumdaky

yslam döwleti, yslam dolandyryşyna howp salýan halk hökmünde, nuba halkyny gyrmaga umyt baglap, parahat halkyň üstüne hüjüm edip başlaýar we Nuba dagynyň töweregindäki ýüz elli kilometrlik uzynlykdaky territoriýasyna ynsanperwerlik kömegini bermegi gadagan etdi. Hatda bu töwereklere barmagam kanuna garşy zat boldy.

Başir Nuba dagynyň ýaşaýjylarynda howp görýärdi, sebäbi ol mesihileri howply hasap edýärdi. Başiriň döwleti özüniň bütin durky bilen nubalylar eýýäm döwlete dönüklik edýärler diýip pikir edýärdi, şonuň üçin Nubanyň ýaşaýjylaryna garşy edilýän wagşyçylyklaryň üstüni açjak bolýan her bir adam içalylyk bilen meşgullanýan hasaplanylýardy.

* * *

Bu sapar üçin wiza almaklyk meniň pikir edişimden has aňsat boldy. Anketa bermek üçin bar gerek bolan zat — bu sudan myhmanhanasynda ýer bellemekdi, şonuň üçin men Hartumdaky “Jennet” myhmanhanasynda ýer eýeledim-de, zerur bolan ýagdaýynda meniň saparymy ýerli polisiýada myhmanhananyň hasaba goýmagy hakda gürleşdim.

Otagy öňünden bellänimden soň, özüme wiza bermekden boýun towlamaklarynyň mümkindigini bilsem-de, syýahatçylyk wizasyny almak üçin Sudanyň ilçihanasy ýerleşýän Wena şäherine gitdim. Mende başga alaç ýokdy: wiza almaga arza berenimde, şeýle gysga wagtda ýygnak ýolbaşçylaryndan kimdir biri bilen duşuşyp biljekdigimi asla bilmeýärdim. Gynansak-da, dini wizany almak üçin arza bermäge maňa çakylyk ibermegini haýsydyr bir konfessiýadan haýyş etmäge ýeterlik wagtym ýokdy. Wagtymyň şeýle çäkli bolmagyndan başga-da, Sudanyň yslam döwletiniň maňa mesihilik işine rugsat berýän wizany berjegi diýseň gümana ýaly bolup göründi. Her gezek ýurda ilki baranymda, iş boýunça bolýan duşuşyklardan başga-da, men onuň has meşhur ýerleriniň

käbirlerine baryp görmäge çalyşýaryn. Şonuň üçin mende özüme syýahatçylyk wizasyny bermekleri baradaky haýyşymyň maksadalaýyklygy babatda hiç hili şübhe ýokdy — belli bir manyda syýahatçy hem bolmak isledim. Meniň ýaly gullukçylar mesihiler yzarlanylýan ýurda baranlarynda, olarda hiç hili kepil bolmaýar. Käwagt meýilleşdirilen duşuşyklaryň hemmesi hiç hili kynçylyksyz geçýär, käwagt hem, howpsuzlyk maksatlary bilen ýa-da öňünden görünmedik ýagdaýlara görä, hatda ýekeje mesihi bilen hem duşuşmaga mümkinçilik bolman bilýär.

Men sudan ilçihanasynda myhmanhanada ýer eýelän hatymy we awiapetegimi görkezdim, zerur dokumentleri doldurdym we iki sagatdan soň, syýahatçylyk wizasyny aldym.

Sapary meýilleşdirenimden soň, men oktýabrdaky konferensiýada tanşan ruhy çopanlarymyň we mesihi gullukçylarymyň gizlin zynjyry bilen habarlaşyp başladym. Käbirleri jogap bermediler. Beýlekileri-de özleriniň şäherde bolmajakdyklaryny aýtdylar. Elektron poçtasynyň goralan kanallaryny ulanyp, şeýle hem, biziň ýazyşan hatlarymyz nädip hem bolsa bir ýol bilen döwlet ýolbaşçylarynyň eline düşen ýagdaýynda, hiç hili şübhe döretmejek sözleri ulanyp, Hartuma etjek saparymyň takyk meýilnamasyny işläp düzüp başladym. Bu işde maňa birnäçe ruhy çopan, aýratynam, Nuba dagyndan bolan ruhy çopan Hasan kömek etdi.

Hartuma baranymdan soň men ýaňy-ýakynda weýran edilen ýygnak binalarynyň harabalaryna baryp görüp bildim. Düýbüne çenli ýakylan ýa-da buldozer bilen tekizlenen ýygnak binasyny görmeklik mydama kyn bolýar. Şonuň ýaly ýagdaýlarda şol ýygnagyň adamlaryny gaty gaýgy edenimde, meni gussa gurşap alýar we ýüregim öz ýygnagym üçin minnetdarlykdan dolýar.

Ýöne munuň ýaly zatlar meni indi şok ýagdaýyna salmaýar. Köp ýyllaryň dowamynda men dünýäniň köp ýurtlaryndaky mesihilik ýygnaklarynyň harabalyga öwrülen ýerlerindäki yzarlamalara seretme taslamasyna ýolbaşçylyk etdim. Hartumdaky zaýalanan ýygnak binalarynyň köpüsi Nuba dagyndan bolan imanlylardan

doludy. Olar öz döwleti tarapyndan edilýän gazaply yzarlamalaryň obýekti bolupdylar. Sudan häkimiýetiniň sözlerine görä, şol ýygnak binalarynyň ýykylmagynyň sebäbi olaryň bölünme baradaky kanuny bozýandyklarynda, emma aslynda bu diňe mesihileri yzarlamak üçin bahanady. Şol binalaryň hemmesi bu ýerde eýýäm onlarça ýyllardan bäri durdy.

Nuba halky sudan režiminiň resmi duşmany boldy, şonuň üçin oňa syýasy, medeni we ruhy taýdan azar berýärdiler. Meniň pikirimçe, şol gazaply yzarlamalaryň hakyky sebäbi mesihileriň Mesihiň Beýik Tabşyrygyny ýerine ýetirip, ähli halklara, şol sanda, yslamyň gol astynda bolanlara-da ony öwredýändigindedir. Olaryň agyr "jenaýaty" hut şunda hem jemlenendi.

Bu batyr mesihileriň imany ugrunda jepa çekýändiklerini görmegim meniň öz imanymy-da, olara kömege gelme kararymy-da berkidýär. Döwlet tarapyndan olara ýowuz daralmagy meni gaty gynandyrýar we nebsimi agyrdýar, şol sebäpden hem, özümi olara kömek bermäniň usulyny tapar ýaly derejede köp ýyllyk tejribe bilen we "Ejir çekenleriň sesiniň" zynjyrly baglanyşygy bilen üpjün edilen hasap edýärin.

Ýöne mesihileriň özleriniň alan şikesleriniň ýanynda weýran edilen ýygnak binalaryny görmeklik hiç zat bolup galdy. Men saparymyň soňky gününde, ahyrsoňy maňa ruhy çopan Hasanyň Addis-Abebede gürrüňini eden we lukmançylyk kömegine mätäç bolan oglan bilen duşuşmak başartdy. Men duşuşygyň onuň howpsuzlygyny howp astyna salşy ýaly, özümiň hem howpsuzlygymy howp astyna salyp biljekdigini bilýändigim sebäpli, men ony "Ozona" çagyryp, tôwekgelçilik edip bilmedim. Munuň deregine biz onuň ýaşaýan ýerinden uzak bolmadyk bir hususy öýde giç agşam duşuşdyk.

Meniň terjimeçim yslamdan mesihilige täze gelen Monim atly adam boldy. Yzarlamalaryň nämedigini onuň özi-de gaty gowy bilýärdi: ol Mesihe iman edeninden soň, ony tussag edýärler-de, elektrik togy bilen gynaýarlar. Ol magistr derejesini almaly bolan wagtynda howpsuzlyk gullugy tarapyndan bilgeşleýin saklanylýar,

bu bolsa, oňa diplom almaga mümkinçilik bermeýär. Men onuň batyrlygyna guwandym we dil bilimi üçin minnetdar boldum.

Monim ikimiz döwlet tarapyndan hüjüm edilen wagtynda güýçli ýanan Aly Umar Musa atly ýaş oglan bilen duşuşdyk. Men ondan nähili lukmançylyk kömeginiň eýýäm edilendigi, ýanygyň yzyny bejermek üçin oňa ýene nähili kömegi bermegi meýilleşdirýändikleri hakda soradym. Monimiň kömegi bilen men onuň ýaralaryny surata düşürmek üçin köýnegini çykarmagy haýyş etdim. Bu suratlar "Ejir çekenleriň sesi" bilen hyzmatdaşlyk edýän lukmanlara Ala kömek etmegiň iň gowy mümkinçiliklerini tapmaga kömek eder.

Men Alydan öz imany hakda soradym, ýöne ol soraga düşünmedik ýa-da jogap bermek islemedik ýaly bolup göründi. Monim men tarapa egildi-de, Alynyň biziň bilen bir otagda oturan dostlarynyň we kursdaşlarynyň onuň täze eden imany hakda hiç zat bilmeýändiklerini ýuwaşjadan düşündirdi. Onuň Isanyň yzyna eýermek üçin yslamy terk edendigini açyk aýtmak islemeýändigi geň zat däldi!

Aly bilen duşuşygyň geçen ýerindäki öýden çykanymyzda, Monim ikimiz ýene bir gezek duşuşmak hakda gürleşdik. Şonda men onuň Isa Mesihiň Hudaýyň Ogludygyna nädip iman edendigi baradaky şaýatlygyny eşidip hem-de Monimden interwýu alyp, onuň imana gelşiniň doly taryhyny diňläp biljekdim.

Sudandaky mesihileriň yzarlanyşy hakdaky pikirlenmeler meni özümiň ýaşlyk döwrümdäki Çehoslowakiýadaky mesihileriň kommunistler tarapyndan yzarlanmalardan ejir çekişleri hakdaky ýatlamalara alyp bardy.

Şu duşuşyklardan soň Alynyň ýaralarynyň suratlaryny öz noutbugumdaky şifrlenen bölüme geçirdim (men bolsa, bu gizlin söhbetdeşlik Sudandaky soňky söhbetdeşligim bolar diýip meýilleşdiripdim). Indi bolsa, şol noutbuk stoluň üstünde durdy we onuň içini sudan aeroportunyň iki işgäri dörjeläp otyrdy.




# 4

Iki garawul meni sorag edilýän otagdan alyp çykdylar-da, aeroportdan çykyp, daşarda garaşyp duran ak Land Cruiser-iň ýanyna alyp bardylar. Ol Hartumyň tozanly köçelerini doldurup ýören bu markanyň wekilleriniň biridi. Men Sudanyň içalylyk we howpsuzlyk milli gullugy (SIHMG) müdirligine barýan bäş minutlyk ýoluň dowamynda, yzky oturgyçda oturdym. Meni generalyň giň otagynyň ýanynda ýerleşýän garaşylýan otaga alyp bardylar. Men ol ýerde goňur diwanyň üstünde oturdym. Jaýyň içinde kondisionerem, ýyladyş ulgamy-da ýokdy, ýöne hatda daňdan sagat 04:30-da hem jaýyň içi jinsi hem futbolka geýen men üçin entegem ýakymlydy.

...Men birnäçe sagatlap garaşdym. Ak-47 bilen ýaraglanan garawul oturgyçda oturyp, garaşylýan otagyň gapysyny gorap otyrdy. Onuň äňi döşüne düşdi, şonda men, onuň islendik pursatda oýanjagyny bilýän bolsam-da, özüme gaçmagyň başartjakmydygy hakda pikir etdim.

Üç sagada golaý wagt geçenden soň, SIHMG-iň iki sany işgäri gelip, meni ol otagdan alyp gitdiler. Men olara: “Men ilçihana bilen habarlaşmak isleýärin. Men maşgalam bilen habarlaşmak isleýärin” — diýdim. Olar meniň haýyşyma ünsem bermediler-de, sorag edilýän otaga alyp gitdiler.

— Siz “Ejir çekenleriň sesinde” işleýärsiňiz, dogrumy? — diýip, aňtaýjy sorady.

Men öz edýän işimi howp astyna salmak islemeýärdim, şonuň üçin olara kimdir birine zyýan ýetirip biläýjek maglumaty bermän

jogap bermäniň usulyny tapdym. Indi köp ýurtlardaky mesihiler meniň soraglara pähimli jogap berip bilme ukybyma baglydylar. Dokument boýunça men "Ejir çekenleriň sesiniň" işgäri däldim — men ol gurama bilen garaşsyz şahsyýet hökmünde hyzmatdaşlyk edýärdim, şonuň üçin ynam bilen garşy çykmak meniň üçin kyn däldi:

— Ýok.

Ol soragy gaýtalady.

— Men — ejir çekýänlere kömek edýänlere ýardam berýän maslahatçy — diýip, men özümiň keselhananyň administrasiýasyndaky işimi bellemek bilen aýtdym. Aňtaýjy papkadan kagyz çykardy-da, atlaryň sanawyny okap başlady, ol her bir atdan soň, pauza etdi.

Elbetde, atlar ruhy çopanlaryň atlarydy, men olar bilen geçen ýylyň oktýabr aýynda Efiopiýada tanşypdym. Konferensiýa wagtynda girelgede gezelenç edip ýörkäm gören şübheli sudanly erkek kişilerim meniň hakydama geldi. Hatda şol wagtda-da men olaryň birhili şübheli bolup görünýändikleri hakda pikir edipdim. Ahyrsoňy men düşündim. Şol adamlar döwletiň içalylary bolup, olaryň wezipesi konferensiýa gatnaşan mesihiler hakdaky maglumaty ýygnamakda jemlenen maglumatçylardy.

Dogrymy aýtsam, Addisde duşuşan adamlarymyň hemmesiniň atlaram ýadymda däldi, ýöne ýadymda bolanlarynyň atlaryny hem aýtmakdan boýun towladym.

Birnäçe minutdan soň aňtaýjy papkany patyladyp ýapdy.

— Eger hyzmatdaşlyk etmeseňiz, onda sizi bu ýerde köpräk saklamaly bolýandygymyzy bilýänsiňiz — diýip, ol haýbat atdy.

Ol meni yzyma garaşylýan otaga alyp bardy, şeýdip, men ol ýerde diwanyň üstünde birnäçe sagatlap garaşmaly boldum.

SIHMG-iň ofiseri meni yzyma sorag etmek üçin iş otagyna alyp baranda, stoluň üstünde meniň noutbugym açyk durdy, onuň ýanynda daşky gaty diskler we kamera durdy. Sudana ugramazymyň öň ýanynda men köne noutbugymdaky suratlary täzesine geçiripdim. Men daşky gaty diskden suratlaryň hemmesini aýranyma ýüz

göterim ynanýardym, şonuň üçin sorag edilen wagtymda, kompýuterde şifrlenen zatlaryň howpsuzlygy hakda biynjalyk hem bolmadym. Men enjamlaryň arassalygyna ynanýardym.

Ýöne bir pursatdan soň eşiden zatlarymdan ýaňa endamym tikenekläp gitdi.

Aňtaýjy meniň kompýuterimiň düwmesini basanda, dunamikalarda men tanyş sesi eşitdim: “*Häzir biz Nuba dagynda...*” Ses meniň gullukdaky işdeşimiňkidi. “*Näme üçin meniň gaty diskimde 2011-nji ýyldaky wideo barka?*”

...2012-nji ýyldaky gaty güýçli inkär edilýän Nuba dagyndaky ikinji jahan urşunyň başlarynda, men beýleki mesihi liderleri bilen bile harby hereketleri dokumentleşdirmek we bir ýyl şondan öň, Sudany Günorta Sudandan aýyrýan daglyk ýerlerde missionerçilik işlerini, ýagny Sudanda kanuna garşy hasaplanylýan işleri alyp barýan, yzarlanylýan mesihlere kömek etmek üçin Nuba gidipdim.

Biziň Nuba dagyna kömek alyp gelen gatnawlarymyzyň biri, ol ýere gonmaga rugsat edilen soňky gatnaw boldy. Tizara howa giňişligi ýapyldy, uçuş-gonuş guşaklygy bolsa bombalandy. 2011-nji ýyldan başlap, Sudan döwleti kömegiň şu görnüşini çäklendirdi we onuň nähili gazaply derňelendigi maňa mälimdi. On bäş ýylyň dowamynda prezident Başiriň buýrugy bilen Nuba dagy yzygiderli bombalanyldy, ýöne diňe ýaňy-ýakynda Birleşen Milletler Guramasy şol bombalamalar hakda habar berýän adamlara gulak asyp başlady. Habar berenleriň biri-de, meniň şu wagtky wideoda sesi gelip duran dostumdy. “*Ýöne bu wideo nädip meniň kompýuterime düşdükä?*”

Soň prokurar stoluň üstüne uçaryň içinde oturan iki sany erkek adamyň suratyny goýdy. Men derrew suraty tanadym we gowuja seredenimde, onuň aşagynda: “Harby hereketler zonasyna ugraýarys” — diýip ýazylgydy.

Birden hemme zat gaty erbet ýagdaýda düşnükli boldy. Milli içalylyk gullugyna daşky gaty disklerindäki aýrylan wideolary we suratlary dikeltmek başardypdyr, men olary wideolary we suratlary köne kompýuterimden täze kompýuterimiň şifrlenen gaty disk

bölegine geçirmek üçin ulanypdym. Olar, şeýle hem, Alynyň teniniň aýrylan şekilini-de, ýagny meniň saparymyň soňky agşamynda, tutulmazymyň öň ýanynda alan suratymy-da, dikeldip bilipdirler.

— Bu adamyň ady näme? — diýip, aňtaýjy suratdaky talyp mesihiniň suratyny görkezip sorady. Men olaryň aýrylan suratlary nädip açyp bilendikleri barada özüme sorag berip, olaryň soragyna jogap bermekden boýun towladym. Soň meni doňduryp barýan bir duýgy gurşap aldy-da, derrew boýnuma we oňurgama ýaýrady, içimem gaty erbet jugurdady. “*Men suratlary aýranyma ynanýaryn, ýöne SD kameranyň karta ýadyny, faýllaryň dikeldilmegini mümkin etmejek ýörite programmanyň kömegi bilen arassalamandyryn*”. Ol adam kagyz çykardy-da, atlaryň sanawyny okap başlady. Men olaryň özümiň “Skaýpdaky” hasabat ýazgynyň kontaktlaryndan alnanyna derrew düşündim. Içalylyk ediji gulluk oňa mümkinçilik alyp, meniň “Ejir çekenleriň sesiniň” işgärleri we beýleki mesihilik guramalary bilen gatnaşyklarymy yzarlamak üçin kontaktlarymy ulanypdyr.

Indi men özümiň meselämiň diýseň uludygyna akyl ýetirdim. Sudan döwletiniň meniň garşyma degerli delilleri doly derejede alyp biljekdigi maňa bellidi, sebäbi onuň gazaply kanunynda mesihilik gullugy bilen meşgullanýanlar diňe bir içaly hasap edilmän, eýsem, döwletiň duşmany hem hasap edilýär.




# 5

Birnäçe sagat geçenden soň meni sorag edilýän otaga alyp bardylar. Şonda men stoluň üstünde ýaýrap ýatan suratlary gördüm. Olarda meniň “Jennet” myhmanhanasyna girip barýanymyň, ondan çykýanymyň, girelgesinden geçýänimiň we “Ozonda” naharlanýanymyň, weýran edilen ýygnak binasyny baryp görenimiň suratymyň onlarça suratlary bardy. Görüp otursam, soňky dört günüň içinde Sudan döwleti meni synlapdyr, yzyma düşüpdir we Hartumdaky işlerimiň hemmesini dokumentleşdiripdir. Aňtaýjy gijeki kameranyň kömegi bilen alnan ýaşylymtyl reňkli suratlaryň birgidenini görkezdi. “*Gündiz, hatda gije-de, meni yzarlapdyrlar*”. Men howsala düşdüm we orän tolgundym, şeýle-de bolsa, tutanýerlilik bilen asuda görnüşi saklamaga çalyşdym.

Ahyrsoňy aňtaýjy SD-karty çykardy-da, dabaraly ýagdaýda ony stoluň üstüne taşlady. Kartyň ýady parol bilen goralandy we meniň maliýe hasabatlarymyň nusgalaryny özünde saklaýardy. Men ony, maliýe maglumatlarymy öz wagtynda täzelemäge mümkinçiligim bolar ýaly, syýahat edenimde gapjykda göterip ýördüm. Ýöne içalylyk gullugynyň aňtaýjysy üçin bu kart meniň içaly gurama degişlidigimiň ýene bir subutnamasy bolupdy.

“Haýyş edýärin, maňa ilçihana bilen jaňlaşmaga rugsat ediň — diýip, men ýene haýyş etdim. — Maňa maşgalam bilen jaňlaşmaga rugsat ediň”.

Aňtaýjy maňa jogap bermän, yzyma garaşylýan otaga alyp gitdi, birnäçe sagatdan soň hem, nobatdaky gyssagly soragy geçirmek üçin ýene alyp gitdi. Günüň ahyryna çenli, soň hem giç agşama

çenli, şeýle dowam etdi. Men Wandanyň nähili gaýgy etjegini bilenim üçin gaýgylanyp dymyp oturdym we öz ýagdaýymyň näderejede erbetdigine haýran galdym. Birmeňzeşligi bozmak we aýaklarymy ýazmagym üçin aňtaýjy basgançakly meýdançadan ýöremäge maňa rugsat etdi. Ýary gije töwerekleridi, ýöne Sudanyň milli içalylyk gullugynyň binasynda entegem işjeňlik gaýnap joşýardy, şonuň üçin menem işgärleriň ýokary galyşlaryny we aşak düşüşlerini synlap oturdym.

Men garaşyp otyrkam, mesihi bolandyklary üçin kommunistik Çehoslowakiýada ýyllar boýy yzarlanylan ene-atam hakda pikir etdim. Men 60-njy ýyllarda kommunizm döwründe mesihi maşgalada doguldym. Ol wagtlar meniň ýurdum Sowet Soýuzynyň täsirindäki Gündogar blok diýen ulgamyň bir bölegi bolup durýardy. Men dogulmazymdan onlarça ýyllar ozal, kommunistleriň eýelän Ýewropasynyň hemme ýerindäki mesihiler wagşylyk bilen gynalypdyrlar, türmä salnypdyrlar, köplenç hem öldürilipdirler. Bu döwletiň bizi güýçli yzarlan we döwletiň tassyklan hem-de gözegçilik astynda saklaýan ybadathanasynyň çäklerinden başga ýerde imanymyzy wagyz etmegi gadagan eden wagtlarydy.

Meniň kakam ruhy çopan bolany sebäpli, maşgalamyz ýygy-ýygydan göçýärdi. Men dördünji synpda okaýarkam, biz nobatdaky gezek ýaşaýan ýerimizi üýtgetdik-de, başga şähere göçüp gitdik. Maňa, maşgaladaky iň kiçi çaga, okuw ýylynyň gyzgalaňly wagtynda täze ýere göçmeklik mydama kyn düşýärdi, sebäbi her gezek synpdaşlarym menden: “Seniň kakaň näme bilen meşgullanýar?” — diýip soraýardylar.

Bu örän adaty soragdy, ýöne men hakykaty aýtmakdan gorkýardym. Men, eger synpdaşlarym kakamyň ruhy çopandygyny bilseler, onda üstümden gülerler diýip gorkýardym, şonuň üçin men kakam bal arysyny saklaýar diýip aýdýardym. Meniň jogabym doly ýalan däldi, sebäbi kakamda ary öýjükleri bilen gyzyklanma endigi bardy. Kalbymyň jümmüşinde men ýalan sözleýänimi

bilýärdim, şonuň üçin aklym mydama Petrusyň, Mesihiň şägirdi Simun Petrusyň, Mesihi tanamaýandygyny aýdyp, Ony inkär edendigi hakyndaky Mykaddes Kitap wakasyna gaýdyp barýardy (Luka 22:54–62).

Çagalykda meni özümiň Mesihi inkär edendigim baradaky pikir kellämde aýlanyp ýörýärdi. Men utanýardym. On bäş ýaşyma ýetip, mesihi bolanymdan we Mesihiň yzyna eýerip başlanymdan soň, hiç haçan Halasgärimden ýüz öwürmejegim baradaky karary akyl ýetirme bilen kabul etdim.

Men mekdepde okan wagtlarymda howpsuzlyk gullugynyň işgärleri kakamyň ýygnagyna ýygy-ýygydan barýardylar. Olar onuň gullugyny, özüni synlaýardylar, soň hem, mesihilik işleri hakynda döwlete habar berýärdiler. Ýygnakdaky gullugynyň üstesine-de, ene-atam tutuş ýurtdaky ýaşlar üçin şägirtçilik okuwynyň gizlin programmasyny gizlinlikde alyp barýardylar. Bir gün men mekdepden gaýdyp gelenimde, ejem bilen kakam ikisiniň hem tussag edilendigini bildim. Ýöne olary goýbermezlerinden öňürti, howpsuzlyk gullugynyň birgiden soraglarynyň içinden geçmeli boldular.

Sorag etmeler wagtynda özüňi nähili alyp barmalydygyny maňa kakam öwredipdi. Ol soraglara yzygiderli hem ünsli jogap bermegiň wajyplygyny öwretdi, sebäbi aňtaýjylar köplenç, jogaplardaky tapawudy tapmak üçin, şol bir soraglary berýärdiler. Ol, şeýle hem, aňtaýja eýýäm *mälim* bolan maglumat bilen onuň *bilmek isleýän* maglumatyny gowuja tapawutlandyrmagy öwretdi.

Men ertirki günde näme boljagyny bilmeýärdim we özümi öňümde duran zada erbet taýýarlanan hasaplaýardym, ýöne Hudaýyň Zebur kitabynda: “Hudaý pespälleri goraýandyr: men tapdan düşdüm, şonda Ol maňa kömek etdi” diýip, Dawuda beren wadasyna daýanyp köşeşdim.

Bu mezmur hakda pikirlenip otyrkam, men basgançakdan düşüp gelýän adamy gördüm. Onuň saçlary akdy we uzyn çal

sakaly bardy, ol sudanlara seredende, araba köpräk meňzeýärdi. Men ozal ony görüpdim. Ol iki aý mundan ozal Addis-Abebedäki "Çerçill" myhmanhanasynyň girelgesinde otyrdy. Meniň kelläme özüme getiriji pikir geldi: "*Sudanyň howpsuzlyk gullugyna men baradaky hemme zat, entek bu ýurda gelmänkäm belli eken*".



# 6

Ýigrimi iki sagat mundan ozal biziň öýümizden demirgazyk-günbatar tarapdaky dört müň kilometr aralykdaky Pragada aýalym Wanda menden barjak habara sabyrsyzlyk bilen garaşypdyr, ýöne bu wagt meni Hartum aeroportynda sorag edýärdiler.

Ertir bilen sagat 07:30 bolanda, Wanda alada galyp başlaýar. Meniň uçarym onuň wagty boýunça gije sagat 2-de Sudandan uçmazdan öňürti ol menden ýazylan habary almalydy. Giç bolanda men ýa-ha SMS goýberip, ýa-da ertir bilen 07:30-da, meniň uçan uçarym Naýrobiden Amsterdama uçanda, skaýpda habarlaşmalydym. "*Belki, Pýotr uçara münen däldir*" — diýip, ol özüne sorag berýär. Meniň Praga 17:30-da gelmelidigimi Wanda bilýärdi, ýöne agşam düşende-de menden hiç hili habar bolmaýar. Ol awiakompaniýanyň gatnawlarynyň uçuş tertibini barlapdyr-da, Amsterdamdan şol gije iki gatnawyň bolandygyny, onda-da soňky gatnawyň 22:30-da bolandygyny bilýär.

Wanda galp katolik bolup ulalypdy. Ol kommunistler ýerini elinden aljak bolanda, olara garşylyk görkezeni üçin türmä salnan fermeriň agtygydy. Ol ýaşlyk döwrüniň bütin dowamynda Hudaý bilen gyzyklanmandy. Wanda ýigrimi ýaşynda keselhanada — meniň işlän bölümimde işläp başlady.

Bir gezek men nobatçylykda bolan wagtymda okamak üçin, nobatçylaryň otagynda Mukaddes Kitaby bilgeşleýin goýup gaýtdym. Men birnäçe hepdäniň dowamynda ony ýene kimdir biriniň okaýandygyny aňdym. Bölüm müdiri menden Mukaddes

Kitaby aýyrmagy talap edende, Wanda meniň ýanyma gelip, özüne Mukaddes Ýazgyny bermegimi haýyş etdi.

1989-njy ýylyň noýabrynda, Çehoslowakiýadaky Mahmal rewolýusiýa wagtynda kommunizmiň diwarlary ýykylyp başlanda, Wandanyň ýüreginiň daşyndaky diwarlar hem ýykylyp başlady. Wagtyň geçmegi bilen Wanda mesihi boldy. On bäş ýaşymda Gündogar Germaniýadaky lagerde durmuşymy Mesihe berenimde, kommunizm wagtynda hiç haçan hem öýlenmejekdigime we çagalarymy ulaltmajakdygyma özüme wada beripdim. Şeýle-de bolsa, hemme zat üýtgedi we bu batyr, owadan gyza hem onuň gülläp ösýän mesihilik imanyna göwnüm gitdi.

Wagtyň geçmegi bilen Wanda ikimiziň aramyzda berk baglanyşyk ýola goýuldy-da, ikimiz sagatlap Hoş Habar hakda we özümiziň Isa Mesihe umumy wepalylygymyz hakda gürrüň edýärdik. Tiz wagtda biziň dostlugymyz söýgi gatnaşyklaryna ösüp geçdi. Şeýdip, 1990-njy ýylyň 6-njy aprelinde biri-birimize nika wadasyny berdik. Biziň ýurdumyzda düzgün bolşy ýaly, toýdan soň Wanda "Ýaşkowa" Wanda boldy. Bu familiýa onuň Ýaşege "degişlidigini" aňladýardy.

Wanda maňa ynandy, bizem bilelikde, öňümizde özümize nämäniň garaşýandygyna garamazdan, geljegimizi Mesihe ynandyk.

* * *

Şol gün irden Wawa içki keseller boýunça özüniň soňky synagyny tabşyrypdyr we agşamyny dostlary bilen baýramçylyk edip geçiripdir. 22:30-a golaý ol ejesinden: "Kakaň ýitdi" diýen howsalaly habary alýar. Wawa öýe howlugyp gelýär.

Ol jigisi bilen Wandany köşeşdirmäge synanyşýar. "Belki, onda jaň etmäge mümkinçiligi bolan däldir. Belki-de, bir uçardan düşüp beýlekisine münmäge wagty juda az bolandyr" — diýip çak edipdirler.

Iňlis dilinde gowy gürleýän Wawa telefon arkaly jaň etmeklik tabşyrylypdyr, ýöne men ýitäýen ýagdaýymda eýermesi zerur bolan

belli bir görkezmeler onda bolmandyr. Men her gezek syýahat edenimde, myhmanhana we uçaryň gatnawy hakdaky maglumaty Wanda galdyrýardym. Meniň aýalym ilkinji jaňyny biziň ruhy çopanymyza edipdir. Biziň ýygnagymyz derrew Hudaýa doga etme zynjyryna başlapdyr. Şonda men üçin edilýän dogalar üznüksiz Hudaýa ýetip durar ýaly, ýygnagymyzyň köp agzalary meniň üçin doga etmeklige goşulypdyr. Soň Wawa öz kakasynyň gaýdyp gelmändigini "Ejir çekenleriň sesiniň" işgärlerine duýdurýar, soň hem, çeh polisiýasyna jaň edýär. "Meniň kakam Sudandan gaýdyp gelmelidi, emma ol aeroporta gelmedi, oňa näme bolanyny biz bilmeýäris" — diýip, ol aýdypdyr.

Wawa bilen ejesi polisiýanyň ýerli bölümine arza beripdir. Ofiser maşgalamyzyň maliýe ýagdaýy, meniň kontakt maglumatym, maşgalamyzyň taryhy hakda jikme-jik sorapdyr we garyndaşlarymyzyň sanawyny, şeýle hem meni tapmaga kömek edip biläýjek islendik gatnaşyklar hakda sorapdyr. Ahyrsoňy polisiýa meniň adymy Interpoluň düzen habarsyz ýiten adamlarynyň sanawyna goşupdyr.

Maşgalamyň agzalary uzakly gije mundan soň näme etmelidigi hakdaky maglumaty internetden gözläp geçiripdir. Ertesi gün Wawa Sudanyň Wenadaky ilçihanasyna jaň edipdir, ýöne bu ýekeje ädim ätmäge-de kömek etmändir. Ol trubkany goýup, Çehiýanyň Kairdäki ilçihanasyna jaň edipdir. Bu ilçihana hem, Çehiýanyň Sudandaky hukuklaryny goraýardy. Ýöne anna güni bolany sebäpli, Müsürdäki döwlet edaralarynda hepdelik dynç güni bolany sebäpli, jaňa hiç kim jogap bermändir, şonuň üçin ol sesli habar galdyrypdyr we Pragadaky daşary işler Ministrligine jaň edipdir.

"Biziň kakamyz ýitdi, maňa kömek gerek" — diýip, ol aýdypdyr.

Wawany haýran galdyryp, anna güni gündiz onuň jaňyna Çehiýanyň Kairdäki ilçisi jogap beripdir. Ol meniň saparyma degişli jikme-jiklikleri sorap başlapdyr.

— Ol Sudanda näme edýärdi? — diýip, ilçi sorapdyr. Wawa meniň syýahatçydygymy aýdyp jogap beripdir. — Ony tussag

etmäge alyp baryp biläýjek nähilidir bir size mälim bolan dawaly ýagdaýlar barmy?

— Biz — mesihi maşgala — diýip, Wawa aýdypdyr-da, biziň Pragadaky gatnaýan ýygnagymyzyň adyny aýdypdyr. Ilçi men hakda nähili hem bolsa bir habar tapmaga söz berip, trubkany goýupdyr.

Ýöne tizara Wawa meniň syýahatçydygymy tutaryk etmekden el çekipdir, sebäbi Sudan adatça owadan ýerlerini görmek üçin barylýan ýurt däldi. Mundan başga-da, meniň dynç almaga aýalymy hem çagalarymy alman ýeke gitmegim birhili geň zat boljakdy.

Günüň dowamynda sansyz-sajaksyz telefon jaňlarynyň arakesmesinde Wawa bilen onuň jigisi Pýotr ejeleri bilen bile Hudaýa doga edipdirler. Meniň "Ejir çekenleriň sesindäki" orunbasarym biziň öýümize gelip, Wawa bilen bile jaň etmäge başlapdyr.

Olar Hartumdaky "Jennet" myhmanhanasyna jaň edipdirler-de, şattlda meniň aeroporta gidenimi bilipdirler. Soň olar şattlyň sürüjisine jaň edipdiler, ýöne onuň diňe arap dilinde gürleýändigi sebäpli, onda hiç hili maglumat alyp bilmändirler. "Keniýa howaýollarynyň" başlygy meniň gatnawa hasaba alnanymy, emma uçara münmänimi habar beripdir.

Meniň soňky baran ýerimiň Hartumdaky aeroport bolandygy belli bolany üçin maşgalam meni ogurlan däl bolsalar gerek diýen netijä gelýärler. Indi Wanda howsalaly hakykatdan gorkup başlaýar: men Sudan döwletiniň tussaglygy astynda otyryn.




# 7

Ýarygijeden soň derrew meni (generalyň iş otagynyň ýanyndaky garaşma otagyndaky) diwanyň üstündäki çalaja irkilmeden oýaryp, ýene sorag edilýän otaga alyp bardylar. Men güýjümde baryny edip, öz aňymy hem bedenimi hüşgärlik režimine mümkin boldugyça basym getirmäge çalyşdym. Otaga eli papkaly ofiser girdi. Ol üç garawuly çagyryp, olara papkanyň içindäki zatlary görkezdi-de, dokumentlere gol çekdi, ol papkany ýapyp, ony garawullaryň birine berende, men näme bolýanyna derrew düşündim.

“*Meni türmä goýberýärler*”. Şahsy işlerden we Hartumda duşuşan adamlarymyň suratlaryndan doly papka meni indiki uçara çenli sorag etmejekdiklerine şaýatlyk edýärdi. Olar meni ýöne bir birnäçe sagatlap saklardan juda köp iş etdiler. Indi men tussag edilipdim. Meniň türmede bolmaly wagtym gysga wagt bolmasa gerek. Maňa çemodan bilen geýimlerimi gaýtaryp berdiler, ýöne iki pasportymy, şahsyýet şahadatnamamy, sürüjilik şahadatnamamy, noutbugyň sumkasyny we onuň içindäkileri özleri alyp galdylar.

Dişine çenli ýaraglanan iki sany garawul meni kiçijik ak Kianyň yzky oturgyjyna itip saldylar. Olaryň biri sürüjiniň ýanynda, ikinjisi hem, meniň ýanymda awtomatyny taýýar tutup oturdylar.

Maşyn ýigrimi minut ýöränden soň, kiçiräjik gelşiksiz dört gatly jaýyň — Sudanyň içalylyk milli gullugynyň syýasy tussaglar üçin türmesiniň ýanynda saklandy. Meni içeri alyp bardylar we işimi türmäniň başlygyna berdiler. Şeýdip, türmä girmäniň haýal prosesi başlandy.

— Siz mekdebiň başlangyç synpynda haçan okadyňyz? — diýip, ofiser sorady.

Bu täsin soragdy, ýöne ol meni haýran galdyrmady. Sudan howpsuzlygynyň ofiseriniň men hakda, maşgalam we gatnaşýan adamlarym hakda mümkin boldugyça köp maglumat ýygnajak bolmaga synanyşýandygyny men bilýärdim. Men munuň ýaly sorag edilmeler bilen tanyşdym — ol maňa kommunizm döwründe Çehoslowakiýada adatça tussag edilenlere berilýän soraglary ýatlatdy. Men nerwimi köşeşdirmek üçin uludan dem aldym.

Men ofisere onuň özüme garşy ulanyp biläýjek haýsydyr bir maglumatyny bermekçi däldim, şonuň üçin dymdym. Meniň jogap bermekden boýun towlaýanyma düşünende, ol sesini çykarman maňa seretdi. Şol pursatda men eýýäm kyrk sekiz sagatlap ýatmandym, şol sebäpden hem halys tapdan düşüpdim. Men ofiseriň jogaba garaşmakçy bolýanyny aňdym, şonuň üçin birnäçe tötänleýin seneleri aýtdym, ol hem olary ýazyp aldy.

— Siziň ejeňiziň ady näme? — diýip, ol dowam etdirdi.

— Ejem on sekiz ýyl mundan ozal öldi — diýip, men jogap berdim, şeýle-de bolsa, ol barybir öz diýeninde durdy-da, onuň gyz wagtyndaky familiýasyny sorady. Men bu maglumatyň abraýdan düşürme mümkinçiligi uly däl diýen karara geldim-de, oňa jogap berdim.

Ofiser öz öňünde stoluň üstüne ýaýradylyp goýlan dokumentlere indiki näme sorag bermelidigini gözläp tapdy. “Siziň üç garyndaşyňyzyň ene-atalary kimler?” Bu soraglar eslije wagtlap dowam etdi, men prosesi çaltlaşdyrmak üçin, olara köplenç perwaýsyzlyk bilen nätakyk jogaplary berdim. Meniň sagadym alnypdy, şonuň üçin sagadyň näçedigini anyk bilmeýärdim. Gije sagat bir bolsa gerek.

Ofiser sorag etmesini gutardy-da, meni suratça geçirdi. Ol öňden we gapdaldan ullakan suratlara düşürende, mende özümiň bu ýerde bolmam bir gijeden köpräk wagta çeker diýen duýgy döredi.

Men çemodanymy tabşyrmazymdan öňürti türme garawuly maňa ondan eşiklerimiň birnäçesini — bir jalbarymy, iki köýnegimi, içki geýimleriň birnäçesini we bir jübüt jorap almaga rugsat etdi. Men, şeýle hem, diş şýotkamy, pastamy we sabynymy aldym. Kemerim bilen tomusky kurtkamy almagy maňa gadagan etdiler. Adatça, men Afrika syýahat edenimde, ýanym bilen goşmaça polotense alýardym, ýöne bu gezek "Jennet" myhmanhanasyndan ýer bellänim üçin ony bu saparymda almagyň zerurlygyny görmedim — şeýle karara gelenime men indi örän ökündim.

Meni we ýene bir täze gelen tussagy liftiň ýanyna alyp bardylar-da, üçünji gata çykardylar. Ümsüm koridor ýagtylandyrylmandyr diýen ýalydy, men gözlerimi ýokary galdyranymda, çyralaryň köpüsiniň işlemeýändiklerini gördüm. Koridordan geçip barşyma, käbir kameralaryň gapylaryndaky kiçijik äpişgelerden ýagtynyň göniburçlyk bolup düşýänini gördüm. Koridordaky garaňky ýagty kameralaryň her birinde näme bolýanyny görmäge mümkinçilik berýärdi, emma tussaglar koridordaky garawuly görmeýärdi.

Meni alyp gelýänler bir kameranyň deňinde saklandylar. Olaryň biri gapyny açyp, meniň ýanymda duran tussagy hyryn-dykyn otaga saldy. Men onuň yzyna düşdüm, ýöne garaşmalydygy barada görkezme aldym.

Koridor bilen azajyk aňyrrak ýöränden soň biz saklandyk. Garawul gapyny açdy-da, yşarat bilen maňa içeri girmegi buýruk berdi. Kamerany polda ýatan bäş sany erkek kişiniň üstüne düşüp duran fluoressent çyranyň ýiti ýagtysy ýagtyldyp durdy. Altynjysy ýeke-täk demir krowadyň üstünde süýnüp ýatyrdy. Men içeri girenimde, tussaglar gozgandylar. Bu kameralar bir tussaga niýetlenendi, olaryň çyzgysyny çyzan adamlar şeýle kiçijik ýeri ýedi tussag paýlaşar diýip pikir hem eden däldirler.

Meni alyp gelenler gitjek bolup yzlaryna öwrülenlerinde, gözlerim agyr metal gapyny örtüp duran hapa goňras reňke düşdi. Soň men şobada awtomatik usulda ýapylýan gulpyň şakyrdysyny

eşitdim. Men bu sesi derrew tanadym. Men bu kamerany tanadym. Men ozal bu ýerde bolupdym.

Ýöne bu gezek ol düýş däldi...




# 8

Men özümiň täze gurşawyma göz aýlanymda, ini iki metrden köp bolmadyk, uzynlygy takmynan dört metr bolan jaýda ýedi adam bolup nädip ýaşamakçy bolýandygymyz hakda pikir etdim. Meniň täze düşelgämiň diwarlary hapady, töwerekde mör-möjekler — garynjalar, siňekler, çybynlar uçuşyp ýördüler. Men hajathana bilen duş zonasyny aýra edýän ýapylmaýan agaç gapyny gördüm we sadaja wanna otagynyň ýanynda gitdigiçe güýjeýän heňiň ysyny duýdum. Duş işlemeýärdi, günbatar stilindäki unitaz bolsa, poslap gidipdi. Diwardan şlang çykyp durdy, ondan suw berilýärdi, tiz wagtdan men suwuň gün içinde bir ýa iki gezek berilýändigini, käwagt hem hepdeläp bolmaýandygyny bildim. Men çüýşe toplap, her gezek suw gelende olary dolduryp goýmagy öwrendim.

Otagdaky ýeke-täk metal krowat, edil stol bilen stul ýaly, ýer eýeläp durdy. Otagy adamlaryň endamyndan gelýän çydar ýaly bolmadyk porsy yslar dolduryp durdy. Täze ýagdaýyň hakykylygyna akyl ýetirenimde, aşgazanym daşyna çöwrülip çykan ýaly boldy. “*Men bu zatlara näçe wagtlap çydam etmeli bolarkam?*”

Polda ýatan adamlaryň düşekleri hem ýorganlary bardy. Olar hajathananyň öňünde maňa ýer bermek üçin birazajyk süýşdüler. Maňa düşek bermediler, şonuň üçin hapa plita pol ýukajyk futbolkadan geçip, arkamy doňdurdy. Men beýleki köýneklerimi ýorgan edinjek boldum. Olaryň biri bilen ýokarymy ýapdym, beýlekisini aýagyma doladym. Ýöne olar dekabryň deşiklerden syzyp geçýän ýeline garşy göreşmekde az kömek etdi. Men özümiň haçan syrkawlamagymyň mümkindigi hakda özüme sorag berdim.

Otagy ýiti ýagty ýagtyldyp durdy. Men aýalym hem çagalarym hakda pikir etdim. "*Olar juda gaýgy edýän bolsalar gerek*". Duýýan howsalaly duýgym meni edil daş ýaly bolup bogdy.

Adamdan doly hapa kameranyň sowuk polunyň üstünde men ýumak ýaly bolup ýumlugyp, iň bolmanda birnäçe sagat ýatmaga synanyşdym.

* * *

Takmynan 04:30-da irdenki namaza çagyrýan gaty *azan* sesi meni oýardy. Ol türmede daňdanyň ilkinji şöhleleri bilen ýaňlanyp, kameradan kamera ýaýraýardy-da, her bir musulmany namaz okamak üçin oýarýardy. Men ýokary ünslülik ýagdaýyndadym.

Töweregimdäki adamlar ýerlerinden turup, irki täredini edip başladylar. Olaryň hemmesiniň uzyn sakallary bardy, murtunyň ýerine bolsa, gysgajyk tüýjagaz bardy. Men munuň ýaly adamlary beýleki musulman döwletleriniň ekstremistleriniň arasynda görüpdim. Olaryň köpüsiniň uzyn, adatça araplaryň erkekleriniň geýýän geýimleri ýaly geýimdediklerini gördüm. Olaryň wannadaky beýikden akýan suwa ýetip bilmekleri üçin men gyra süýşdüm. Uzyn burunly plastik gap arassa däldi, ýöne şol täret alma däbini ýerine ýetirmezden musulman kameradaşlarymyň irki namazy okap bilmeýändiklerini bilýärdim.

— Biz namaz okanymyzda, sen oýanyp, şu ýerde durmalysyň — diýip, kameradaşlarymyň biri maňa iňlisçe aýtdy-da, otagyň aňyrky burçuny görkezdi. — Sen biziň gözümiziň öňünde durmaly däl.

Men ol adamlaryň her biriniň ýarty edilip suw guýlan gabyň üstüne egilişlerini synlap durdum. Olaryň hemmesem pola eglip, bir zada urýardylar, ýöne nämä urýandyklaryny men görmedim. Olar bu hereketlerini on gezekden-de köp gaýtaladylar, otagyň içini olaryň labyzly okaýan dogalary doldurdy.

Ol adamlar namaz okap bolanlaryndan soň, otagdaky giňişligiň juda çäkli bolandygy sebäpli, özleriniň düşekleriniň üstüne geçdiler. Iňlisçe gürleýänleri maňa sorag berip başladylar.

— Sen haýsy ýurtdan we bu ýere näme üçin düşdüň?

— Çehiýadan — diýip, men jogap berdim. — Men dört günlük sapardan soň gitjek bolup durkam, Sudanyň howpsuzlyk gullugy tarapyndan saklanyldym, olar meniň noutbugymy, kameramy we telefonymy aldylar.

— Sen näme bilen meşgullanýarsyň?

Meniň ak ýewropaly bolanymyň görnüp durandygy sebäpli, olaryň meni mesihidir öýdýändiklerini bilýärdim, ýöne aslynda Sudanda näme edenim, bu ýurda sudanly ruhy çopanlar bilen duşuşmak üçin gelendigim hakda gürrüň bermezlik kararyna geldim. Munuň deregine men olara özümiň saglygy saklaýyş ulgamynda işleýän hususy maslahat beriş kompaniýam hakda gürrüň berdim we Sudana syýahatçy hökmünde gelenimi düşündirdim.

— Bu ýerde gazet ýok — diýip, tussaglaryň biri aýtdy.

Meniň kelläme gelen ilkinji zat bir aýdan az wagt mundan ozal 13-nji noýabrda Parižde terakt bolandygyny täzeliklerde eşidenim geldi. "Şäheriň birnäçe ýerlerindäki birwagtda bolan teraktlar zerarly 129 adam öldi" — diýip, men habar berdim. Men ölüm-terroristiniň özüni ýarmagy üçin jogapkärçiligi IGIL-iň öz üstüne alandygyny aýtdym.

Ol ýerdäkiler birden doňup galdylar, soň hem çirkin sesleri bilen "Allahu akbar!" diýen gykylyklar ýaňlandy. Men haýran galdym we uludan dem almamy saklap bilmedim. Meniň gözlerim ulaldy. Olar ýerlerinden turdular-da, biri-birlerini şatlykly gujaklap başladylar. Olar begenşip ellerini galdyrdylar-da, biri-biriniň arkasyna kakyşyp we ýylgyryşyp, hyryn-dykyn kameramyzda tans etdiler. Men haýaljakdan golaýdaky diwara tarap süýşdüm, ellerim birden derden ýaňa şepbeşik boldy. Deriň damjalary ýokarky dodagymdan we maňlaýymdan syrykdy. Men titremejek bolup, özüme zor saldym.

Birnäçe minudyň dowamynda kameradaşlarym Fransiýadaky terroristik operasiýanyň üstünlikli geçenini baýramçylyk etdiler. Men telewizorda munuň ýaly musulman dabaralaryny görýärdim, ýöne beýle zady şahsy tejribäňde görmek, şok ýagdaýyna salýan zatdy.

Şol gorkunç pursatda men yslam ekstremistleri bilen bir kamera salnandygyma düşündim. Indiki günlerde men has köpräk zat bildim — kameradaşlarym IGIL-iň agzalarydylar.




# 9

Meniň kamerdaşlarymyň biri farmaseftligi okapdyr. Ol iňlisçäni gaty gowy gürleýärdi, şonuň üçin ol maňa, özüniň lukmançylyk bilimini Halifata teklip etmek islän ýeri bolan Siriýa geçmäge synanyşanda, Türkiýede tutulandygyny düşündirdi. Kameradaşlarymdan onuň şeýle pikirde bolan ýeke-täk adam däldigini men diýseň basym bildim. “Yslam döwletini” aňlatmak üçin olar DAIŞ abbrewiaturasyny ulanýardylar.

Sudan döwletiniň yslam döwlet bolup durýandygyna garamazdan, ol hem öz territoriýasynda IGIL-iň (şeýle hem, sünnitleriň) täsiriniň ösmegini islemeýärdi. Başiriň döwleti, eger bu toparyň päsgelçiliksiz ösmegine we berkemegine ýol berse, onda wagtyň geçmegi bilen, Sudan halkyna hökümdarlyk etme göreşinde onuň özüne bäsdeş bolaryndan howatyr edýärdi.Şeýle hem, döwlet günbatar döwletleriniň käbirleri bilen diplomatik gatnaşyklary gowulaşdyrmagyň üstünde işleýärdi, şonuň üçin bu tagallalaryň esasy bölegi olaryň Sudanda “terrorizme garşy uruşda” özleriniň “soýuzdaşyny” görmeklerini islemekden ybaratdy.

Gün içinde men kameranyň burçunda durup, özümiň musulman-kameradaşlarymyň — IGIL-iň ähli agzalaryny ýa-da oňa juda berlenleriň başlaryny egip, namaz okaýyşlaryny synlamaly bolýardym. Kameranyň polunyň ortasynda olar ýarym çüýşe suwy goýýardylar, bu bolsa, olar özleriniň dogalaryny dogry “gönükdirer” ýaly, Mekgä tarap ugry görkezýärdi.

Her gün irden ekstremistler turýardylar-da, galprak musulmanlaryň üstlerinden ýorgany çekip alýardylar-da, “*Salah!*

*Salah!*” diýen gulagyňy gapdyryjy sesler bilen olary oýarýardylar. Namaz okalan wagtynda olar duruşlaryny düzetmek we aýaklaryny haýsy tarapa gönükdirmelidiklerini we nädip dogry egilmelidiklerini görkezmek üçin, beýlekileriň yzlarynda durýardylar. Olaryň Gurhany nädip dogry düşündirmelidigi hakda nesihat berişlerini synlanymda, özümiň yslama wepaly kameradaşlarymyň radukallaşdyrma we öz işleri üçin adam çekme bilen meşgullanýandyklary maňa diýseň düşnükli boldy. Men olaryň janlaryna nebsimiň agyrmasy bilen, hatda biziň kiçijik kameramyzda-da, ýigrenmegi öwredýänleri üçin biynjalyk bolma duýgusynyň arasynda yraň atdym. Kamerada üç ýa-da dört sany Gurhan bardy, onuň üçin menem özüme Mukaddes Kitabyň berilmegini gaýta-gaýta haýyş etdim.

Adatça garawullar diňe meniň üstümden gülýärdiler.

Yslam adamlaryň ýa-da haýwanlaryň ýüzleri şekillendirilen sungat eserlerini gadagan edýärdi, şonuň üçin meniň kameradaşlarym öňki tussaglaryň biziň kameramyzyň diwarlarynda galdyran suratlarynyň üstlerine gülgüne diş pastasyny çalýardylar. Bize hiç haçanam doýar ýaly ýeterlik iýmit bermeýärdiler.

Biz bir jamdaky iýmiti elimiz bilen alyp, onuň hemmesini iýýärdik. Sudanlylaryň hajathana kagyzyny ulanmaýandyklary, öz kameradaşlarymyň hajathana girip çykandan soň — köplenç hem, suwy gün içinde bir ýa-da iki gezek berýändikleri sebäpli — ellerini sabyn bilen seýrek ýuwýandyklary sebäpli, men işdämi doly ýitiripdim. Men olaryň göwünlerine degmezlige çalyşýardym-da, iýmitden näme-de bolsa bir zat alýardym, ýöne gün geçdigiçe özümiň horlanýanymy we gowşaýanymy duýýardym. Bir zat ýokuşmasynyň öňüni almak üçin men iki litr suwa gyzyl karbolaly sabyn bilen ýuwunýardym, ony türmede berýärdiler, elimide mümkin boldugyça ýygy-ýygydan ýuwýardym. Bu sabynyň ysy maňa 1960-njy ýyllarda biziň keselhanalarymyzda ulanylan zyýansyzlandyryjy serişdäni ýatladýardy.

Farmasewt IGIL-e wepaly ýekeje kameradaşym däldi. Olaryň birnäçesi radikal jehadlaryň hatarynda söweşmek üçin Siriýa

gidipdiler. Beýlekileri bolsa gitjek bolupdylar, ýöne häzirlikçe olara gitmek başartmandy. Olary bu ýerde, radikalizm we başga-da köp jenaýatlary edendikleri — resmi däl ýagdaýda pul çalşandyklary, gara bazarda bikanun ýarag, altyn we benzin satandyklary üçin Sudanyň içalylyk Milli gullugy türmä salypdy.

Güneşli günlerde men özümi umytlanan we ýagtynyň diwarlaryň birindäki potologyň aşagynda duran könelip giden äpişgeden syzyp geçýän şöhlesinden teselli tapan ýaly bolýardym. Men kameradan howlyny görüp bilmeýändigime garamazdan, äpişgeden daşarynyň ajaýyp görnüşi görünýärdi. Güneşli günlerde men ertirlerine Güni on bäş minuda golaý görüp bilýärdim, bu hem meniň ruhumy göterýärdi. Ýöne Gün duran ýerini üýtgedeninde, kamerany ýene kölege gurşap alýardy. Men mydama üşeýärdim.

Bir gün men gapydaky kiçijik äpişgeden seredenimde, deňimden geçip barýan garawuly gördüm.

— Maňa ýorgan berýärsiňizmi? — diýip, onuň ünsüni çekmek üçin gapyny kakyp soradym.

Ol säginde-de, ýaňsyly ýylgyrdy.

— Sen Çehiýadan ahyry. Sen sowuk howa öwrenişen. Seniň üçin hiç hili ýorgan ýok — diýip, ol aýtdy.

Meniň ýeke-täk umydym, tussaglaryň biri boşadylsa, şonuň porsy hapa ýorganyny miras almakda jemlenendi.

Bir hepde geçenden soň, biziň kameramyzdaky ýeke-täk demir krowatda ýatýan adam ýanyma geldi. Onuň maşgalasy ýaňyja ikinji, täzeje — ýumşajyk sary hem mämişi gülli flanel ýorgany getirip beripdi, şonuň üçin ol ony maňa berme kararyna gelipdir.

— Bu — saňa — diýip, ol gözlerine ýaş aýlap aýtdy. Men onuň beýle sowgadyna gaty tolgundym we emosiýalarymyň öz gözlerimde şöhlelenenini duýdum. Türmä düşelim bäri maňa, ahyrsoňy, birinji gezek ýylylyk berildi. Gowy islegiň bu yşaraty meni haýran galdyrdy. Hatda şonuň ýaly aýylganç ýagdaýda hem, Hudaý maňa Öz aladasyny we kömegini ýatlatdy.

— Mende saňa ýagşylygyňy gaýtarar ýaly hiç zat ýok — diýip, men oňa aýtdym. — Men seniň üçin näme edip bilerin? — Onuň soňky aýdan zatlary meni gürpbasdy etdi.

— Meniň üçin Hudaýa doga et — diýip, ol haýyş etdi.

— Men seniň Hudaýa tarap barýan dogry ýoly tapmagyň üçin doga edip bilerinmi?

— Hawa, — diýip, ol aýtdy.— Haýyş edýärin, meniň Hudaýa barýan dogry ýoly tapmagym üçin doga et.

Dört günden soň meniň kameradaşym boşadyldy, şondan soň men ony hiç haçan görmedim.

* * *

2012-nji ýylda Salah Abdalla Goş, Sudanyň Milli içalylyk gullugynyň müdiri, indi meniň öýüm bolan dört gatly türmäniň gurluşygyna ýolbaşçylyk etdi. Ýokarky iki gatda kyrka golaý kamera bardy, olaryň aşagyndaky gat — ofislerdi, birinji gat bolsa, sorag etmeler we gynamalar üçin niýetlenendi. Kwadrat görnüşdäki bina häzirkizaman görnüşdedi, ýöne men ol ýere baran wagtymda ol eýýäm eýmenç ýagdaýdady. 2012-nji ýylyň noýabrynda binanyň gurluşygy gutardy. Soň Goşy agdarlyşyk etme we prezident Omar al-Başiri agdarma maksatly dildüwşügi etmede aýypladylar. Ol alty aýyň dowamynda öz guran türmesiniň binasynda tussaglykda boldy.

Içalylyk gullugynyň bu türmesi britan modelinde gurlandy, şonuň üçin demir krowatlar, stollar we hajathanalar ýaly metal elementleriň, şeýle hem türmäniň gurluşygynda ulanylan käbir materiallaryň, dogrudanam Britaniýadan getirilendigini maňa aýtdylar. Ýöne ol pes derejede gurlandy. Izolasiýa çyglykdan goramak üçin peýdaly däldi, şol sebäpden hem, käwagt diwarlardan suw akýardy. Türmede kondisioner gurnalandy, ýöne tomus wagtlarynda onuň mydama temperaturany saklamaga ukyply däldigini hem aýtdylar. Suw diňe musulmanlaryň täret etmegine ýetýärdi, ýöne ýuwunmak üçin hiç haçan ýeterlik bolmaýar diýen ýalydy.

Britaniýalylaryň bu kameralary ýekelikde oturylýan edip gurandyklaryna garamazdan, sudanly türme işgärleri olary köpräk mukdardaky — adatça ýedi tussag üçin ulanýardylar. Ýöne Darfurdan we Nuba dagyndan tussaglar — Başiriň režiminiň çak edilýän duşmanlary gelende, olary bir kamerada on bäş adam edip ýerleşdirýärdiler. Beýleki tussaglar soňky wagtda tussaglaryň uly akymynyň gelýändigini maňa aýdanlaryndan soň, men biziň kameramyzda "bary-ýogy" ýedi adamdygy üçin minnetdar boldum.

Her gezek syýahata gidenimde, ýanym bilen kelle agyrysyna garşy serişdäniň bir çüýşejigini — aspiriniň, asetaminofeniň we kofeiniň garyndysyny alýardym. Türme işgärleriniň ony meniň çemodanymdan tapandyklary görnüp durdy, şonuň üçin olar men şol dermanyň yzygiderli dozasyny almalydyryn diýip pikir edipdirler. Garawullaryň men her gün öz dozamy almalydygymyň aladasyny etmekleri maňa diýseň gülkünç bolup göründi — her neneň bolanda-da, ol dermany yzygiderli içmeklik, peýda getirmeýärdi-de, gaýtam, zyýan getirýärdi. Şeýle-de bolsa, bedenimiň guramasy sebäpli ertirki kelle agyrylardan ejir çekýändigim sebäpli, her gün maňa kelle agyra garşy gerdejigi getirenlerinde, ony tabynlyk bilen ýuwudýardym. Men olaryň öz çemodanymdan tapan "Imodium" we "Malaron" atly dermanlaryny (gyzzyrma garşy serişdelerini) gizledim, sebäbi olaryň geljekde, dogrudanam, maňa gerek bolmagy mümkindi.

Sudanyň kanuny Milli içalylyk gullugyna raýatlary sud derňewini etmän we höküm çykarman dürli möhletde saklamaga hukuk berýärdi. Mysal üçin, walýuta çalyşýanlary we altyn kontrabandasyny dört aýlap saklap bilýärdiler. Mysal üçin, meniň kameradaşlarym ýaly IGIL-i goldaýanlary bir ýyla çenli-de saklap bilýärdiler.

Men her gün olaryň taryhyny diňleýärdim we olara Isanyň söýgüsi hakda gürrüň bermäniň mümkinçiligini gözleýärdim. Bir gezek birnäçe adam ABŞ-dan bolan ruhy çopanlar hakda, musulmanlaryň olary yslama geçirip bilendikleri hakda gürrüň

açdylar. Ýewropanyň we Ýakyn Gündogaryň käbir ýurtlarynda mesihilik bilen yslamyň birgeňsi sinkretik gibridi ýaýrady, käwagt ony "*mesihyslam*" diýip hem atlandyrýarlar.

— Ine bu — hakyky din — diýip, meniň kameradaşym, IGIL-iň agzasy aýtdy.

Elbetde, käbir mesihiler Isa Mesihe iman edip, täzeden doglanlar däl-de, köplenç galp mesihiler, yslamyň ýörelgelerine eýerme kararyna gelýärler. Ýöne has köp musulmanyň — bütin dünýä boýunça ýüz müňlerçesiniň — Muhammedi goýup, Isa Mesihiň yzyna eýerýändikleri maňa mälimdi. Men jedelleşmek islemedim, ýöne, iň bolmanda, meniň kameradaşlarymy oýlanmaga mejbur etjek tohumy bir ekmäni umyt edýärdim.

— Men beýleki adamlary, Nigeriýadan bolan batyrgaý mesihileri tanaýaryn — diýip, men Monika atly ýaş zenany ýada salyp aýtdym.

2009-njy ýylyň iýulynda Monika bilen adamsy Demirgazyk Nigeriýadaky Maýduguri şäherinde motisiklli gidip barýardylar. Penşenbe günüdi, şonuň üçin olar ýygnak binasyna Mukaddes Kitaby öwrenmäge gidipdiler. Ýöne olar gidip barýarkalar, harby geýimdäki we maskaly yslam esgerleri ýoly dolduryp, olaryň ýolunda durýarlar. Ol adamlar uzyn ýiti gylyç hem awtomat bilen ýaraglanandylar. Monika bilen adamsy bu adamlaryň Demirgazyk Nigeriýada wagşylaşýan "Boko Haram" terroristik jehad toparynyň agzalarydyklaryny bildiler.

— Siziň diniňiz nähili din? — diýip, esgerleriň biri elinde gylyç tutup, haýbatly ädimläp gelşine soraýar.

— Biz — mesihiler — diýip, Monika bilen adamsy batyrlyk bilen jogap berýärler.

— Siz musulman bolmak bilen janyňyzy halas edip bilersiňiz — diýip, yslam esgeri teklip edýär. — *Şahaduny* gaýtalaň — diýip, ol musulman ynam nyşanyny göz öňünde tutup nygtap aýdýar. Emma iki mesihi çürt-kesik boýun towlaýarlar.

— Biz — mesihiler, mesihiligimize-de galarys — diýip, olar jogap berýärler.

“Boko Haramyň” esgeri gylyjyny ýokary galdyryp, üç gezek çalt hereket edip, Monikanyň adamsynyň kellesini kesýär. Adamsynyň ölendigine we oňa indi hiç hili kömek edip bilmejekdigine düşünen Monika gaçyp başlaýar. Esgerler onuň yzyndan kowalaýarlar-da, arkasyny gylyç bilen kesýärler. Tiz wagtdan ol egninde agyr eliň duranyny duýýar. Ony tutýarlar.

Guduzlan ýaly bolan esger aýaly tutup alýar-da, gylyç bilen onuň bokurdagyny çalýar. Monika ýere ýykylýar. Onuň boýnundan gan çogup çykýar, birnäçe minutdan soň ol huşundan gidýär. Esgerler aýal eýýäm ölendir öýdüp, onuň jesedini akar suw akýan aryga taşlaýarlar. Ol ýerde Monika iki ýarym sagatlap ýatýar. Monika ýapda huşsuz ýatyrka, özüni gurşap alan ak geýimli gögüň perişdelerini görýär.

Ahyrsoňy, oba polisiýasynyň işgärleri “Boko Haramyň” ýaňky hüjüminiň pidalaryny tanamak we jesetleri jaýlamak üçin gelýärler. Olar Monikanyň jesediniň ýanyna gelýärler-de, ony ýapdan çykarýarlar. Olar onuň gymyldanyny görenlerinde, diýseň haýran galýarlar. Monika yşarat dilini ulanyp, suw soraýar. Poliseýleriň biri oňa owurtlar ýaly suw berýär, ýöne suw onuň bokurdagyndaky kesilen ýerden akyp başlaýar.

Polisiýa Monikany ýerli keselhana alyp barýar, ol ýerde oňa birnäçe operasiýa edýärler. Lukmanlar traheomatiýa edip, onuň bokurdagyna dem alyp biler ýaly, enjam goýýarlar. Monika deşigi barmagy bilen ýapyp, hatda pyşyrdap gürläp hem bildi.

Monika bilen birinji gezek tanşan wagtym gaty gowy ýadymda. Men “Ejir çekenleriň sesinden” onuň bilen duşuşyp, biziň oňa nähili iň netijeli medisina kömegini edip biljekdigimizi anyklamak hakda ýumuş aldym. Men Monikanyň adamsynyň öldürilişi baradaky we onuň özüne zalymlyk bilen hüjüm edileni hakdaky wakalara gaty erbet bolupdym hem-de olaryň ikisiniň hem, batyrlyk bilen Mesihe iman edýändiklerini aýdyşlaryna haýran galdym. Meniň ABŞ-daky “Maýo” klinikasyndaky kärdeşim Monikanyň syrkawlyk taryhyny öwrendi, men bolsa, onuň bilen interwýunyň soraglaryny

taýýarladym we ýaralaryny kamera düşürip dokumentleşdirdim. Men ýüregimde agyr ýük duýdum, şonuň üçin interwýuny başlamaga ýerlikli soragy tapmaga güýjümde baryny edip çalyşdym.

Ahyrsoňy men oňa ýönekeý soragy bermäge het edip bildim: "Monika, seniň Reb bilen gatnaşyklaryň nähili? Şol eýmenç wakalardan soň, seniň Onuň bilen gatnaşyklaryň nähili üýtgedi?" — diýip, men sorag berdim.

Men onuň beren jogabyny hiç haçan ýadymdan çykarmaryn. Monika jogap bermezinden öňürti uludan demini aldy-da, bokurdagyna goýlan enjamy başam barmagy bilen zeper ýeten ses perdelerinden howa geçer ýaly edip ýapdy. Ahyrsoňy ol modelleşdirilen enjam arkaly gyryk ses bilen pyşyrdap: "Men ünsümi bakyýetde jemleýärin" — diýdi. Ol barmagyny aýyrdy-da, ýene bir gezek uludan dem alyp: "Men ünsümi Isada jemleýärin" — diýdi.

Monika demigip we sesini gyryp, üstlerine hüjüm edilmezinden özüni hem adamsyny ýeterlik derejede "gowy" mesihiler hasap edendigini maňa gürrüň berdi. Ýöne onuň aýtmagyna görä, täze geýim almaga we gowy maşyn ýa-da jaý satyn almak üçin, işe juda köp üns beripdir. Indi adamsy öleninden we özi-de gudrat bilen ölmän galandan soň, ol bütin durmuşyny Isa gulluk etmeklige bagyş etmek isleýärdi. Şeýdip, soňky operasiýasyndan köp wagt geçmänkä, Monika "Ejir çekenleriň sesi" bilen bilelikde, "Boko Haramyň" esgerleriniň elinden ärleri ölen dul aýallara kömek etmek boýunça howply hem batyrgaý gullugy alyp baryp başlady. Onuň janyna howp abanany sebäpli, "Ejir çekenleriň sesi" ony eýýäm iki gezek başga ýerlere geçirmeli boldy.

Men kameradaşlarymyň Monikanyň taryhyny eşitmeklerini isledim, sebäbi bu — Isa Mesihe bolan güýçli imandy. Hut şonuň üçin men olara onuň taryhyny gürrüň berip başladym. Monikanyň adamsynyň kellesini alyşlaryny suratlandyryp başlanymda, meniň kameramdaky IGIL-iň esgerleri sözümi böldüler. Bilimli ýaş oglan bolan, kiçijik gyzy ýetişip gelýän farmasewt gaty

ýigrenji, eýmenç, begençli gülki bilen güldi, men ol gülkini hiç haçan gaýtalap bilmeýärin we gaýtalamak islämogam. Şondan soň men öz kameradaşlaryma mesihileriň yzarlanyşlary hakynda gürrüň bermezligi niýet edindim. Meniň şeýle aýylganç ýagdaýda adamsyny ýitiren we gaty güýçli şikes alan aýala azajyk hem bolsa duýgudaşlyk berlerine garaşan ýagdaýymda, bu ýaş ýigitler, sowatly adamlar güldüler-de: “Allah Akbar!” — diýip gygyrdylar.

* * *

Giç agşam men öz kameradaşlarymyň Liwiýadaky, Yrakdaky we Siriýadaky partizan-majahedler üçin doga edýändiklerini eşitdim. Olar arap dilinde gürleýärdiler, ýöne men olaryň dogalaryna düşüner ýaly ýagdaýda sözlere we jümlelere düşünýärdim. Olar Alladan üstünlik we ýardam dileýärdiler, ýöne olaryň dogalary adatça ýatlap edýän dogalaryna meňzeş däldi. Bu olaryň şahsy, öz sözleri bilen edýän dogalarydy.

Başga bir gezek meni farmasewtiň gaty asgyrmasy oýardy. Ol burnunyň dykylandygy sebäpli ýatyp bilmändi, şol sebäpden hem, wagtyny doga edip geçirme kararyna gelipdi. Men onuň dyza çöküp, ellerini göge göterip duranyny, gözlerindenem ýaşyň akýanyny gördüm. Ol azatlyga çykyp, öz maşgalasy bilen birikmegi sorap, sessiz doga edýärdi. Indiki gijelerde IGIL-iň beýleki agzalary-da oýandylar-da, öz sözleri bilen Alladan ýürekden diläp, şonuň ýaly doga etdiler.

Men kameradaşlarymdaky bu ýumşaklyk alamatlaryna haýran galdym, şonuň üçin ýüregim olaryň Hudaýy tanamaklaryna teşnedi. Müsür ýaly beýleki ýurtlarda men Hudaýa iman eden musulman-ekstremistlere-de duş gelipdim. IGIL-iň bu agzalaryndaky gowşaklygy hem adamçylygy görmegim maňa umyt berdi, şonuň üçin men Isa Mesihden olara Reb, Halasgär we Hudaý hökmünde aýan etmegini doga etmekde ünsümi jemledim.

Gynaýjy günler biri-biriniň yzyndan geçdi. Men Rebbiň öz kameradaşlarymyň ýüreklerini üýtgetjekmidigi ýa-da sudan türmesiniň bu kamerasynda olaryň ellerinden ejir çekjekmidigim hakdaky soraglary özüme bermegi dowam etdirdim.




# 10

Tussag edilenime bir ýarym hepde geçenden soň hem, maňa Çehiýanyň Kaitdäki ilçihanasyna ýa-da öýüme Çehiýa, maşgalama jaň etmäge rugsat bermediler. Meniň bar edip biljek zadym — bu garaşmakdy we Hudaýa doga etmekdi. Garaşmaklyk Milli içalylyk gullugyndan maglumat almagyň iň esasy strategiýasydy. Siz näçe köp garaşmaly bolsaňyz, şonça-da olaryň soraglaryna jogap berjegiňize mümkinçilik bar diýip, olar pikir edýärdiler. Men ýaly täze tussag üçin garaşmaklyk eziji gynamady. On gün tükenmejek bakylyk ýaly bolup göründi. Wanda baradaky pikirler aňymyň her bir öýjügini doldurdy. Men onuň özümi gaýgy edýändigini bilýärdim. "*Ol, umuman, meniň nirededigimi bilýärmikä?*" Men pikirlerimi Hudaýa gönükdirmek, doga etmek we öýe barşymy göz öňüne getirip, pikirlerime hötde gelmäge çalyşdym.

Meniň indiki sorag edilmäm 20-nji dekabra bellenilipdi. Meni kameradan türmäniň birinji gatyna alyp bardylar. Ol ýerde maňa adam garaşyp otyrdy, men ony derrew tanadym — bu meni aeroportda saklanlaryndan soň gelen Sudanyň içalylyk Milli gullugynyň ýokary wezipeli işgäridi. Ol iňlis dilinde gürleýärdi, şoňa görä-de, men babatda gutarnykly karara gelmek üçin getirilipdi. Men onuň özümden ruhy çopan Hasan, onuň dogany Monim we meniň interwýu alan, mesihilige täze gelen ýaş musulman oglan hakda soraryna garaşdym. Ýöne içalylyk gullugy meni yzarlanda düşürilen suratlaryň we kameramyň SD kartyndaky wideolaryň bardygy sebäpli subutnamalary alany üçin sorag bermegiň zerurlygyny görmedik bolsa gerek.

Meni sorag etmegiň deregine aňtaýjy maňa bir kagyz uzatdy. Men iňlis dilinde ýazylan gysgajyk teksti görenimde haýran galdym. Men tekste derrewjik gözümi aýlanymda, öz gözlerime ynanyp bilmedim — men ahyrsoňy maşgalama jaň edip bilýärin! Men özümi Hartum aeroportunda saklanlary bäri, maşgalam bilen jaňlaşmaga rugsat bermeklerini ýalbaryp soradym. Aýalym bilen çagalarym meniň nirededigimi asla bilmeýärdiler. Ahyrsoňy men olara ýagdaýymyň gowudygyny habar berip bilýärin! Şatlyk hem ýeňillik duýgusy ýüregimi dolduranynda, ýüregim gaty güýçli urdy, elimdäki kagyzam titredi.

Aňtaýjy maňa telefonyny uzatdy, soň men özümiň bilýän ýeketäk belgimi, aýalymyň telefon belgisini aýladym. Mende özüme berlen ýazgyny okamaga diňe otuz sekunt wagtym bardy. Ondan başga zat aýtmaga rugsat edilmeýärdi.

— Diňe iňlisçe, diňe iňlisçe — diýip, ofiser gaýtalady.

Belgi aýlandy, men jaňyň giden sesini eşitdim.

— Bu meniň aýalymyň belgisi — diýip, men oňa aýtdym. — ol iňlisçe gürleşip bilmeýär. Ol trubkany gyzyma berip biler.

Jaň kabul edileninde, men Wandanyň sesini eşitdim.

— Bu men, ýöne maňa diňe iňlis dilinde gürlemek gerek — diýip, men çeh dilinde basym aýtdym.

— Pýotr, bu senmi? — diýip, ol ýüzlendi-de, trubkany derrew Wawa berdi. Men kagyzdaky teksti okadym.

— Meniň ýagdaýym gowy — diýip, men aýtdym. Sesimiň titreýänini bilip, ony köşeşdirmäge dyrjaşdym. — Birazajyk düşnüşmezlik boldy, soň meni tutdular, ýöne men tizara täzeden jaň etjek bolaryn.

—Biz Kairdäki ilçihana bilen habarlaşdyk, hemmeler seniň üçin Hudaýa doga edýärler — diýip, gyzym aýtdy.

— Meniň ýagdaýlarym gowy, basym ýene jaň etjek bolaryn — diýip, men gaýtaladym.

Otuz ikinji sekundyň ahyrynda men kagyzdan okamagymy bes etdim.

— Men seni söýýärin — diýip, men aýtdym.

Men Wawanyň aglaýanyny eşitdim, şol sebäpden ýüregim gysylyp gitdi. Maňa yşarat etdiler, şoňa görä-de, jaňymy höwessiz tamamladym. Maşgalamy çuň küýsemegimi gandyrmak üçin jaň ýeterlik däldi, ýöne, iň bolmanda, olar indi meniň diridigimi bilýärler. Meni yzyma kamera alyp gidenlerinde, gursagymyň nähili gysylýanyny, gözlerimiň bolsa, ýaşdan dolýanyny duýdum.

* * *

Ertesi gün, 21-nji dekabrda, meniň kamerama garawul geldi-de, meniň yzymdan bir adamyň gelendigini aýtdy. Garaşylmadyk bu täzelik meni şok ýagdaýyna saldy. Gelen adama meniň bilen türmäniň binasynda duşuşmaga rugsat edilmändir, şonuň üçin meni alyp gitmäge taýýarladylar. Meniň goşaryma we aýaklaryma agyr zynjyrly gandallary dakanlarynda, meni optimizm we umyt duýgusy gurşap aldy. Meni daşary mikroawtobusyň ýanyna alyp bardylar, menem oňa tagaşyksyzlyk bilen mündüm, meniň yzymdanam alty adam mündi. Olaryň ikisi AK-47m galan dördüsi hem, beýleki ýaraglar bilen ýaraglanandylar. Biz 45 minutlyk ýol geçip, “Milli klub” atly jaýyň ýanyna, daşy žiwopisli baglara gurşalan, Sudanyň Hartumdaky Milli içalylyk gullugynyň ýörite merkezine bardyk. Gandallar meniň goşarlaryma çuň çümüp durdy. Meni ýokary derejeli tussag hasaplaýan ýalydylar.

Çeh respublikasynyň ilçihanasynyň konsullyk bölüminiň wekiliniň geljekdigi baradaky habar içalylyk gullugynyň işgärlerine mälim bolan bolsa gerek, muny bir gün mundan öň öýe jaň etmäge rugsat edilendigi düşündirýär. Olar konsula maňa maşgalama jaň etmäge rugsat edilendigini habar bermäge borçludylar. Maşyn, ahyrsoňy, saklananda, ýanymda oturan garawul meni jaýyň içine alyp bardy. Ol meniň goşarlarymda agyryly yzlary galdyran gandallary aýyrdy.

Ilçihananyň wekili ak reňkli penjek geýen we galstuk dakynan Ştepan Slama atly adamdy. Ol meniň işimi alyp barmaklyga

çeh döwleti tarapyndan bellenilipdi. Kairde ýaşap, şol sebitlerde ýaşaýan ýurdumyzyň raýatlarynyň bähbitlerini goramaklyk onuň borjuna girýärdi. Ol meniň bilen duşuşmak üçin ýörite gelipdi. Men onuň kimdigini bilenimde şeýle bir şatlandym welin, hatda agladymam we biziň çeh dilinde gürleşip biljekdigimi bilenimde, has köp tolgundym.

"Maşgalaňyz siziň saklanylandygyňyzy bilýär — diýip, jenap Slama ynamly aýtdy — olaryň ýagdaýlary gowy".

Men uludan demimi aldym-da, oňa Sudanyň howpsuzlyk gullugynyň meniň daşky gaty diskimden dikeldip bilen suratlary we wideolary hakda, aýratynam, Nuba dagynda düşürilen wideo hakynda gürrüň berdim. Bu zatlaryň ýagdaýy nähili kynlaşdyrýandygy meni gyzyklandyrýardy, şonuň üçin men oňa "*Nuba*" sözüni çeh elipbiýini ulanyp ýazyp görkezdim. Ol Sudanyň Milli içalylyk gullugynyň bir aýyň dowamynda meniň işimi suda geçirjekdigini, öňünden berilýän maglumatlara laýyklykda, meni gaplaň derisini kontrabanda etmekde aýyplaýandyklaryny gürrüň berdi.

Men bolgusyz hem şübheli aýyplamanyň üstünden güldüm. "*Sudanda aslynda gaplaň barmyka?*"

Öňräk Sudan döwleti şweýsariýaly missionere, birnäçe amerikaly we koreýaly ruhy çopanlara, şeýle hem, mesihilik işleri üçin ýurtda soňky wagtda tussag edilenlere garşy aýyplama ýöňkedi. Şol aýyplamalaryň üç-dört aýyň dowamynda aýrylandygyny jenap Slama maňa gürrüň berdi. Men muny eşidenime nähili begendim! Ýöne bu meniň Roždestwo çenli öýe barmajakdygymy we ony öz maşgalam bilen bile baýramçylyk edip bellemejekdigimi aňladýan bolsa gerek.

On gün mundan ozal içalylyk gullugynyň türmesine düşelim bäri aşgazan sistemam hem bozulyp başlady. IGIL-iň esgerleri bilen türmä salnalym bäri men hatda hajathana gowuja girip hem bilemokdym, şol sebäpden hem içim agyrýardy. Duşuşyk gutaranyndan soň, ilçihana wekiliniň gelenine ruhlanyp, "Milli

klubdan" çykdym. Ol adam mylakatly hem dostluksöýüji adam eken, ol meni köşeşdirmäge çalyşdy, şol bir wagtyň özünde-de, meniň işim babatda garaşylýan hakyky zatlary beýan etdi. Şeýdip, menem ullakan ýeňillik duýdum. Indi özümiň ýeke däldigime akyl ýetirmek diýseň ýakymly boldy. "*Meniň tussag edilenim çeh döwletine mälim, indi ol meniň üçin göreşer*".

Men kamera gaýdyp geldim, indi on bir günden soň birinji gezek aklym hem tenim gowşap bildi.

* * *

Jenap Slama meniň boşadylmamyň üç aýa çenli dowam etmeginiň mümkindigini duýdurdy, ýöne Täze ýylyň golaýlaşmagy bilen türmäniň içinde Sudanyň Milli içalylyk gullugynyň ýakyn wagtda ýurduň garaşsyzlygynyň golaýlap gelýän altmyş ýyllygy mynasybetli aklanma aljak tussaglarynyň sanawyny taýýarlaýandygy hakdaky myş-myşlar ýaýrady. Myş-myşlara laýyklykda, ilki daşary ýurtlulary, soň hem ownuk jenaýatlarda aýyplananlary boşadýarmyşlar.

23-nji dekabr agşamy men öz kameramyň açylýanyny eşitdim. Maňa gaýrat geldi, ýüregimde-de umyt peýda boldy. "*Meni boşadaýjakmykalar? Men tizara öýde bolarmykam?*"

Men gapynyň açylaryna sabyrsyzlyk bilen garaşdym, ýöne koridorda duran täze tussagy görenimde, juda keýpim gaçdy. Men özümi ine diýmän boşatjakdyklary baradaky pikirden ýaňa ynjalyksyzdym we çaşyp barýan ýalydym. Täze gelen tussag töweregindäkilere gözüni aýlanda, onuň gözi mende saklandy. Men kameramyzdaky durmuşyň indi üýtgejekdigine derrew düşündim.

Abd al-Bariniň boýy bir metr elli santimetrden uzyn däldi, agramy-da, ýüz ýigrimiden az däldi. Onuň nazary sowukdy, saçy hem sakaly garady. Ol iňlis dilini ýakymly britan çalgytrlygy bilen gaty gowy gürleýärdi. Men tizara onuň geçmişi hakda bildim. Ol

kontrabandist hem ýarag söwdasyny ediji eken, Saud Arabystanda önüp ösüpdir we Birleşen Korollykda uniwersitet gutarypdyr. Ony Hartumda ýarag kontrabandistleriň ýolbaşçysy bolandyr diýen şübhe bilen tussag edipdirler. Ol Ýewropadaky IGIL-iň esgerlerine ýarag ýetirip durandygyna buýsanýardy. Ol Günorta Sudanda iki ýüz dollardan pulemýotlary satyn alyp, olary Beýik Britaniýada bäş müň funta satýan eken. Bu girdejili telekeçilik ony Beýik Britaniýadaky üstünlikli gidip duran IT-telekeçiligini goýup, ömrüni Ýewropadaky IGIL-iň esgerlerine ýarag tapyp bermäge bagyş etme kararyna gelmäge alyp barypdyr.

Başda ol maňa dostlukly darady, meniň adymy sorady we tussag edilmämiň ýagdaýlary bilen gyzyklandy. Ýöne onuň ýüzüniň keşbi, çendenaşa dostluksöýüjiligi we gürleýiş äheňi onuň kellesinde başga bir zadyň bardygyna şübhelenmäge sebäp berdi.

Abd al-Bariniň özüni meniň kamerama geçirmeklerini ýörite haýyş edendigini men beýleki kameradaşymdan tiz wagtda bildim.

* * *

24-nji dekabrda gije sagat 3-de elimiň suwuň içinde ýatandygy sebäpli oýandym, ýorganym bilen geýimlerimem myžžykdy. Men kameramda akyp duran suwuň ýokdugyny bilýärdim, şonuň üçin birazrajyk wagtlap, gije turba ýarylandyr öýtdüm. Men töweregime seredenimde, kameranyň polunyň ýarysyna suw dökülenini gördüm.

Men türmeden tizara azatlyga çykma umydymyň başa barmandygy sebäpli şeýle bir sustupesdigim, umytlarymyň hem puç bolandygy, maşgalamyň hem, uzakdadygy üçin aglap we Rebbe sessiz nala edip başladym.

Hut şol wagtda, men Danýuma atly oglanyň ýüzüni açyk gördüm, men bu pursaty hiç haçan ýatdan çykarmaryn.

2015-nji ýylyň ýanwarynda yslam radikallary uruş sebäpli weýran edilen Demirgazyk Nigeriýadaky kiçijik Nankwo mesihilik obasynyň üstüne çozuş edýärler. Hüjüm edilen wagtynda 13 ýaşly

Danýuma Şakara atly adaty nigeriýa oglanjygy bolupdyr. Ol öz dul galan ejesi bilen ýaşaýan eken, özem balyk tutmagy we dostlary bilen oýnamagy gowy görýän eken.

Ýöne daňdan sagat 6-da, çarşenbe güni, Danýumanyň durmuşy hemişelik üýtgedi. Ol müňden gowrak ýaragly ekstremistleriň çopan görnüşine girip, "Boko Haramyň" esgerleriniň goldamagy bilen onuň obasyna giren we mesihileriň öýlerini ýakyp we olary öldürip başlan wagtyndaky atyşyk sesine oýanýar. Danýuma janyny halas etjek bolup, aýagaldygyna ylgaýar, ýöne gylyç bilen ýaraglanan esgerlerden gizlenmäge güýji ýetmeýär. Esgerler ony tutup, ýüzüni kesýärler, sag gözüni oýýarlar, çep elini we jyns organyny kesýärler.

Wagşyçylykly zalymlygyň netijesinde ýigrimi üç adam ölýär we otuz sekiz adam ýaralanýar. Danýumanyň ýaralary şeýle agyrdy welin, oba adamlary ol ölendir öýdüp, onuň gözgyny edilip taşlanan jesediniň ýanynda geçip gitdiler. Adamlar oňa gabyr gazýarlar, ýöne Hudaýyň rehiminiň we beýik gudratynyň kömegi bilen Danýuma ölmän galýar. Ol huşuna gelip aglap başlaýar hem-de kömege çagyrýar. Obadaşlary ony obadan ýigrimi bäş km. uzaklykda ýerleşýän iň golaýdaky şähere alyp gidýärler, ol ýerde hem, oňa lukmançylyk kömegini berýärler.

Üç aý geçenden soň, maýyp edilen we kör bolan Danýuma özüniň nur saçýan ýylgyrmasyny gizläp bilmedi. Ýaş mesihi özüne kast edenlere ýigrenç duýmaýardy. "Men olary bagyşlaýaryn, sebäbi olar näme edýändiklerini bilenoklar" — diýip, ol aýtdy.

"Ejir çekenleriň sesiniň" ýardam bermegi bilen birnäçe operasiýa geçireninden soň, Danýuma ejesiniň ýanyna gaýdyp bardy. Ýöne indi onuň durmuşy öňküsinden düýbünden başgaçady. Garnynyň aşak böleginden peşew dökülip durar ýaly, kateter çykarylyp goýlupdy, ol ony mydama göterip ýörmelidi. Mesihilere garşy hüjüm edilende ölmegiň deregine, Danýuma başgalara Isa hakda gürrüň bermek üçin ölmän galdy. Onuň gabry, öz Halasgäriniň gabry ýaly, şu wagta çenli-de boş dur.

Özümiň suw dökülen kameramda dik duran ýerimde men Danýumany gördüm, ol ýylgyryp durdy. Onuň ruhy şeýledi. Men onuň nähili wagşyçylygy başdan geçirmeli bolandygy hakda pikir edenimde, kalbymyň jümmüşinde gizläp oturan arzym üçin birden utandym. Irde-giçde men öýe gaýdyp barýaryn we ýene oňaýlykly durmuşda ýaşaýaryn, Danýumanyň bolsa, belki, ölýänçä we ölümden direlýänçä gözi görmez. Şol pursatdan başlap, men her gün Danýuma üçin doga edip başladym.

* * *

Kameradaşlarym bilen men Roždestwonyň öň ýanyndaky güni kamerany süpürip we zatlarymyzy guradyp geçirdik. Men bu işleriň öz ünsümi sowanyna we Çehiýadaky, Roždestwony — mesihileriň has köp garaşýan hem-de her ýyldaky sežde edýän gününi bile garşy alýan maşgalam hakda pikir etmekden başga zat hakda-da pikir etmäge mümkinçilik berenine şat boldum. Maşgalamyň Mesihiň doglan gününi mensiz baýramçylyk edýändigi baradaky pikir mende ejizlik hem ýalňyzlyk duýgusyny döretdi. Bu durmuşymdaky aýalymdan we çagalarymdan aýralykda geçirýän birinji Roždestwomdy. Men kamerany ýygnaşdyrýan wagtymda, kelläme roždestwo aýdymlarynyň heňi geldi. Olar entek kiçijik oglanjykkam maňa kakam öwredipdi.

Şol heňler meni birazajyk wagtlyk ruhlandyrdy, ýöne olar meniň aňymy maşgalam hakdaky ýatlamalara äkidip we gözýaş etmäge alyp baryp ugranda, kameramy dolduryp duran suw ýaly, olary gulagymdan süpürip taşladym.




# 11

Öýde, Çehiýa respublikasynda aýalym bilen çagalarym men ýok wagtymda maşgalamyzyň maliýe ýagdaýyny dolandyrmagy öwrenmeli faktyna duş gelipdirler, ýöne has wajyp zat Wawanyň ünsüni özüne çekipdir. Ol nahar stolunyň başynda oturyp, ejesine kwitansiýalary doldurmaga kömek edýärkä, Wawa öz noutbugyndaky skaýp-akkauntyny açanda, meniň setdedigimi görüpdir.

“Bu senmi?” — diýip, ol derrew hat ýazypdyr. Hiç kim jogap bermändir, ýöne Wawa öz hatyny kimdir biriniň okanyny bilýär.

“Men kakam bilen gürleşip bilýärinmi?” — diýip, ol soraýar.

“Bu meniň kakam. Men onuň bilen gürleşip bilerinmi?” — diýip, ol gaýtalaýar.

Wawa kimdir biri meniň hasabat ýazgymy döwüp girendir öýdýär-de, onuň habarlaryny okaýar: birden onuň teni tikenekläp gidýär. Eger meni ogurlanlar hasabat ýazgyma girmegi başaran bolsalar, onda olar ýene nähili maglumatlary üýtgedip bildikäler? Ol stoluň başyndan böküp turýar-da, meniň aýpadymy alýar. Onuň bilşine görä, aýpad meniň skaýpdaky akkauntyma, şeýle hem, şahsy elektron poçtamyň ýaşigine awtomatik usulda girmäge mümkinçilik berýärdi. Soň ol meniň parolumy üýtgetmäge synanyşýar. Wanda gaşlaryny çytyp, Wawany howsala bilen synlap oturýar. Wawa ýatdan çykarylan paroly üýtgetmäge mümkinçilik berýän ssylka geçýär, ondan birnäçe minutdan soň, meniň elektron ýaşigime hasaba alyş maglumatymyň üýtgändigi hakdaky habar gelýär.

Indi maşgalam onlaýndaky hasabat ýazgymy yzarlaýar. Köp wagt geçmänkä, meniň poçta ýaşigimde skaýpdaky parolymy kimdir

biriniň ikinji gezek üýtgetmäge çalşandygy baradaky awtomatik habar gelýär. Bu gezek ol *arap dilindedi!*

* * *

Milli içalylyk gullugynyň türmesindäki garawullaryň köpüsi IGIL bilen baglanyşykly bolan tussaglardan gorkýardylar-da, olara biri-biriniň kamerasyna barmak ýaly artykmaçlyklary berýärdiler. Täze ýylyň öň ýanynda tussaglaryň prezident Başiriň syýasy däl işler boýunça tussag edilenleriň käbirine aklama berjegine sabyrsyzlyk bilen garaşýandyklary sebäpli, biziň kameramyzda dostlukly atmosfera höküm sürýärdi, sebäbi biziň hemmämiz Täze ýylda azatlyga çykmanyň şatlygy hakda bile pikirlenip başlapdyk. Abd al-Bari özüni biziň kameramyza geçirmekleriniň sebäbiniň baýramçylyklar bilen baglanyşyklydygyna meni ynandyrjak bolýardy, ýöne men onda gizlin maksatlar bardyr diýip şübhelenmegi dowam etdirdim.

Abd al-Bariniň maňa bolan gatnaşygy gün geçdigiçe erbetleşdi. Her gün bize ertirlik çaýyny alyp gelenlerinde, ol meniň hapa plastik käsäme iki santimetrden köp ýyly suwuklygy guýmakdan ýüz öwürýärdi. Ol diňe meni burça gysyp we meniň bar ýerimi eýeläp, kameradaky fiziki hereketimi çäklendirmän, eýsem, öz gahary we göwresi bilen meni gorkuzmaga we maňa höküm etmäge başlady.

— Biz namaz okanymyzda, saňa bu ýerde durmaga rugsat berilmeýär. Sen ol ýerde durmaly — diýip, ol aýtdy.

Meniň burçda duranym ony kanagatlandyrmagyny bes edende, ol maňa özleri namaz okaýan wagtynda asla gymyldamazlygy we kameranyň gapysyndaky kiçijik äpişgä seretmezligi buýruk berdi. Men özümi doly ýalňyz duýdum we howpsuzlygymyň aladasyny köpräk edip başladym.

Hatda başda Abd al-Bari meniň bilen dostlukly gatnaşykda bolan wagtynda-da, özümiň onuň ýurduna näme üçin gelendigimi

aýtmandym. Diňe öňräk Efiopiýadaky dostlarymy baryp görendigimi we aeroportyň howpsuzlyk gullugynyň meniň telefonymy, kompýuterimi we kameramy alandygyny aýdypdym.

Tizara men Abd al-Bariniň meniň aýdan zatlarymy aňtaýja ýetirýänine düşündim-de, meniň kamerama näme sebäpden girmäge hakyky isleg bildireniniň sebäbini — maglumat ýygnamak we meniň ejir çekişimi görmekdigini bildim.

* * *

Bir aý mundan ozal, Hartuma gaýtmazymyň öň ýanynda Wanda ikimiz Çehiýa respublikasy bilen Awstriýanyň serhedinde ýerleşýän Ýindrjiguw-Grades şäheriniň keselhanasynda döwlen buduny operasiýa etdireninden soň saglygyny dikeldýän kakamy baryp gördük. Onuň bedeni gowşakdy, emma, segsen dokuz ýaşyndadygyna garamazdan, akly edil päki ýaly ýitidi. Men oňa Sudana gidýänimi aýtdym.

— Bu gezek günortadaky watançylyk urşunyň gidip duran ýerine däl-de, Hartuma gidýärin — diýip men aýtdym.

— Men seniň üçin Hudaýa doga ederin — diýip, ol kynlyk bilen demini alyp aýtdy.

Ýanwaryň birinji hepdesidi. Men kameramda irkilipdirin. Şonda kakamyň ýaşan öýi meniň düýşüme girdi. Düýşümde men aýal doganymyň uly maşgalamyzyň ol ýere ýygnanyşan agzalary üçin nahar taýýarlap, aşhanada başagaý bolup ýörenini gördüm. “Reb maňa ýene bir habar goýberýärmikä?” Ukymdan oýananymda, men iki zada ynamly boldum: ýygnanyşanlaryň arasynda men kakamy görmedim we soňky gezek biziň uly maşgalamyz merhumy jaýlamaga ýgnanyşypdy.




# 12

2016-njy ýylyň birinji hepdesinde Sudanyň Milli içalylyk gullugy meniň işimi suda goýberendir diýip pikir etdim. Men jenap Slama bilen duşuşan günümden bäri şoňa garaşýardym. 10-njy ýanwarda meniň tussag edilenime bir aý bolýardy. Eger şol wagta çenli meniň işim suda geçirilmedik bolsa, belki, bu meni boşatjakdyklaryny aňladýandyr.

Ýöne ýanwaryň birinji hepdesi gelende, soň hem geçende, howpsuzlyk gullugynyň aňtaýjysynyň meni ýalan maglumat bilen bilgeşleýin aldawa salandygyna düşündim — bu maňa tanyş taktikady, ony kommunistlerem ulanýardylar. Men lapykeç boldum, soňky güýjümiňem gaçyp barýanyny duýdum. 9-njy ýanwarda çeh konsuly gelmände bolsa, men has-da tolgundym. “Men ilçihana bilen habarlaşmak isleýärin — diýip, men talap etdim. — Men maşgalama jaň etmek isleýärin”. Maňa beýle etmäge rugsat bermändikleri üçin, hemme zady öz elime alma kararyna geldim. Men açlyk yglan etdim.

Men öz kärdeşim, Awstraliýanyň raýaty baradaky ýatlamadan ruhlandym. Ony Demirgazyk Koreýada tussag edenlerinde, ol açlyk yglan edip başlaýar. Ol ýaşuly adam bolany sebäpli, iýmit ýetmezçiliginden ýaňa ýagdaýy derrew erbetleşýär, bu bolsa, demirgazyk koreýalylary ony goýbermäge mejbur edýär. “*Eger açlyk çekme onuň düşen ýagdaýynda kömek eden bolsa, diýmek, meniň ýagdaýymda hem kömek eder. Eger mende çydam etmäge güýjüm ýetse, onda sudanlylar meni boşadarlar*”.

Sudanda açlyk çekme jenaýatçylykly iş hasap edilýär, şonuň üçin men öz kararymyň jogapkärçiligine doly düşünýärdim. Sudan kanunyna laýyklykda, açlyk yglan eden tussag howludaky sütüne daňylýardy-da, ýanynda bir jam nahar bilen bir käse suw goýulýardy. Eger ol öňküsi ýaly açlygy bes etmekden boýun towlasa, onda, öz tenine zyýan ýetireni üçin, ony suda çekip bilýärdiler. Men köp ýyllar mundan ozal kakamyň kyrk günlük ruhy orazany tutanyny ýada saldym. Eger şonda ol suw bilen ýaşap bilen bolsa, diýmek, menem ýaşap bilerin.

Bagtyma, maňa garşy hiç hili goşmaça aýyplama ýöňkemediler, şeýdip, men sekiz günüň içinde hiç zat iýmedim. Men irden getirilýän çörekden we çaýdan, sagat on birde getirilýän *fuldan*, ýagny gaýnadylan bobdan doly ýüz öwrüp bildim. Hatda günüň ikinji ýarymynda getirilýän ýer alma bilen kädiden ybarat bolan *gara* atly buglama-da meni özüne çekip bilmedi. Agşamlyk naharyndan — şeriýa dýilýän bir jam unaşdan, ýüz öwürmek aňsatdy, sebäbi bu süýji nahar köplenç heňli bolýardy. Iýmitiň ýerine men diňe suw içdim we garawullaryň maňa kamera getirip berýän aspirinli kelle agyrynyň dermanyny içýärdim. Men dermany aç garna içmegiň ýara döredip bilmeýänmidigi hakdaky soragy özüme berýärdim. Kameradaşlarym iýmit iýmekden ýüz öwürmäme haýran galýan ýalydy. Olar meniň açlygymy özleriniň Ramazan wagtynda tutýan orazasyna deňeýärdiler, ýogsam olaryň orazasy daň atandan Gün batýança dowam edýärdi we soňunda iýip gerk-gäbe bolunýardy.

13-nji ýanwarda açlyk yglan edenime dört gün geçenden soň, men gaty gorkunç görnüşdedim. Meniň jalbarym indi uly bolýardy-da, bilimde diňe çöregiň polietilen paketinden ören guşagymyň kömegi bilen durýardy. Mende hiç hili güýç — akylam, bedenem galmadyk ýalydy, özümem poluň üstünde hereketsiz ýatyrdym. Birwagtlarky gowy bilen aýdymlarym, indi ýadymdan çykyp başlady. Men diňe bulaşyk bölekleri ýada salyp bildim. Şeýle-de bolsa, barybir olary — çökgünligiň aňrybaş derejesinde ýatdan adamyň gözgyny gurbanlygyny Rebbe ugrukdyrýardym.

Men keselhana alnyp gidildim. Ol ýerde lukmanlar köp sanly analizleri geçirdiler. Bir aýlyk türme tussaglygynyň dowamynda men on bäş kg. agramymy ýitiripdirin. Lukman maňa ýagşylyk edip, ganyň analiziniň netijesini görkezdi. Men gemoglobiniň derejesiniň näderejede pesdigini görüp, şok ýagdaýyna düşdüm. Mende ganazlyk bardy, ýöne demiriň gytlygynyň doýup iýmezlik ýa-da içki gan akma sebäpli döremändigine ynanýardym. Nämede bolsa, hut şu ugurda — analitiki himiýa, gemotologiýa we gan berme ulgamynda — ýigrimi ýyllap işlänimiň kömegi bilen özümiň laboratoriýa derňewlerimiň netijeleriniň nähili agyrdygyna düşündim. Meniň garşy çykýandygyma garamazdan, lukman gandaky glýukozanyň derejesini ýokarlandyrmak üçin maňa dekstroza melhemini belledi. Bu bolsa maňa açlygymy ýene dört günläp dowam etmäge kömek berdi.

Men türmä gaýdyp bardym, ýöne gemoglobiniň derejesiniň pesligi meni biynjalyk etmegini dowam etdirdi. Ganymdaky kisloroddan doýgunlyk şeýle pesdi welin, ol meniň beýnime täsir edip, ünsi bir ýere jemlemekde ullakan kynçylyklara alyp bardy.

Men tükeniksiz musulman namazlary we arap dilinde Gurhan okamalardan doly kamerada bolanymda, özümi duzakda ýaly duýdum. Ol wagta çenli men şeýle köp arap sözlerini öwrenipdim welin, indi arkaýyn küjewar ýa-da molla bolup bilýärdim. Başymyň dyngysyz aýlanýandygyna we pikirimi bir ýere jemläp bilmeýändigime garamazdan, pikirimde arap sözleriniň tüweleýi mydama aýlanýardy. Men maşgalamyň, olaryň nädip güzeranyny dolandyryp bilýändiginiň aladasyny edýärdim. Güýjümde baryny edip, özümiň dogalarymy emele getirmäge synanyşýardym. Eger seresap bolmasam, onda dälirejekdigimi bilýärdim.

17-nji ýanwarda saglyk ýagdaýym şeýle erbetleşdi welin, men açlygymy bes etdirmäge mejbur boldum. Men ýagdaýa gözegçilik etmämi bes etdim, munuň deregine durmuşymdaky hemme zady — şol sanda türmede bolmaly wagtymyň dowamlylygyny-da Rebbiň eline berdim. Meniň soňky gezek iýenime sekiz gün geçipdi.

Ertesi gün maňa agramyma gelmegim we tapdan düşmeden özüme gelmegime kömek etmek üçin ertirlik naharyma iki sany ýönekeý ýogurt bilen iki sany gaýnadylan ýumurtga goşdular.

* * *

*"Allah Akbar!"* diýen sesler biziň türme kameramyzda mydama diýen ýaly ýaňlanyp durýardy. Musulmanlary namaza çagyryşyň bir bölegi bu sözleri her bir musulman günüň dowamynda yzyny üzmän gaýtalaýar, gün içinde ýüz gezekden aýdýar. Kiçijik kamera salnan men kameradaşlarymyň eglişlerini we Gurhany diňleýişlerini synlaýaryn. Hüňürdeşýän sesleriň we gaýtalanylýan namazlaryň içinde mydama bolmak bilen men özümiň psihiki ýagdaýymy alada edip başladym we aňymy olaryň seslerinden başga bir zadyň eýelemegine güýçli mätäçdigimi duýdum.

Ýanwaryň soňky günlerinde, kameradaşlarym namaz okaýan wagtynda, Reb meniň kelläme mesihilik aýdymlaryny salyp başlady. Musulmanlaryň ýüzlerini ýere degrişlerini synlap otursýma, kakamyň men has kiçijikkäm öwreden aýdymy ýadyma düşdi: "Her bir dyz epiler". Çehoslowakiýada şägirtçilik boýunça gizlin ýygnanyşyklar geçirilen wagtynda biz bu aýdymy öz-özünden aýdyp başlaýardyk. Indi türme kameramda hem, şol sözler meniň kelläme okdurylyp girip başlady. Musulmanlar namaz okan wagtlarynda, men gaýta-gaýta pikirimde şol aýdymy aýdýardym. Bu bolsa maňa Rebbimiň *adyny* beýgeltmäge kömek edýärdi. Gün içinde bäş gezek men kamerada hajathananyň ýanynda, ýüzümi unitaza tarap öwrüp: «Her bir dyz epiler, her bir dil Seniň Rebdigiňi yglan eder» diýip, gaýtalamany aýdýardym. Haçan hem bolsa bir wagt her bir adamyň meniň Rebbimiň öňünde dyz epip, Onuň öňünde baş egjegini özüme ýatladanymda, Mesihdäki öz ýeňşimiň ebedi hakykydygyna akyl ýetirip başladym, şeýdip, sagdyn pikirliligim yranmady.

Özümiň psihiki ýagdaýymyň aladasyny hemmesinden köp edenimde, Mukaddes Ruh maňa Filipililer 4:7-ni ýatlatdy: "Her hili düşünjeden ýokary bolan Hudaýyň parahatçylygy Mesih Isada siziň ýüregiňizi, pikirleriňizi gorar". Ol diňe bir meniň ýüregimi däl-de, eýsem, aklymy hem gorady.

Kameradaşlarym her azan wagtynda turbanyň ýanynda täret edenlerinde, men Aýanlyk kitabyndaky: "Janly dört mahlugyň her biri... gije-gündiz yzyny üzmän: "Mukaddesdir, mukaddesdir, mukaddesdir, geçmişde bar bolan, häzir bar bolan we geljek, her zada güýji ýetýän Reb Hudaý!" diýýärdiler" (4:8) diýen sözler bilen Hudaýy şöhratlandyrýardym. Eger şol dört mahluk bütin bakyýetiň dowamynda "Mukaddesdir, mukaddesdir, mukaddesdir" diýip gaýtalan bolsa, onda menem olary bir minutlap, bäş minutlap ýa-da bir sagatlap aýdyp bilerin. Men bu aýady kellämde gaýta-gaýta gaýtaladym: "Mukaddesdir, mukaddesdir, mukaddesdir, her zada güýji ýetýän Reb Hudaý mukaddesdir!" Ol meni Hudaýyň mukaddesligi, päkligi, Onuň şypa beriş ukyby ýaly zatlary hakda pikir etmäge mejbur etdi. "Reb, şypa beriji Hudaý mukaddesdir, mukaddesdir, mukaddesdir". Şeýdip, men ýaňy-ýakynda mesihilere yzygiderli hüjümler edilme wagtynda ýaralanan Nigeriýanyň yzarlanylýan mesihileriň şypa almaklary üçin doga edip başladym. "Ýesirleri azatlyga çykarýan Reb Hudaý mukaddesdir, mukaddesdir, mukaddesdir". Men Eritreýdäki türmelerde eýýäm on ýyldan gowrak wagt bäri oturan tussaglar üçin doga etdim. "Reb mukaddesdir, mukaddesdir, mukaddesdir" — diýip, men gaýta-gaýta gaýtaladym. Men aýdymlary we Mukaddes Ýazgynyň sözlerini sesli aýdyp bilmeýändigimi bilýärdim, ýöne olary öz ýüregimde arkaýyn aýdym edip we gürläp aýdyp bilýärdim.

Ünsümi özümiň gündelik hakykatymyň eýmençliginde däl-de, Hudaýyň mukaddesliginde we güýjünde köpräk jemläp başlanymda, türme kameramyň dinamikasy meniň üçin erbet tarapa üýtgäp başlady. IGIL-den bolan kameradaşlarym meniň pikirimde doga etme sözlerini gaýtalap başlanymy bilmeýärdiler, ýöne fewralyň birinji

hepdesiniň dowamynda Hudaýa köp aýdym aýtdygymça we Onuň adyny beýgeltdigimçe, olar maňa gazaply daradylar. Türmedäki ýeke-täk ak adam bolanym üçin meniň derim ýaňsylamalaryň bereketli hem yzygiderli çeşmesi boldy. “Seret, seniň aýaklaryň nähili hapa, biziň aýaklarymyzyň nähili arassadygyna seret” — diýip, olar meniň solgun dabanymy görkezip aýtdylar.

Kameradaşlarym şeýle gaharly bolupdylar, meniň kiçijik kamerada şonsuzam çäklendirilen hereketlerim olary indi kanagatlandyrmaýardy. Her gezek men ýöränimde olar meniň ýol bermegimi talap edýärdiler. Meni poluň üstünde sagatlap aýbogdaşymy gurup oturmaga mejbur edýärdiler — bu meniň üçin juda agyryly ýagdaýdy, sebäbi men musulmanlaryň munuň ýaly oturyşyna endik edinmändim.

Meni has köpräk kemsitmek we kiçeltmek üçin kameradaşlarym meni özleriniň içki geýimlerini ýuwmaga we unitazy ýalaňaç elim bilen arassalamaga mejbur edýärdiler. Olar maňa özleri bilen bile nahar iýmäge rugsat etmeýärdiler. “Sen — kapyr hem haram” — diýip, kameradaşlarym meni özleriniň hajathananyň ýanynda goýan aýratyn gabyndan iýmäge mejbur edýärdiler. Her gezek olaryň biri özüniň peşew haltasyny boşadanynda, meniň çanagyma peşew syçraýardy.

Meni mümkin bolan kemsidiji atlar bilen atlandyrýardylar. Men “hapa doňuz” ýa-da “kirli alaka” diýen lakamlara derrew seslenmesem, kameradaşlarym sübsedäki agaç taýagy alýardylar-da, onuň bilen kelläme urýardylar. Her gün ertir bilen men tenimdäki täze gökler we tyrpyldap duran kelle agyrysy bilen oýanýardym.

Şu wagta çenli Reb maňa urgulara jogap bermezlige güýç berdi. Meniň sag ýaňagyma uranlarynda, çep ýaňagymy hem tutdum. Dogry, eger gaýtargy berip, özümi goramaga synanyşanymda hem, meniň güýjüm alty adama ýetmeýärdi. Men olardan asla goranyp bilmeýärdim, şonuň üçin, eger diri galmak isleýän bolsam, onda olaryň özüme dakýan islendik lakamyna seslenmegim gerekdi.

Olaryň arasynda diňe bir Hoş Habary wagyz etmäge däl-de, eýsem, Hoş Habar boýunça olaryň arasynda ýaşamaga-da Reb maňa aýratyn rehim berdi. Meniň şeýle etmegime özümdäki «men»-iň däl-de, eýsem, özümde ýaşaýan Mesihiň mümkinçilik berýändigini bilýärdim. Kameradaşlarym olardan ar almakdan yzygiderli boýun towlaýandygymy görenlerinde, olaryň ýigrenji hem gahary has-da güýçlendi. Ýöne men biz mesihileriň duşmanlarymyzy söýmäge, özümizi ýigrenýänlere ýagşylyk etmäge, özümize gargaýanlara ak pata bermäge, özümizi kemsidýänler üçin Hudaýa doga etmäge çagyrylandygymyzy bilýärdim (Luka 6:27). Aslynda mesihilik öz duşmanyňy söýmelidigini öwredýän ýeke-täk dindir.

Türmä giriş prosesinde özümiň nika ýüzügimi saklamak maňa başardypdy, sebäbi ýyllaryň geçmegi bilen men semräpdim, şonuň üçin ol barmagymdan çykmaýardy. Ýöne men türmede horlananymda, barmagymam horlandy. Men IGIL-iň agzalarynyň oňa seredip başlandyklaryny aňdym.

— Bize ýüzügiňi ber, eger bermeseň, biz seni öldüreris — diýip, olar aýtdylar.

Men olaryň pyçak hökmünde ulanyp, metal tarelkalaryň biriniň gyrasyny ýonýanyny we kondisioneriň tygyny tekizleýänini duýup başladym.

Kameradaşlarymyň biri liwiýalydy, ol Usama ben Ladeniň şahsy janpenasy bolupdyr. Bir gezek ol bize aýagyndaky ok geçen ýerlerini görkezdi. Ol, şeýle hem, çeňňege dakylýan ýüp bilen adamy yzyndan nähili öldürmelidigini görkezdi, ol ony türmä gizläp geçiripdir. Eger hemme zat dogry edilse, onda adamyň birnäçe sekuntdan soň ölýändigini ol ýüpi jübüsinden çykaryp bize düşündirdi. IGIL-iň esgeri, şeýle hem, 2015-nji ýylda Liwiýanyň kenarynda ýigrimi sany müsürli mesihiniň kellesini alanlaryň arasynda bardygyny aýdyp öwündi. Şol jezalandyrmanyň weideoýazgysyny bütin dünýäde gördüler. “Men islendik adamy birnäçe sekundyň içinde öldürip bilýärin. Eger sen rus ýa-da amerikaly bolan bolsaň, onda

men seni duran ýeriňde ýok ederdim" — diýip, ol ýüpi barmagyna dolap oturyşyna aýtdy.

Meniň IGIL-den bolan kameradaşlarym ony özleriniň gahrymany hasap edýärdiler. Onuň meniň nika ýüzügime gözüniň gitmegi meni bimaza bolmaga we özümi ejiz duýmaga mejbur edýärdi. Eger bu adamyň islese ýüzügimi barmagym bilen bile bir sekundyň içinde alyp biljegini men bilýärdim. Men altynyň ýogyn halkasynyň daşynda barmaklarymy biygtyýar gysdym, ol gadyrly aýalym bilen baglanyşygy duýýan ýeke-täk zadymdy.

Meni poluň üstünde aýbogdaşymy gurup oturmaga mejbur etdiler, şol wagt kameradaşlarym özlerini Sudandaky mesihilik işim hakda meni sorag edýän aňtaýjy ýaly bolýardylar. Her gezek men olary kanagatlandyrmaýan jogaby berenimde, meni ýumruk bilen urdular.

— Kimdigiňizi bize aýt! Bize özüň haram doňuzdygyňy aýt! — diýip, olar gygyrdylar.

Birden olaryň soraglary gorkuzyjy häsiýete geçdi. Abd al-Bari meni dyza çökmäge mejbur edip, sübsäniň taýagy bilen meni urup başlady — ol taýak garawullaryň bize kamerada saklamaga rugsat edýän ýeke-täk zähmet guralydy. Göwräme degýän her bir urgy janymy alyp barýan agyry döredýärdi, ýöne men dişimi gysyp çydaýardym.

— Seniň bilen bile tussag edilen beýleki mesihiler kimler? — diýip, Abd al-Bari saklanyp, talap edip sorady.

Meniň kelläm entegem döşüme gysylyp durdy, soň men ýüregimiň doňan ýaly bolup galanyny duýdum. "*Ol nämäniň gürrüňini edýärkä? Başga nähili mesihiler?*" Men oýa batdym. Ýene bir ýyldyrym çaltlygyndaky urgy arkama degdi, soň ol soragyny başgaça aýtdy.

— Sen Hasan bilen Monimi nireden tanaýarsyň?

Men aňk boldum. "*Olary-da tussag edäýdimikäler?*" Meniň bedenim agyrdy, bu maglumata düşünjek bolanymda, aklym hem gynaldy. Men arkamdaky açyk ýaralarda lorsuldap agyrýan

agyryny duýdum, ýöne bu fiziki ýaralar, kelläme birden gelen pikirler ýaly agyryly däldi: “*Hasan bilen Monimi men sebäpli tussag etdimikäler?*”

Men ruhy çopan Hasan hakdaky soraglara jogap bermekden boýun towlanymda, kameradaşlarym taýak bilen meniň barmaklarymy döwüp başladylar. Addis-Abebadaky konferensiýa gatnaşan beýleki ruhy çopanlaryň atlaryny aýtmadyk wagtymda, olar unitazyň agyr gapagy bilen tirsegime urdular. Beýnim agyra döz gelmäge çalşanda, meniň agzymdan çirkin, adamyň sesine meňzeş bolmadyk ses çykdy.

Käwagt meni şeýle wagşylyk bilen urýardylar welin, indi diri galmaryn diýip pikir edýärdim. Indiki “sorag etme” wagtynda Abd al-Bari arkama köwşi bilen şeýle güýçli urdy welin, gapyrgalarym döwlendir öýtdüm. IGIL-den bolan kameradaşlarymyň maňa hüjüm etmedik we gynamadyk güni bolmaýardy.

Meni gynamalar güýçlendigiçe aklym ýuwaş-ýuwaşdan asuda bolmagy şeýle geň galdyryjydy. Men indi maşgalam we sudanly doganlarymyň meniň bilen bile türmä düşendikleri hakda pikirem etmedim. Aslynda fiziki ezýetler wagtynda men düýbünden maşgalam hakda pikir edip bilmedim. Men olary Isanyň gurbanlyk sypasynyň üstüne goýdum we diňe Isanyň adyny olaryň üstüne çagyryp bildim.

Bu başdan geçirilen zatlar her neneň eýmenç bolsa-da, şol duýgularyň kömegi bilen men, edil şunuň ýaly urlan we gynanylan Isa Mesihiň keşbini şonça-da takyk görüp başladym. Her gezek meni uranlarynda, depenlerinde ýa-da üstümden gülenlerinde, men Mesih hakda we Onuň rim esgeleriniň görkezen zalymlyklaryny çydamly çekendigi hakda pikir etdim.

*“Eger Rebbim meniň ugrumda ejir çekmek islän bolsa, onda Onuň yzyna eýeriji bolanym üçin menem Onuň yzy bilen ýöremäge we Onuň adynyň hatyrasyna ejirlerini-de paýlaşmalydyryn” (Filipililer 3:11).*

* * *

Her agşam kameradaşlarym soragy dowam etdirdiler. Abd al-Bari Sudandaky mesihilik işi hakda has köpräk bilmek isleýärdi. Meniň jogaplarymyň köpüsini olar halamadylar, şonuň üçin sübsäniň taýagy bilen urmagy dowam etdirdiler. Olar kelläme we barmaklaryma urdular, onuň ujuny garnyma dürtdüler. Bedenim agyrydan ýumlugýardy, ýöne ýüregimde hem aňymda iň çuň asudalygy duýýanym meni juda haýran galdyrýardy. Meni urýan wagtlarynda men, hatda, maşgalam üçin hem doga edip bilýärdim.

Birden, bir sekundyň içinde gözlerimiň öňünde, tussag edileninden soň, kellesine agaç taýak bilen urlan Mesihiň keşbi peýda bolup gitdi. Bu barada biz Matta 27:30-da okaýarys. "Ýa Reb! — diýip, men doga etdim. — Sen menden öňde ýörediň we uruldyň, haça çüýlenildiň, hatda öldüňem". Şol wagt men aklyňy haýran ediji açyş etdim: meni kameradaşlarym wagşylyk bilen ýençýärdiler, ýöne men asla agyry duýmaýardym!

Şol pursatda Rebbiň kamerada meniň bilen bolandygyny bildim. Edil şol pursatda Hudaýyň doga ediji esgerleriň goşunyny meniň üçin doga etmäge çagyranyny men soňrak bildim. Ýöne şol wagt muny men bilemokdym...

* * *

Bir gezek IGIl-iň esgerleriniň meniň ýurdumyň, Çehiýa respublikasynyň, ABŞ-nyň içalylyk müdirligine "Al-Kaidanyň" terroristlerine garşy suwly gynamany ulanmaga rugsat berendigi hakda gürrüň edişlerini kamerada diňläp oturdym. Kameradaşlarymyň ony Polşa bilen çalşanyny bildim-de, olaryň ýalňyşyny düzetdim.

Ýöne olar Polşanyň däl-de, hut meniň ýurdumyň terroristleri şeýle gynamaga ABŞ-a rugsat berendigini aýdyp, öz diýenlerinde durdular.

— Suw bilen gynamanyň nämedigi saňa mälimmi? — diýip, olar menden soradylar.

— Hawa, onuň nämedigini men bilýärin — diýip jogap berdim.

— Bolýar, ýöne sen munuň nähili bolýanyny bileňok, şonuň üçin biz saňa ony özüňde duýup görmäge kömek ederis.

Ilki bu meni az alada goýdy. Biziň kameramyzda suw azdy, şonuň üçin men bu bary-ýogy boş haýbatdyr öýtdüm.

Ýöne tizara bu haýbatyň nähili çynlakaýdygyna men düşündim. Abd al-Bari garawullara biziň hemmämizi biziň gatymyzdaky uly kamera geçirmeklige yrdy. Tussaglar ony "suwly kamera" diýip atlandyrýardylar, sebäbi ol türmedäki mydama güýçli akýan suwly ýeke-täk kamerady.

6-njy fewralda ertir bilen biziň ýedimizem başga kamera geçirildik, soň kameradaşlarym derrew özleriniň içki geýimlerini hapa hajathananyň burçunda ýuwmagy buýruk berdiler. Men arkama öwrülenimde, alty adamyň men hakda arap dilinde gürleýänini eşitdim-de, howsala düşüp başladym. Birnäçe hepde mundan ozal gije doga edişini eşiden adamym bolan Usama Ramadanyň meni gynamaklyga ýolbaşçylyk etmelidigi görnüp durdy. Men onuň *jilabidan*, musulmanlaryň geýýän uzyn köýneginden kesilip alnan mata böleklerini epleýänini gördüm. "Sen aňtaýja biziň seni näme edýänimizi aýtmalysyň" — diýip, olar meniň üstümden güldüler. Hatda türmede-de kapyrlar bilen göreşmäge olara hiç zat päsgel berip bilmeýärdi.

Özümiň fiziki ýagdaýymda suw bilen gynalmanyň ömrümiň soňuna çykmagynyň mümkindigini men bilýärdim. Men yzygiderli urulmalardan ýaňa diňe bir ejiz bolman, eýsem, entegem amneziýadan we gipoksiýadan ejir çekýändirin öýdýärdim. Kameradaşlarym meniň ýanyma golaýlaşyp başlanlarynda, ýüregimi köşeşdirmek we boljak zada aňymy taýýarlamak üçin birnäçe sekunt gerek boldy.




# 13

6-njy fewralda günortan IGIL-den bolan kameradaşlarym gynamalara taýýarlygy gutaranlarynda, özleriniň talaplaryny ýerine ýetirmekden boýun towlaýandygy sebäpli olaryň “Ýigrenji garawul” diýip atlandyrýan garawuly kameranyň deňinden eline bir topbak açar alyp geçip gitdi. Ol gapynyň ýanyna gelip diňledi. “Ýigrenji garawul” içerde näme bolýandygyna derrew düşündi-de, ozal maňa hiç hili duýgudaşlyk bildirmändigine garamazdan, gapyny derrew açyp, kamera okdurylyp girdi.

Ol arap dilindäki sözleri gaharly aýdyp, maňa zatlarymy ýygnap, çykalga ýöremelidigimi buýruk berdi. Men ýuwulmadyk geýimleriň bir topbagyny poluň üstünde goýup, “ýigrenji garawulyň” yzyna düşüp, kameranyň çykalgasyna bardym, soň öz kameradaşlarymyň haýran hem lapykeç bolup duran ýüzlerine seretmek üçin yzyma öwrüldim. Danyýel ýolbarsly çukurdan çykaranlarynda, özüni şeýle duýan bolsa gerek.

Men gijämi başga bir kamerada, iki sany dünýewi musulman telekeçi bilen bile geçirdim. Bu kamera öňkä görä has kiçidi we ondan has hapady. Birinji gün men olara biziň hapa kameramyzy süpürmäge kömek etdim, şonuň üçin olar iýmitlerini meniň bilen paýlaşdylar. Meniň ýaralarymy — kellämdäki, tirseklerimdäki we arkamdaky ýaralary we gökleri görenlerinde şok ýagdaýyna düşdüler. Men olara IGIL-iň esgerleri bilen bir kamerada bolanymda näme bolandygyny gürrüň berdim.

Ertesi gün meni nobatdaky sorag etmek üçin aşaga çagyrdylar. Kondisioner göni meniň üstüme üfläp durdy, şonuň üçin men

derrew sowukladym. Kiçijik otagyň ortasynda iki sany erkek kişi otyrdy. Men mundan soň näme boljagyny bilýärdim. Erkekleriň biri “gowy” poliseýi, beýlekisi bolsa, “erbet” poliseýi oýnarlar. Ol owadan penjeklidi we galstuklydy, üstündenem odekolonyň ysy gelýärdi — men bu ýerde, odekolonyň Ýewropadaka we Amerikadaka seredende has köp sepilýän ýerinde, Sudanda bu ysa eýýäm öwrenişipdim. Men özüme niýetlenilen kürsüde oturdym-da, stoluň üstündäki içinde dokumentli papkalar ýatan tekjä seretdim. Bu gezek meni näme üçin çagyrandyklary maňa gyzyklydy.

Sudanyň howpsuzlyk gullugynyň aňtaýjysyndan men, ahyrsoňy, kakamyň ýogalandygyny bildim. Onuň ölenine eýýäm bir aý geçipdir. Hudaý meni düýşüň üsti bilen bu habary almaga taýýarlan bolsa-da, barybir içime urlan ýaly boldy. Bu ýitgä maşgalamyň nädip döz gelýändigi hakdaky soragy men özüme berdim. Meniň pikirlerim Çehiýa, öz ýakynlarymyň ýanyna dolandy. Olara bu öwezini dolup bolmajak ýitginiň agyr pursatynda goldaw bermegi men dünýädäki hemme zatdan köp isleýärdim. Meni bu sorag edilmä-de we her neneň uzaga çekse-de, bu tussaglyga döz gelmek kararyndan dolduran ýatlama ýadyma düşdi.

...Ýatlamalar meni orta mekdebe baran birinji ýylyma alyp gitdi. Ejem bilen kakam biziň öýümizde birnäçe günläp dowam eden ýaş okuwçylaryň duşuşyklaryny geçirdi. Öýe elli adamdan az bolmadyk myhman geldi-de, gije biziň öýümizde ýatdylar. Öýde bary-ýogy dört sany ýatylýan otag bardy. Oglanlar bir otagda, gyzlar beýlekisinde.

Duşuşyk gutaryp, hemmeler öýlerine sag-aman baranlarynda, biz ýeňillik bilen dem alypdyk. Bizi milisiýa görmedi, öý hem dökülmedi. Biz hemme zadyň gowy geçeni üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdik.

Meniň mekdebim öýümizden bary-ýogy 500 metr aralykda ýerleşýärdi, şonuň üçin men her gün ol ýere pyýada gidýärdim. Bir gezek, ýaşlar duşuşygyndan iki hepde geçeninden soň, men öýe gelenimde, öýde hiç kimiň ýokdugyny gördüm. Bu asla adaty

zat däldi. Meniň oglan hem gyz doganlarymyň hemmesi menden uludylar, olaryň üçüsem atasy öýünden işe ýa-da uniwersitetdäki okuwa gidipdiler. Ejem çagalar bagynda terbiýeçidi. Bu onuň mesihidigini bilenlerinden soň hem, ony işe almakdan boýun towlamadyk ýeke-täk ýer bolup, biziň öýümizden otluda otuz minutlyk aralykda ýerleşýärdi. Ol öýümize golaý ýerde işläp hem bilerdi, ýöne özüniň terbiýeleýänlerini kommunistik partiýanyň beýik ateistik ideallaryna eýermegi öwretjekdigine "söz bermäge" gol çekmekden ýüz öwrüpdi. Her gün diýen ýaly men wokzala onuň öňünden çykýardym, soň bile öýe pyýada gaýdýardyk.

Öýde bir, soň hem iki sagat oturanymdan soň hem hiç kim gelmände, men alada galyp başladym. "*Ene-atama bir zat bolaýdymyka? Belki, milisiýa öýümizde geçirilen ýaşlar ýygnanyşygy hakda bilendir? Olar tutulaýdymykalar? Belki, olaryň ýokdugyny duýdurmak üçin ýygnak ýolbaşçylaryndan kimdir birine jaň edip aýtmalydyr?*"

Meni gitdigiçe gorky has güýçli gurşap aldy. Kakam öýe giç gaýdyp geldi, ejem bolsa, ondan-da giç geldi. Pikirimde hem ýüregimde ýygnalan dartgynlylygyň aýrylýanyny duýup, men olaryň ikisinem gujaklamak üçin ylgadym.

Şol agşam ene-atam nahar stolunyň başynda oturyp, geçen günüň duýgularyny paýlaşdylar. Kakam öz ýanyna formadaky milisioneriň gelip, ýerli bölüme gitmäge "çagyrandygyny" gürrüň berdi.

Ejeme edilen zat has kemsidijidi. Formadaky iki milisioner bilen döwlet howpsuzlygynyň iki işgäri onuň çagalar bagyndaky toparyna göni girip, işdeşleriniň we çagalaryň gözleriniň öňünde alyp gidipdirler. Ol adamsyna jaň etmäge rugsat edendiklerine begenipdir.

— Meni alyp gitdiler — diýip, ol pyşyrdady.

— Meni-de alyp gidýärler — diýip, kakam jaň kesilmezden öňürti jogap berýär.

Meniň ene-atam näme boljagyny bilýärdi. Kommunistik ýurtda tussag edilmä garaşmaklyk Mesihiň yzyna eýermegiň bir bölegi bolup durýardy. Olar özleriniň iman ýolundaky şol bahany tölemäge

taýýardylar. Nahar stolunyň başynda bolan şol gürrüňdeşligi men hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Şonda ejem bilen kakam özleriniň sorag edilişlerini gürrüň berdiler, berlen soraglary we özleriniň beren jogaplaryny deňeşdirdiler. Ejem bilen kakam, aýratynam, aňtaýjylaryň olary ýalňyşdyrjak boluşlaryny jikme-jik ýatladylar we geljekde nähili jogap bereniňde gowy boljagyny ara alyp maslahatlaşdylar. Şol wagt olaryň gürrüňleri meni şok ýagdaýyna salypdy. Başga ýene haýsy maşgala milisiýa bölüminde sorag edilen wagtyňda, özüňi nähili alyp barmalydygy hakda nahar başynda gürrüň edýär? Şol wagt men nahar stolunyň başynda edilen şol gürrüňleriň meni, haçan hem bolsa bir wagt, häzir bolup geçişi ýaly, sorag edilýän otagda oturmaga taýýarlandygyny hiç kim pikir hem etmändi.

Şol gije soňrak kakam maňa bir kitap berdi. Ol kitap meniň durmuşymda wajyplygy boýunça Mukaddes Kitapdan soň ikinji kitap bolupdy. Kakamyň kärdeşleriniň biri nemes dilindäki şol kitaby Germaniýadaky mesihi doganlardan alypdyr. Ol Riçard Wurmbrandyň “*Hudaýyň gizlinliginde*” diýen kitabydy. Ony maňa kakamyň: “Sen muny okamalysyň” diýen sözler bilen bereni anyk ýadyma düşýär. Nemes dilini gowy gürleýänim üçin men ony, hemme işlerimi goýup, başyndan ahyryna çenli okadym. Riçardyň şaýatlygy ýüregimiň jümmüşine çenli täsir edipdi.

Indi, köp ýyllar geçenden soň, aňtaýjy maňa kakamyň ölendigini habar berende, Riçardyň başdan geçirmeli bolan eýmenç gynamalary ýene meniň ýadyma düşdi. Şonda meniň geçýän synagymyň onuň gören görgüleriniň ýanynda hiç zat däldigine düşündim. Soň aňtaýjy meniň türmedäki ýagdaýlarymyň nähilidigi bilen gyzyklandy.

— Häzir men özümi gowrak duýýaryn, sebäbi meni başga kamera geçirdiler — diýip, men jogap berdim.

— Sizi näme üçin geçirdiler?

Emosiýalarymy saklamadan ýaňa sandyraýan sesim bilen men urulmalar, azar berilmeler, suw bilen gynama hakda gürrüň berdim. Eşiden zadyna gaharlanan aňtaýjy telefonyny çykardy-da, jaň

edip başlady. Men arap dilindäki dowamly gürrüňiň köp bölegine düşünip bildim. Ol türmäniň başlygy bilen gürleşdi-de, beýle zadyň bolmagyna nädip ýol berip bilendiklerini bilmegi talap etdi.

Gürrüňi gutaranyndan aňtaýjy meniň şahsy maglumatlarymy — doly adymy we beýleki jikme-jikliklerimi sorady, bu bolsa, diňe bir zady aňladyp biljekdi: Sudanyň Milli içalylyk gullugy derňewleri ýapypdyr, ine diýmän meni-de goýberýärler!

Aňtaýjy sorag etmesini tamamlanynda, eýýäm giç bolupdy. Meni yzyma, dördünji gatdaky täze kamerama alyp gitdiler. Kameradaşlarymyň ikisem uklap ýatyrdylar. Elim ýorganly menem poluň üstünde boş ýer tapyp ýatdym-da, uklamaga synanyşdym.

Ýöne men kakam baradaky pikirlere batypdym, şonuň üçin uky menden gaçýardy. Men, hatda, arkaýyn ýatyp hem bilmeýärdim. "*Gowusy ýerimden turup, kameranyň içinde aýlanaýyn*".

Çagalykdaky ýatlamalar meni püre-pür edende, ýüregim kakamyň durmuşy üçin Rebbe minnetdarlykdan doldy. Gözlerime ýaş hem aýlandy, ýöne bu gussa gözýaşlary däldi-de, mesihi maşgalada ýaşanym üçin, hatda, yzarlamalaryň hem bardygyna garamazdan, kakamyň maňa görkezen wepalylyk göreldesi üçin hoşallyk we şatlyk gözýaşlarydy.

Men haçan hem bolsa bir wagt kakamy ýene görjekdigimi bilýärdim, edil şol pursatda öz kameramda Hudaýyň barlygyna doly ynandym.

Birden gapy açyldy-da, içeri garawul girdi. "Beter — diýip, ol beýleki arap garawullaryň hemmesiniň edişleri ýaly, meniň adymdaky "r" harpy aýtmaga güýjünde baryny edip synanyşyp aýtdy we meniň içi geýimli kiçijik polietilen pakedimi görkezdi — zatlaryň bilen çykalga!" Men tolgundym, sebäbi ahyrsoňy azatlyga çykma wagty-da gelendir diýip umyt etdim.

— Ýorganammy? — diýip, men soradym.

— Ýok, ýok, ony bu ýerde goý.

Indi men özümi boşatjakdyklaryna doly ynanýardym! Ýogsam, näme üçin maňa ýorgan gerek boljak däldi? Birnäçe günden soň

men eýýäm Çehiýada maşgalam bilen bolýaryn we türmede geçiren iki aýymyň dowamyndaky Hudaýyň wepalylygy hakdaky şaýatlygy paýlaşyp bilerin. Gije bolsa, aýalym bilen ýyljajyk düşekde ýataryn.

Men pakedimi aldym, soň garawul ikimiz kameradan çykdyk. Men koridoryň içi bilen lifte tarap garawulyň yzyna düşüp gitdim. Ýöne maňa düşnükli bolmadyk bir sebäbe görä, biz başga bir kameranyň gapysynyň öňünde saklandyk. Birden men özümiň gaty ýalňyşandygyma düşündim. Gapynyň aňyrsynda aýylganç gürrüňleri edilýän kamera bardy, ondan tussaglaryň hemmesi gorkýardylar. Men onuň deňinden sorag edilmelere birnäçe gezek geçipdim, indi bolsa, onuň gapysynyň öňünde duranymda, damarlarymdaky ganyň gatap başlanyny duýdum.

Meni “sowadyja” geçirdiler.




# 14

Men boş kamera tarap ädim äden badyma, öz üstüme sowuk howanyň güýçli akym bilen gelenini duýdum. Kamerada düşeksiz demir krowat durdy, onda doňup galan adam gany bardy. Hajathana hapady, suw prowody ýokdy. Men ýorganymy ýada saldym we kameramyň temperaturasy on gradus dagy bardyr diýip pikir etdim. "*Gije sowuk bolar!*" Men "sowadyja" geçirilmegimiň türme başlygynyň men sebäpli käýinç beren garawullarynyň menden ar almasy bolýan bolsa gerek. Olaryň elinden gelen zatlarynyň hemmesini maňa anyk görkezjekdiklerine düşünip dartgynlaşdym.

Türmede uzak wagtlap bolanymdan soň, kellämi gysgajyk ak saçlar örtüp başlady. Men goşmaça duran köýnegimi kellämi gyzdyrmak üçin, onuň daşyna doladym. Ýene pakedi dördüm-de, beýleki jalbarymy aldym. Meniň kurtkam ýokdy, şol sebäpden hem, ýalaňaç ellerimi örtmek üçin ony ulandym.

Men uzakly gije burçdan burça ýöredim. Eger hereket etmegimi bes etsem, onda şobada doňýardym. Bir gezek men otagda duran ýeke-täk oturgyçda oturjak boldum, ýöne doňup duran metal aýagyma degende, meni has beter üşetdi.

Ýöne ejirlerimiň iň güýçlenen wagtynda men ak pata aldym; türmä gelelim bäri birinji gezek ýeke bolup bilýärdim. "Men sesli gürläp bilýärin!" Men kakam üçin Rebbi şöhratlandyrdym we Riçard Wurmbrandy tussaglykda wagty gurşaýşy ýaly, Hudaý meni-de perişdeleri bilen gurşap alarmyka diýen soragy özüme berdim. Riçard we onuň on dört ýyllyk tussaglygy hakynda pikir edenimde, diýseň täsin bir zatlar bolup geçdi.

Gaty üýtgeşik duýgy, edil kimdir biri arkamdan ýyljajyk palto geýdirýän ýaly, soň hem bar ýerimi dolaýan ýaly boldy, şol sebäpden hem gygyryp “Meniň Hudaýym, meniň Rebbim!” diýen sözler öz-özünden agzymdan çykdy. Bu Rebdi. Ol meni ýyladýardy. Ýekelikde galdyrylmagyň jeza bolup durýandygyna garamazdan, munuň türme diwarlarynyň içindäki ilkinji azatlygymdygyny men duýdum! Iki aýyň dowamynda men birinji gezek Hudaýa sesli doga edip bilýärdim!

Men uzakly gije mesihilik aýdymlaryny aýtmaga synanyşdym. Men on bäş ýaşymdakam, men “Saňa şöhrat bolsun!” diýen gaty gowy aýdymy öwrenipdim. Onuň sözlerini hem sazyny Georg Fridrih Gendel ýazypdy. Men onuň sözlerini hem sazyny ýada salyp, IGIL-den bolan kameradaşlarymyň ýanyndakam aýtmaga synanyşypdym, ýöne başyndaky üç-dört sany sözden başga hiç zat ýadyma düşmedi. Ýöne bu ýerde, ýekelikde gabalan ýerimde, ýatkeşligimde bir gudrat bolup geçdi. Mukaddes Ruh şol ajaýyp aýdymyň birinji iki setirini ýadyma saldy. Men özümi birnäçe minudyň içinde ajaýyp eserini gutarjak bolup, ruhlanma bilen aýagaldygyna ýazýan şahyr ýaly duýdum. Hudaý maňa indiki setiri berýänçä, bir setiri iman bilen gaty sesli aýtmagy dowam etdirdim. Men garawullar bilen beýleki tussaglaryň ýekelikde gabalan birinji gijämde men dälirändirin diýip pikir edendiklerine ynanýardym.

Ertesi gün irden sowuk howa akymyny, ahyrsoňy, bes etdirdiler-de, maňa ýorganymy getirip berdiler. Men ony ysganymda, başga tussagyň deriniň ysyny aldym. Gije ony kimdir biriniň ulanandygyny bildim. Şeýle-de bolsa, men ýorganymy yzyna alanyma begendim.

Açlyk yglan edenime üç hepde geçenden soň, men gaty güýçli suwsanymy duýdum, ýöne krandan diňe damja damýardy. Men öz pakedimiň içinde, açlykda bolanymdan soň özüme ertirligiň ýanynda goşmaça berleninden galan bir ýogurdyň bardygyny gördüm. Men ýogurdy iýdim-de, onuň bulguryny suw ýygnamak üçin ulandym. Bu iş on bäş minutdan az wagty almaýardy, ine-de, ahyrsoňy, ol doldy.

Reb maňa mundan soň näme etmelidigini ädimme-ädim görkezdi. Ilki men suwuň akymynyň saklanýanynyň sebäbini gözläp başladym. Reb meni hajathananyň garaňky burçuna alyp bardy, ol ýerde men, unitazyň edil düýbünde, kiltli klapanyň bardygyny gördüm. Ol ýapylgydy, ýöne mende ony açmak üçin ulanar ýaly hiç zadam ýokdy. Men poluň üstündäki hapanyň içinden klapany açyp biler ýaly bir zat gözledim. Ahyrsoňy men bir bölejik metal tapdym-da, yzyma hajathana ugradym. Soň suw hajathana gowuja akdy-da, unitazy doldurdy. Soň men kiçiräjik mata bölegini tapyp, ony, indi gowuja akyp duran suwa batyrdym. Öl matany we türme sabynyny ulanyp, öz tenimi dezinfeksiýa etdim.

Tenim arassa bolanyndan soň, ünsümi kamera gönükdirdim. Men uzakly gün işledim, şeýdip, ahyrsoňy, demir krowatdaky gan tegmilini aýyrmak başartdy. Iň soňunda men ony ýorgan ýazar ýaly edip arassaladym.

Ýekelikde oturylýan kamera geçirilmegim meniň üçin bölekleýin azatlyk boldy. IGIL-iň agzalary ýekelikde oturylýan kamera düşmekden mydama gorkýardylar, sebäbi, eger tussag ol ýerde bir hepdeden köp wagtyny geçirse, onda onuň aklyny ýitirýänini bilýärdiler. Şol sebäbe görä-de, şol tussag esgerleriň isleglerini gorkýandyklary üçin ýerine ýetirýän garawullar olary hiç haçan hem ýekelikde iki-üç günden köp saklamaýardylar.

Emma meniň üçin ýekelikde oturmaklyk ýadymy gaýtaryp getiren wagt boldy. Kommunistik yzarlamalar wagtynda aýdan aýdymlarymyz meniň ýadyma düşdi. Has ýaşajykkam Mukaddes Kitapdan ýatlan aýatlarym ýadyma düşüp başlady. Bu ýatlamalaryň hemmesi maňa hut gerek wagtynda, hemme zatdan-da köpräk zerur bolan wagtynda geldi. Üçünji gün Mukaddes Ruh maňa aýdymyň soňky setirini ýatlatdy: “Saňa şöhrat bolsun!” Adatça her bir aýdyma bir-iki hepdeden az bolmadyk wagt gidýärdi, ýöne netijede men köp aýdymlary ýada salyp bildim.

Bagtyma, “sowadyjydaky” howanyň sowuk akymy bes edildi we şondan soň gaýdyp gaýtalanmady. Güýjümi dikeltmek üçin men

ertir sagat 6-dan, iň bolmanda, agşam sagat 9-a çenli saklanma kameranyň içinde ýöremek bilen günümi geçirýärdim. Men gün içinde takmynan ýigrimi bäş km. geçenimi hasapladym. Men ýöräp barýarkam, Hudaýa doga edýärdim.

Hudaý bilen munuň ýaly ýekelikde bolmaklyk meni haýran galdyrdy. Riçard Wurmbrand ýaly, men hem Hudaýyň hakyky barlygyny hem-de Onuň şypa beriji güýjüniň ýakynlygyny duýdum. Bir ýarym aýyň dowamynda, 7-nji fewraldan 29-njy marta çenli men kamerany diňe Reb bilen paýlaşdym.

Elbetde, her gün irden nurly hem şatlykly bolmaýardy. Meniň ýüregimi hem aklymy çekip bolmajak gussanyň eýeleýän wagty-da seýrek bolmaýardy. Men gündiz uklamaga çalyşýardym, ýöne ýatan wagtymda gussam has beterleşýärdi, şonuň üçin derrew ýerimden turýardym-da, Hudaýa doga edip ýöremämi dowam etdirýärdim. “Reb Isa — meniň dünýäm! Reb Isa — meniň şatlygym!” — diýip yglan etmeli bolan günlerimem bolýardy. Ýuwdup barýan gussanyň iň gyzgalaňly wagtynda men bu sözleri birnäçe minudyň dowamynda kameranyň içinde aýlanyp aýdýardym-da, şol hakykatlar öz hakykatym bolýança gaýtalaýardym.

* * *

2016-njy ýylyň 22-nji fewralynda meniň ýeke oturan kamerama garawullar geldi. Olar meni basgançakdan aşaklygyna alyp gitdiler. Ol ýerde men garaşylmadyk ýagdaýda howpsuzlyk gullugynyň ofiseriniň meni görmäge gelenini bildim, ol ozal meni sorag edipdi.

— Saňa sakalyňy syrmak gerek — diýip, ol meniň uzyn sakalyma seredip, gaşyny çytyp aýtdy.

— Bu ýerde ony etmek aňsat däl — diýip, men düşündirdim.

Ol aşaga meniň typyp duran aýaklaryma seretdi-de, goş saklanylýan kameradan köwüş çykaryp berdi.

— Iň gowy eşigiňi geý — diýip, ol aýtdy.

Men etmedim, sebäbi meniň eşiklerimiň hemmesi bir stildedi, mundan başga-da, öz eşigimiň arassadygyny bilýärdim, sebäbi men olary yzygiderli ýuwýardym.

"*Nähili geýim geýleniniň näme tapawudy bar?*" Meniň daşky sypatyma beýle duýdansyz ünsüň berilýäni haýran galdyrdy. "*Çehiýa döwletinden kimdir biri Sudana gelýärmikä? Ýogsam, meniň daşky keşbimiň nähili bolmagy olar üçin näme sebäpden wajyp bolsun?*" Soňra mende hakykat bolardan juda gowy bolan pikir peýda boldy: "*Belki, meni boşatjakdyrlar?*"

Meniň elime gaty güýçli agyrdýan agyr gandallary geýdirdilerde, furgonyň ýanyna alyp çykdylar. Dişine çenli ýaraglanan alty adam meni furgonyň içine itip saldylar we yzym bilen özleride mündiler. Hemme zat, edil jenap Slama bilen "Milli klubda" duşuşan günümdäki ýaly boldy. Ýöne bu gezek meniň üçin oňaýsyz zatlar boldy. Öz ýöreýän ýolumyzyň köçeleriniň atlaryny görüp bilmezim ýaly, kelläme galyň gara kapýuşon geýdirdiler. Kapýuşonyň dem almaga päsgel berýändigine düşünenimde, men dowla düşüp başladym.

Furgon tormoz berip, saklanjak bolup başlanda, ahyrsoňy, kapýuşony çykardylar, menem "Milli kluby" görüp, ýeňillik bilen dem aldym. Biz furgonda garaşyp durkak, maşyn duralgasyna giren gara "Mersedesi" gördüm. Maşyn saklandy-da, ondan dört sany erkek adam çykdy — olaryň ikisi sudanly jan penalardy, beýkeli ikisi hem akdy. Ol ikisiniň sudanly däldigi göze görnüp durdy, belki-de, olar çehlerdir.

— Sen olary tanaýarsyňmy? — diýip, garawullaryň biri sorady.

— Ýok.

Ol adamlar "Milli kluba" giren batlaryna, meni hem jaýa saldylarda, olaryň oturan otagyna alyp bardylar. Oturanlar maňa özlerini tanatmadylar-da, diňe Çehiýanyň içalylyk gullugyndandyklaryny aýtdylar. Onuň yzynda birnäçe täsin soraglar berildi.

— Siz haýsy hem bolsa bir daşky içalylyk bilen baglanyşyklymy? — diýip, olar sorady.

— Ýok, ýok — diýip, men garşylyk görkezdim.

— Siz haýsy hem bolsa bir harby içalylyk bilen baglanyşyklymy?

— Men kommunizm döwründe goşunda hökmany bir ýyl gullugymy etdim, şondan başga zat ýok.

Tizara biziň duşuşygymyz gutardy, soň men gaty erbet habary aldym: Sudan döwleti meni goýbermekden boýun towlaýar. Munuň deregine işim sudan suduna geçirilipdir. Meni sustupeslik duýgusy gurşap aldy. Men "Milli klubdan" lapykeç hem depressiýa ýagdaýynda gaýtdym we meniň eşigim bilen köwşümiň daşyndaky başagaýlyga kem-kemden düşündim.

Sudanyň Milli içalylyk we howpsuzlyk gullugynyň ofiseri meniň bir zada takyk düşünmegimi isledi: olaryň gepleşikler alyp barjak ýeke-täk ynamdar partnýory diplomatlar, konsullyk edarasy, hatda ilçiniň özi hem bolmanda, eýsem, içalylyk gullugydy.

* * *

Fewralyň ortalarynda meniň tussag edilenim halkara habar beriş serişdelerine (HBS) belli bolýar. Meniň suratym Interpolda peýda bolýar-da, onda meniň Hartumda dereksiz ýitenim yglan edilipdir.

Soňra şenbe güni, 2016-njy ýylyň 27-nji fewralynda, men içalylyk we howpsuzlyk gullugynyň türmesindäki ýekelikde oturylýan kamerada aýlanyp ýörkäm, aýalym Praganyň daşyndaky ýerli benzin guýujy stansiýanyň jaýyna girýär. Ol wagtda onda meniň bilen hiç hili habarlaşma usuly ýokdy. Şonda onuň gözi gapynyň ýanynda ýatan bir topbak gazete — gündelik çeh gazeti bolan "Dense" düşýär.

Ol: "Çehiýanyň Sudandaky raýatyna ölüm jezasy howp salýar" diýen sözbaşyny okanda, ýüregi ýarylýar. Gözlerinden çogup çykýan ýaşy saklamaga güýji ýetmän, Wanda gazeti satyn alýar-da, bu aýylganç habary çagalarymyza ýetirmek üçin, maşyna tarap ylgaýar we güýjünde baryny edip, öýe howlugýar.




# 15

Meni ýekelikde oturylýan kamera geçirenlerine bir ýarym hepde geçeninden soň, takmynan Interpolyň saýtynda meniň suratym peýda bolan wagtlarynda, jenap Slama, çeh ilçihanasynyň konsullyk bölüminiň işgäri, meniň bilen ýene duşuşmak üçin Müsürden gelip bildi. Men sesimi sandyradyp we gözlerimi ýaşdan dolduryp, oňa özümiň IGIL-iň esgerleri tarapyndan duçar bolan gynamalarymy, soň hem “sowadyjyda” saklanylanymy oňa gürrüň berdim. «Haýyş edýärin, muny meniň maşgalama bir gürrüň beräýmäň, sebäbi olar meni has beter gaýgy ederler» — diýip, men ondan haýyş etdim. Jenap Slama meniň duýgularyma düşündi öýdýärin, şonuň üçin ylalaşýan äheňde başyny atdy. Bu duşuşykdan kamera gaýdyp gelenimde, men ýene sowuk howa akymynyň ýuwaş pyşşyldap gelýän sesini eşitdim, soň ýene sowuk jaýy gurşap aldy. Men derrew sowuk howanyň gaýdyp gelmeginiň ar alma işidigine düşündim: Sudanyň içalylyk we howpsuzlyk gullugynyň işgärleri jenap Slama gynamalar hakda gürrüň berenim üçin meni jezalandyrýar.

Indiki gezek gelen wagtynda, 2016-njy ýylyň 10-njy martynda, jenap Slama maňa ýakymly garaşylmadyk sowgat getirdi — ol maňa Çehiýadaky maşgalamdan iki sany hat bilen, ganazlyga garşy göreşmegim üçin iýmitleri goýberipdiler. Meniň göwnüm göterildi, şonuň üçin gursagymda ýüregimiň güýçli urýanyny duýdum. Men ýekeje minut hem haýal etmän hatlary açdym. Öz maşgalam bilen soňky gezek hat ýazyşmanyma şeýle köp wagt geçipdir! Men ozal hiç haçan olaryň ýagdaýlarynyň nähilidigini bilmäge beýle teşne bolmandym.

MIHG ýolbaşçylarynyň talaplaryna laýyklykda hatlar iňlis dilinde ýazylmalydy, şonuň üçin Wawa maşgala hat ýazyjysy bolup gulluk edipdir. Men 1-nji fewralda ýazylan haty okanymda, gözüme ýaş aýlandy. “Bu hat seni sagdyn ýagdaýda tapar we seniň aladaňy gowy edýändirler diýip umyt edýäris. Seni örän göresimiziň gelýändigini we seniň basymrak öýe gaýdyp gelmegiňe sabyrsyzlyk bilen garaşýandygymyzy bilýänsiň” — diýip, gyzym ýazypdyr. Wawa sagdyndy, aýalym bolsa, öňräkki dümewden sagalanyndan soň işine barypdyr. “Ol seni diýseň küýseýär we sen hakda köp pikir edýär” — diýen sözleri okanymda, bütin endamyma ýylylyk ýöredi.

Meniň gyzym ýaňy-ýakynda içki medisina boýunça soňky synagyny tabşyrypdyr. Indiki hepdede, eger ginekologiýa we akuşerçilik boýunça hem soňky synagyny tabşyrsa, onda keselhana işe ýerleşmegi umyt edýärdi. Oglum Pýotryň hem, 3-nji fewralda bolan synaga tutanýerlilik bilen taýýarlananyny bilenimde, ýüzüm uludan ýylgyrdy. Ony tabşyranyndan soň, ol bakalawr derejesiniň diplomynyň üstünde işläp başlapdyr. Men öz çagalaryma guwandym! Wah, men şu wagt olaryň ýanlarynda bolan bolsadym... Ýöne sahypanyň aşagyna seredip, ol ýerdäki zady okanymda, bu meniň ýüregimi sarsyp gitmäge mejbur etdi.

“Biz saňa örän gaýgylanma bilen habar berýäris — diýip, gyzym ýazypdyr. — Ýanwaryň başlarynda seniň kakaň aradan çykdy. Ol öýünde maşgalasy bilen Roždestwony geçirdi, ýöne baýramçylykdan soň onuň ýagdaýy erbetleşdi. Ony ýene keselhana äkitmeli bolduk. Şol ýerde hem ol birnäçe günden soň, 4-nji ýanwarda, haýaljakdan ýogaldy”. Kakamyň ölendigi agzalanynda, kalbymdaky ýiti agyry içimden parran geçdi. Onuň muny aňtaýjy maňa habar berenden birnäçe hepde öň ölendigi sebäpli men gaharlanma duýdum.

Men haty okamagymy dowam etdirdim we öýdäki işleriň hemmesiniň ýuwaş-ýuwaşdan çözülýändigini bildim. Bu wagtyň tutuş dowamynda meniň gaýyn enem meniň maşgalam bilen ýaşapdyr. Ol meniň tussaglygym sebäpli hasrat çekýän bolsa-da, onuň saglyk ýagdaýy gowulaşyp başlapdyr. Meniň erkek doganym

hem, kakamyň ýogalandygy sebäpli hasrat çekmäniň hötdesinden gelen ýalydy, ýöne onuň örän gussa çekýändigini men bildim, sebäbi kakam syrkawlan wagtynyň bütin dowamynda onuň aladasynyň hemmesini hut şol öz üstüne alypdy.

Meniň gözlerim birnäçe sekuntlap eglendi, soň hem, sahypanyň aşagyna böküp geçdi. Meniň maşgalam Çehiýanyň daşary işler ministrligi, şeýle hem, jenap Slama bilen gatnaşyk saklaýan eken. Hatyň soňy diýseň basym geldi we meniň ýüregimi gysylmaga mejbur etdi. “Biziň hemmämiziň seni diýseň göresimiz gelýär, ähli garyndaşlarymyz we dostlarymyz sen hakda pikir edýärler. Söýgi bilen Wanda, Wawa we Pýotr”.

Men birinji haty gapdala goýdum-da, 16-njy fewralda, iki hepde geçenden soň ýazylan haty derrew okadym. “Gadyrly Pýotr — diýip, ol başlanýardy. Kagyzy gözlerime golaý getirenimde, meniň ellerim titredi. — Saňa öňki haty ýazyp bilenimize we ony seniň okap bileniňe örän şat. Sen sagdynsyň we sende hiç hili fiziki hem psihologiki hassalyk ýokdur diýip umyt edýäris. Biziň seni juda göresimiz gelýär, şonuň üçin diňe sen hakda pikir edýäris. Seniň öýde ýoklugyň üçin ejem gussa çekýär, ýöne biziň hemmämiz sen hakda köpräk biljekdigimize ynanýarys”.

Wanda Wawanyň üsti bilen atasynyň ölümi zerarly çagalaryň hasrat çekendiklerini, meniň doganymyň bolsa, has çuň gussa batandygyny habar beripdir. Maşgalamyň meniň aýal doganlarym bilen berk aragatnaşyk saklaýandygyny, diňe bir gaýyn enemiň saglygynyň çalt gowulaşman, eýsem, aýalymyň hem, dümewden soň doly sagalandygyny we onuň doganoglan uýasy Ýananyň ýanyna gitjek bolýandygyny bildim, şeýle hem, gyzym ginekologiýa we akuşerçilik boýunça synagyny tabşyrypdyr, hatda ondan iň ýokary bahany — “A” — alypdyr. Birnäçe gün dynç alyp, şol dynç günlerini öýüň aladasyna we öý işlerine kömek etmeklige bagyş edenden soň, ol pediatriýadan soňky synagyna taýýarlanmak üçin tutanýerli zähmet çekmäge başlapdyr. Onuň ol synagy tabşyrjagyna men ynanýaryn. Soňky synagyny kynçylyksyz tabşyran oglum hem,

ýarym ýylyny üstünlikli tamamlapdyr. Maşgalamyň entegem daşary işler Ministrligi we Çehiýanyň Kairdäki ilçihanasy bilen gatnaşyk saklaýandygyny bilenime begendim we soňky setirlerden mümkin boldugyça köpräk lezzet aldym: "Seni tanaýanlaryň hemmesi dynman sen hakda pikir edýärler".

Bu duşuşyk wagtynda, ahyrsoňy, maňa türmeden maşgalama hat ýazmaga rugsat etdiler. Men bu pursaty köp arzuw etdim we kellämde ýakynlaryma ýazjak zatlarym hakda mydama pikirlenip, haty düzdüm. Ahyrsoňy, şonuň ýaly mümkinçiligiň özüme berlenine ynanyp bilmedim. Men olara şeýle köp zat — aýlaryň dowamyndaky pikirlerimi we eden dogalarymy, duýgularymy we ruhlanmalarymy, alan tesellilerimi we düşündirişleri aýtmak isleýärdim. Ýöne bir tarapymda konsullygyň işgäri, beýleki tarapymda aňtaýjy durka, maňa hat ýazmaga bary-ýogy birnäçe sekunt berildi we haty diňe iňlis dilinde ýazmaga rugsat edilýärdi. Meniň aklym sandyrama bilen işledi, menem sözlerde aňry ýany bilen seresap bolmalydygyny özüme ýatlatdym. Men çap etme görnüşinde Wanda howlugyp hat ýazdym:

*"Meniň mähribanym!*

*Bu Sudandan bary-ýogy gysgaça salam, meniň ýagdaýlarymyň gowudygyny siziň bilmegiňizi isleýärin. Iki hat ýazanyňyz üçin sag boluň, men olar Çeh respublikasynyň wekiliniň ýanynda okadym. Meniň hemme zadym gowy, men siziň hemmäňiz üçin Hudaýa doga edýärin. Men öz işimiň Rebbiň elindedigini bilýärin. Mende hemme zat gowy, sizde hem şeýledigine men şat. Golaý wagtda öýe gaýdyp barjagyma sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn.*

*Goý, siziň hemmäňize Hudaý ak pata bersin!*
*Pýotr".*

Aňtaýjy haty özi üçin surata alyp, ony jenap Slama berdi. Konsullygyň işgäri meniň hatymy alyp epledi-de, ony portfeline saldy. “8-nji aprelde görşeris” — diýip, ol gitdi.

* * *

Tussagy aklyndan azaşdyrmak üçin “sowadyjyda” hatda bir we iki gün hem ýeterlikdir. Ýöne garawullary juda haýran galdyryp, men entegem sagdyn aklymdadym, hatda iki hepdelik ýekelikdäki tussaglyk bilen çekerden agyr bolan sowuklamadan soň hem sagdyndym. Bir gezek “sowadyjyda” duýdansyz “ýigrenji garawul” peýda boldy. Men ony görenimde gaty tolgundym. Ol meni suw bilen gynajak bolup durkalar, ýolbarslaryň çukuryndan alyp çykypdy. Men gözlerime ýaş aýlap, janymy halas edeni üçin minnetdarlyk bildirdim. Men oňa özümiň elektron poçtamyň salgysyny ýuwaşjadan aýtdym we haçan hem bolsa bir wagt Ýewropa aýagy degse, meniň öýüme gelmeklige çagyrdym.

Şondan soňky hepdelerde biz ýakyn dostlar bolduk. Her gezek ol nobatçylyk edende, meniň ýanyma, ýekelikdäki kamera gelýärdi we ertirlik çaýynda goşmaça iýmit ýa-da agşamdan galan nahary berýärdi. Ahyrsoňy, käse doly çaýy almaklyk meniň üçin emosional taýdan örän wajypdy, sebäbi hakydam entegem, igilçileriň maňa hapa käsämiň düýbüni çalaja ýapyp duran möçberdäki çaýy berendiklerini saklap durdy. Reb maňa Markus 9:41-däki aýady ýatlatdy: “Size dogrusyny aýdýaryn, Mesihe baglydygyňyz üçin, kim Meniň adym bilen size bir käse suw berse, ol asla sylagsyz galmaz”. Gyzgyn içgini içip oturşyma men bu adamyň ýagşylygy üçin Rebbe minnetdarlyk bildirdim. Hatda ýekelikdäki tussaglykda-da Ol maňa “ýigrenji garawulyň” dostlugyny sowgat berdi.

* * *

29-njy martda, aýalyma hat ýazanyma iki ýarym hepde geçenden soň, meniň ýekelikdäki kamerama MIHG-ň garawuly girdi.

— O, sen bu ýerdäki hemme zady ýuwupsyň! — diýip, ol dostlukly hem minnetdarlykly äheňde aýtdy. Men, dogrudanam, kamerany we hajathanany poluň üstünde aýakýalaňaç ýörär ýaly edip ýuwupdym.

— Pýotr, goşlaryň hemmesini al-da, meniň yzyma düş — diýip, ol aýtdy. “Meni boşadýarlar!”

Men hapa türme geýimlerimi derrewjik polietilen pakedime saldym. “Ýorganymy-da alsammykam?” Indi onuň maňa gerek bolmajakdygyna garamazdan, men muny özüme ýadygärlik galdyrmaly diýen netijä geldim. Galyberse-de, bu gowy kameradaşymyň beren sowgadydy we Hudaýyň bu ýerdäki, türmedäki wepalylygynyň birinji ýatladyjysydy.

Koridordan geçip barýarkam men ruhy çopan Hasany we öz terjimeçim Monimi gördüm. Olar goňşy kameranyň gapysyndaky äpişgejikden maňa seredip durdular. Men olaryň tussag edilendiklerini birinji gezek özümiň zalym kameradaşlarymdan bildim. Olar meni öz işim hakda we Sudana gelmegimiň maksady hakda sorap “sorag etdiler” we meniň “kärdeşlerimiň” hem tutulandyklaryny aýtdylar. Soňrak men şol “işdeşleriň” kimdiklerini bildim. Bir gezek men öz kameramyň äpişgejiginden ruhy çopan Hasany koridor bilen soraga alyp barýandyklaryny gördüm we derrew onuň üçin Hudaýa doga edip başladym.

Indi Hasan bilen Monimiň ýüzlerini äpişgejikden görenimde, olary ýene *görüp biljekmidigim* hakda pikir etdim we meniň sudanly doganlarymy ruhlandyrmagyny, berkitmegini we goramagyny Hudaýdan sessiz haýyş etdim we olar hem tizara azatlyga çykarlar diýip umyt etdim.

Meni basgançak bilen goş goýulýan ýere alyp gitdiler-de, ol ýerde goşlarymy berdiler. Men ony açyp görenimde, maşgalamyň maňa goýberen dermanlarynyň hemmesiniň ol ýerde bar ekendigini görüp, juda haýran galdym. Türme işgärleri bu wagtyň bütin

dowamynda dermanlary, hatda meniň juda mätäç bolan gan azlygyň dermanyny hem gizläpdirler. Men çemodanda jenap Slamanyň her gezek gelende alyp gelen zatlaryny, hajathana kagyzyny, dezodranty we odekolony tapdym. Men bu zatlaryň hemmesini birinji gezek gördüm, çemodanyň içindäki zatlaryň hemmesi arzuw edilýän zatlardy.

Men dört aýymy süpürgiçsiz, şampunsyz, hatda päkisiz hem geçirdim. Diňe karmola sabyny bilen birnäçe sany kiçijik çüýşedäki suw meniň derimi arassalykda saklady. Garawul daşary çykanda, men hapa balagymy we futbolkamy çykardym-da, arassa eşigimi — egnimde dört aýdan bäri görmedik we duýmadyk eşigimi geýdim. Men ýene Wandany görjekdigim hakda pikir edip begenip durşuma dezodoranty hem odekolony ulandym.

"Meniň yzyma düş" — diýip, garawul buýruk berdi-de, çemodany ýanyma almaga rugsat etdi. Men tizara boşadylýandygym hakda pikir edenimde, uludan demimi aldym. "*Ahyrsoňy!*" Ol maňa hatda gandal hem dakman, meni daşary, mikroawtobusyň ýanyna alyp çykdy. Ol meni aeroporta alyp gider diýip umyt etdim. Agşam sagat 9-dy. Men gije sagat bire golaý "Türk howaýollarynyň" uçarynyň Hartumdan uçýanyny bilýärdim. Birnäçe sagatdan soň men ýene azat adam bolýaryn. "*Ahyrsoňy öýe gaýdyp barýaryn!*"

Men äpişgeden daşary seredenimde, aeroportda uçarlaryň uçýanyny we gonýanyny gördüm. Biziň mikroawtobusymyz terminala alyp barýan çep tarapky öwrüme golaýlaşanda, sürüji näme üçindir saklanmady. Men haýran galyp, oňa seretdim, ýöne onuň gözleri öňe ýola seredip barýardy. "Näme bolýarka?!" Men ýene aeroport tarapa seretdim. Biz hatda badymyzy-da gowşatman, göni gitmegi dowam etdirdik. Men aeroportyň nirededir bir ýerde yzlarda galyp, meniň gözümden gaýyp bolşuny synladym. Bu umydyňy kül edýän lapykeçligiň ýanynda, içiňe urulma-da az agyryly bolardy. Meniň maşgalama tizara gowuşma umydym sekuntsaýyn bugaryp, soň doly ýok bolup gitdi.

Birnäçe minut geçenden soň, biz “Niýaba Mendol” diýen ýazgyly bir jaýyň, Hartumyň ýerli polisiýa uçastogyna bardyk. Bu bina şeýle eýmenç ýagdaýdady welin, MIHG-ň türmesi bilen deňeşdireniňde duranja bir köşkdi. Meni poliseýleriň we MIHG işgärleriniň akymynyň mydama akyp duran galmagally bu ýerine alyp geldiler. Darajyk otagda men stoluň üstünde ýatan noutbugymyň sumkasyny gördüm. Mende ýene umyt uçguny uçganaklady. “*Belki, meni bu ýere zatlarymy gaýtaryp bermek üçin alyp gelendirler!*” Işgärleriň biri stoluň ýanyna gelip, noutbugymyň sumkasyny açdy.

— Bu siziň kompýuteriňizmi? — diýip, ony stoluň üstüne goýanda sorady.

— Hawa! — diýip, men sabyrsyzlyk bilen aýtdym.

Ol adam kagyza bir zatlar ýazyşdyrdy, soň kameramy we beýleki elektron enjamlarymy aldy. Ol şol bir soraglary yzly-yzyna berdi, soň şol bir soraglary beýleki enjamlar hakda sorady, soň olary sanawda sanady. “*Bu maňa degişli emlägi yzyna gaýtarma prosesi bolsa gerek*”.

Emma indiki ädim meniň ruhumy kül-peýekun etdi. Ol enjamlary yzyna goýmagyň deregine olary otagda duran poliseýlere berdi. “Indi sizde haýsy türmäniň has gowudygyny deňeşdirmäge mümkinçilik bolar” — diýip, ol it ýylgyrşyny etdi.

Şu pursatda men özümi aeroporta alyp gitjek bolmaýandyklaryna düşündim. Meni izolýatora ýerleşdirdiler, birnäçe minutdan soň bir adam ýanyma geldi-de: “Indi sizi bize geçirýärler, soň biz siziň işiňizi gowuja edip taýýarlarys-da, soň suda geçireris” — diýdi.

Mundan soň men howpsuzlyk gullugynyň generaly bilen duşuşdym. Men onuň gözenekli penjegini tanadym we meni Hartum aeroportunda sorag edişini ýada saldym. Ol meni arassa geýimde görende güldi, meniň gaýgyly ýüz keşbimi görende bolsa, has-da gatyrak gülüp başlady. Men onuň pursatdan lezzet alşyna seredip, hiç zat etmäge-de güýjüm ýetmän ejizlik bilen garaşyp durdum. Meni özümi boşadýandyrlar diýip pikir etmäge mejbur etmäge synanyşmagyň juda üstünlikli bolanyny boýun almalydyryn.




# 16

Men arassa geýimlerimi höwessiz çykardym-da, ony indi haçan görjekdigimi bilmän, çemodanyma salan hapa türme geýmimi geýdim. Men ýorganymy, geýimden birnäçe goşmaça zatlary, şampun, hajathana kagyzyny we içinde entegem sudan funtlary saklanyp galanyny haýran galma bilen tapan gapjygymy çykardym. Poliseýler maňa dermanlary-da — düzüminde demir saklaýanlaryny we birnäçe antibiotikleri almaga we olary polisiýanyň kabulhanasynda saklamaklyga tabşyrmaga rugsat etdiler.

Men ýönekeýje kamera alyp barýan adamyň yzyna düşdüm. Ol jaý ini dört ýarym metrdi, uzynlygy bäş metrdi. Üstüne hapa gyzyl haly ýazylan poluň üstünde on bäş sany adam otyrdy. Olaryň üçüsi çilim çekýärdi, porsy jaýyň içinde tüsse dumanlap durdy. Aýlanar ýaly ýer asla ýokdy, şonuň üçin men ýorgany pola goýup, aýbogdaşymy gurup oturdym. Ýöne munuň ýaly ýagdaýda otursam, onda gan öýmesiniň emele geljegini bilýärdim, eger şonuň ýaly bolaýsa, onda men ölýärdim.

Biz otuz inedördül meýdanda gysylşyp oturan ýigrimiden köp adam bolýançak, tussaglar uzakly gije geldi durdy. Kamerada ýekeje äpişgäniň bardygy sebäpli, wentilýator gyzgyn howa üfleýärdi. Jaýyň gapysy ýapykdy. Men kameradaşlarymyň arkalarynyň özüme degip duranyny duýdum. Men munuň ýaly çäklendirilen ýapyk ýerde bolmakdan gorkdum, özümi hapa duýdum.

Ertesi gün meni kameradan alyp çykdylar-da, polisiýa uçastogynyň üsti bilen “baş prokuroryň” otagyna alyp bardylar. Ol ýylgyrdy, men onuň güýçli kondisioner gurnalan otagyndaky

derili diwanyň üstünde oturanymda, ol kömekçisine maňa towuk etli sendwiç bilen kola getirmegi buýruk berdi. Şeýle hem, ol maňa özüniň dyrnak alýan gaýçyjygyny ulanmaga rugsat etdi — meniň dyrnaklarymy aýyrmak diýseň zerur gerekdi, ýöne gaýçyjygy öz ýanymda galdyrmagy teklip edende, men garşy çykdym-da, ony gaýtaryp bermelidigini nygtadym.

— Dogrymy aýdýaryn, alyber, sebäbi indiki gezek ol saňa gerek bolanda, sen eýýäm bu ýerde bolmaýarsyň — diýip, ol aýtdy.

Tizara men bu polisiýa uçastogynyň diňe MIHG-ň türmesiniň işini kabul edýändigini we Sudanyň howpsuzlyk gullugyna ýardam edýändigini, ýöne formal ýagdaýda onuň ýurisdiksiýasy astynda däldigini bildim.

“Seniň bu ýerde uzak wagtlap bolmajakdygyňa men ynanýaryn — diýip, prokuror aýtdy. — Tizara iş diplomatik ýol bilen çözülýär, soň seni boşadýarlar”.

“*Belki, bu daşyndan görnüşi ýaly aýylganç däldir*” — diýip, men prokuroryň sözüne ynanyp umyt etdim.

Men özümiň ganyň azlygyndan ejir çekýändigimi, maňa gaýtadan medisina barlagyny geçmegiň gerekdigini oňa düşündirdim. Ertesi gün ol meni keselhana äkitmelidigi hakda gürleşipdir.

Kärhana içeri işler Ministrliginiň gözegçiligi astyndady. Onda enjamlar MIHG —yň keselhanasyndakydan köpräk we arassarak ýalydy. Tereziniň üstüne çykanymda, aňk bolup galdym, dekabrdan bäri men ýigrimi iki kg. horlanypdyryn.

Lukman ganymy barlanda, ondaky gemoglobiniň öňküden has pesdigini bildi. Indi onuň zerur mukdarynyň diňe ýarymy bardy. Men özümde içki gan akma bardyr diýip pikir etdim. Aspirin esasly kelle agyrsy dermanynyň urgular bilen sazlaşmagynyň muny şeýle eden bolmagy mümkindi. Eger men öýde, Çehiýada bolan bolsam, lukmanlar meni eýýäm gan bermäge taýýarlap başlardylar. Bu ýerde, Sudanda bolsa, lukman polisiýa bilen gürleşip, meniň düzüminde demir saklaýan goşmaça iýmiti almagy dowam

etdiribermelidigimi aýtdy. Onuň üçin men özbaşdak tölemelidim, şeýdip, meni kamera alyp bardylar.

* * *

Indiki birnäçe günüň dowamynda meniň dymyk kamerama ýene köpräk adamy dykdylar. Indi biz ýigrimä golaý adamdyk. Bir gün ertir bilen men özümi has sustupes duýdum-da: “Rebbim, meniň boşadylmagyma ýene köp wagt barmy?” diýip, doga etdim. Meniň Hudaýa doga edenimi bir eritreýaly aňdy. Ol meniň ýanyma gelip, özüni tanatdy hem-de öz uýasynyň Hartumdaky eritreýa ýygnagyna barýandygyny aýtdy, ýöne onuň özüniň Isa Mesihiň täzeden doglan yzyna eýerijisi däldigini duýdum. Meniň şübhelerim dogry bolup çykdy, sebäbi ol maňa özüniň Sudanyň üsti bilen adamlary satandygy üçin tussag edendiklerini aýtdy.

Biziň hyryn-dykyn kameramyzda wagtlaýyn bolýan oňa we beýleki tussaglara Mesih hakda gürrüň bermegim üçin Hudaýyň meni bu türmä getirendigine düşünip başladym. Ol meni bu ýere, başga hiç hili mümkin bolan ýagdaýlarda duş gelmejek adamlaryma Mesihiň söýgüsi hakda wagyz etmegim üçin iberipdir.

Bir gün ertir bilen türmä on iki sany eritriýaly ýaş oglandan, iki aýaldan we iki çagadan ybarat topar getirildi. Olar liwiýa-sudan serhedinde saklanylypdyrlar. Aýallar bilen çagalary biziň kameramyzyň gabadyndaky kiçi kamera saldylar, on iki erkegi bolsa, biziň içinde eýýäm kyrk üç tussag oturan kameramyza saldylar. Şertler erbetleşip başlady. Kameradaşlaryňa munuň ýaly ýakyn bolan aralykda ýatmagam juda kyndy. Gije howa çydardan has sowuk bolanda, kamera söweş meýdanyna öwrülýärdi, sebäbi erkekler biri-birinden ýorgan aljak bolup, biri-birini urýardylar we depýärdiler.

Eritreýalylar on dört ýaşdan ýigrimi dört ýaşa çenli aralykdadylar. Günüň dowamynda olar bir burça üýşdüler-de, çilim

çekdiler we temmäki çeýnediler. Musulmanlar başga tarapy eýeläp, daşrakda boldular.

Bir gün men burçda oturyp doga edýärkäm, Hudaýyň özüm bilen gürleşýänini duýdum. Onuň sesi fiziki taýdan eşidilmeýärdi, ýöne Mukaddes Ruh meniň ýüregime ýüzlenip: "*Bar, şol adamlaryň ýanlarynda otur-da, olara Isa hakda gürrüň ber*" — diýdi.

Men buýruga tabyn bolma kararyna geldim-de, kameranyň içinden geçdim. Men oturan badyma, iňlis dilinde gürleýän iki eritreýaly derrew maňa sorag berip başladylar-da, meniň niredendigimi we türmä nädip düşendigimi soradylar. Men musulmanlaryň bardygyna garamazdan, hiç zatdan gorkman, olara Isa Mesih hakda aç-açan gürrüň berip başladym. Men olara imana geliş ýolumy suratlandyryp, öz şaýatlygymy gürrüň berdim, soň hem olary Isa Mesihi özleriniň şahsy Halasgäri hökmünde kabul etmäge çagyrdym. Men bu adamlaryň prawoslaw ybadathanasyna degişlidiklerini bildim, ýöne diwardaky ikonany ogşamagyň we oňa doga etmegiň zerurlygy hakdaky gürrüňlerden başga men olarda hakyky dindarlyk alamatlaryny görmedim.

Biziň gürrüňlerimiz dowam etdigiçe, Hudaý meniň ýüregime hemme zady öz içine alýan rahatlygy berdi. "*Indi Seniň meniň näme etmegimi isleýändigiňe düşünýärin*" — diýip, men doga etdim. Şonda Hudaý akla sygmajak zady etdi, men onuň ýaly zady asla göz öňüne getiribem biljek däldim! Iňlis dilinde gürleýän eritreýalylar biziň gürrüňlerimizi toparyň beýleki bölegine terjime etdi, şeýdip, günüň we agşamyň dowamynda bize gitdigiçe köp tussaglar goşuldy. Netijede *oglanlaryň on ikisem* Mesihi özleriniň şahsy Halasgäri hökmünde kabul etdiler.

Ertesi gün ertir bilen ýaş eritreýalylary alyp gitdiler-de, başga türmä geçirdiler. Şondan soň men olary hiç haçan görmedim. Şeýle-de bolsa, meniň ýüregim rahatlykdan doludy, sebäbi Hudaýyň olaryň durmuşlarynda nähili ullakan hem wajyp işi edendigini bilýärdim hem-de meni-de şol işiň bir bölegi edenine begenýärdim. "*Ine, meniň tussag edilmämiň maksady nämede eken! Ine, meniň*

*dogama berlen jogap!*" — diýip, men ahyrsoňy düşündim. Şol pursatda meniň pikirlerim çürt-kesik üýtgedi. Indi men özümiň abadançylygymyň we howpsuzlygymyň aladasyny etmedim. Hudaýyň meni bu ýere alyp gelmeginiň sebäbi meniň Onuň nury bolmagymdady, Injiliň habaryny wagyz etmegimdedi. Şol pursatdan başlap, men özüme näme boljakdygynyň aladasyny etmezlik kararyna geldim. Meniň geljegim Hudaýyň elindedi ahyry, bu gün we her gün meniň missiýam, kameramyň näderejede garaňkydygyna garamazdan, Mesihiň nury bolmagymda jemlenendi.

Men ýoluma kim goýberilse, şolaryň hemmesine Injili wagyz edip başladym. Men musulmanlardan seresap bolmaly boldum. Olaryň käbirleri Sudanyň howpsuzlyk gullugyna menden alnan, öz işimi derňemekde kömek edip biläýjek maglumatlaryň hemmesini habar berýän SMIHG-ň, gizlin polisiýanyň ynamly adamlarydylar.

— O, sen — amerikaly — diýip, olar meniň iňlisçe gürleýänimi eşidip aýdýardylar.

Meni duzaga düşürjek bolup, olaryň menden özüm baradaky köpräk maglumaty ýygnamaga çalyşýandyklaryny men bilýärdim.

— Men amerikaly däl; men — çeh.

Töweregimizde hemme ýerde içalylar bardy, ýöne biz olary şübheli soraglary berýändiklerinden kesgitlemegi öwrendik, şeýdip, birnäçe günden soň, duýdansyz ýagdaýda hyryn-dykyn kameradan alyp gidenlerinde, biziň şübhelerimiz tassyklanylýardy.

Erkekleriň sany kyrka ýetende, men kameranyň potologynyň beýikdigi üçin minnetdar boldum. Eger ol pes bolan bolsa, bizden kimdir biriniň ölmän galjakdygy gümanady. Ýer ýetmezçiligi, aýratynam, günüň dowamynda temperatura ýokarlanyp, kameranyň içi çydardan dymyk bolanda, ýiti mesele bolýardy. Men daşarda yssynyň kyrk gradus bolandygyny bilýärdim. Kameranyň çäklerinden daşarda wentilýator işleýärdi, ol howany doly durup galmaz ýaly edýärdi, ýöne ol durup işleýärdi we temperaturany sowadyp bilmeýärdi. Men başaran wagtymda, derli tenleriň içinden geçip, arassa howadan dem almak üçin äpişgäniň ýanyna

barýardym. Men gözenek goýlan gapyda hem, ýeňiljek şemalyň ýokdugyny gördüm. Mende poluň üstünde ýatmaga mümkinçilik ýokdy. Munuň deregine men mydama kä aýbogdaşymy gurup oturmaly bolýardym, ýa-da dik durmaly bolýardym. Dik durmak maňa agyryly bolýardy, şonuň üçin günüň aglaba bölegini kameradaşlarym, edil men ýaly betbagtlar bilen egin-egne berip durup geçirýärdik.

Açlyk gandyrar ýaly däldi, şol sebäpden men onuň öz aşgazanymy mydama ýonýandygyny duýýardym. Gün içinde bize iki gezek gaýnadylan bob berýärdiler. MIHG-ň türmesinde berilýän *fuladan* tapawutlylykda bu boblar tagamsyzdy. Noýbany bir ullakan jama salýardylar-da, ony tegelek heňläp başlan sudan çöregini plastik pakete salyp, bile berýärdiler. Bize noýbany alar ýaly çörek gerekdi, ýöne ol bize mydama ýetmezçilik edýärdi. Sudanlylar çep ellerini hajathana kagyzynyň deregine ulanýandyklary sebäpli, iýmiti diňe sag elleri bilen iýýärler. Men özümi seresap alyp barmaga çalyşýardym we umumy jamdan iýenimde diňe sag elim bilen iýýärdim, sebäbi men nahary hapalaýaryn diýip pikir etjek kameradaşlarymyň göwünlerine degmek islemeýärdim.

Käwagt birinji nahar ertir sagat 11-de başlanýardy, ýöne köplenç nahary birnäçe wagt giç hem getirýärdiler. Boblaryň hem çöregiň ikinjisini biz garaňky düşenden soň alýardyk. Maňa azajyk iýmit gerekdi, men ony düzüminde demir saklaýan dermany iýmek üçin iýmelidim, şonuň üçin mümkin bolanda, men birje döwüm çöregi, ertirlik nahary gijä galaýan ýagdaýynda iýip, derman içmek üçin saklaýardym. MIHG-ň türmesinde maňa we IGIL-den bolan kameradaşlaryma berlen iýmitiň nähili ýigrenji bolandygy ýadyma düşýär, ýöne indi ony nähili isleýärdim!

Biziň kameramyzyň içine hapa gyzyl çüýrük suwuklykdan “haly” ýazylyp durdy. Daşarda iki hajathana bardy, bize oňa barmak üçin iki gezek rugsat edilýärdi. Iki sany garawul maňa gazaply daralany üçin nebsi agyryp, käwagt birinji bolup gitmäge rugsat edýärdiler, şol wagt başgalary bolsa, beýleki tussaglar baryp

gelýänçäler, bilgeşleýin garaşmaga mejbur edýärdiler. Polisiýa uçastogynda hajathanany kanalizasiýasyz ulanmak adaty iş ýaly bolup görünýärdi, şonuň üçin men öz işimi eýýäm doldurylan hajathanada etmeli bolýardym. Bizde sabynyň kiçijik bölejigi bardy, ýöne men elimi çalt ýuwsam, onda ol typyp, hapa poluň üstüne düşýärdi.

Bu türmede bolan ilkinji üç günümiň döwamynda maňa: “Eger saňa şertler ýaramaýan bolsa, onda hat üsti bilen arzyňy ýazsaň, biz seni yzyňa howpsuzlyk gullugynyň türmesine iberýäris” — diýdiler.

MIHG-ň türmesine gaýdyp barma pikiri meniň üçin örän özüne çekiji boldy, şonuň üçin men özümiň resmi taýdan arza ýazsam bolýanmydygyny täze kameradaşlarym bilen maslahatlaşma kararyna geldim. “Nähili ýagdaý bolsa-da, oňa gaýdyp barma. Sen bu ýere öwrenişersiň” — diýip, maňa duýduryş berdiler.

Şweýsariýanyň ilçihanasynyň wekilleri gelende, men polisiýa uçastogynda ýaňy bir hepde bolupdym. Olar meniň işimiň gidişini synlamak üçin bellenilipdirler. Uzak wagtlap prokuror bilen gürrüň edenlerinden soň, olar maňa jenap Slamanyň, öňden meýilleşdirilişi ýaly, 8-nji aprelde meniň bilen boljak duşuşyga gelip bilmeýändigini, indi meniň işime özleriniň seretjekdiklerini aýtdylar.

* * *

“Niýaba-Mendol” polisiýa uçastogyna gelenimde, sudan prokuraturasynyň derňewiniň ýene birazrajyk wagtlap dowam etjekdigine düşündim. Olar gaýta-gaýta “Belki, ertir bolar” diýip gaýtalaýardylar. Gün geçdigiçe meni köp birahatlyk gurşap alýardy. Hyryn-dykyn kameradaky erbet ys bilen göreşenimde, howsala düşýärdim we haçan hem bolsa bir wagt bu ýerden azatlyga çykyp biljekmidigim hakda pikir edýärdim.

Meniň “jenaýatlarymyň” derňewi, ahyrsoňy, 20-nji apelde täzeden gozgaldy. Meni sorag edilýän otaga alyp bardylar-

da, prokuroryň garşysyndaky oturgyçda oturtdylar. Men jogap bermekden boýun towlan soraglaryma garaşdym.

Men stoluň üstüne seredenimde, onuň üstünde açyk ýatan galyň papka seredenimde, elipbiý tertibinde ýazylan sanawy gördüm. Oňa gözümi aýlanymda, birnäçe sekuntdan soň, onuň Addis-Abebadaky konferensiýa gatnaşanlaryň sanawydygyna düşündim. Konferensiýa wagtynda içalylyk etmek üçin döwletiň goýberen körsyçanlaryndan başga-da, oňa gatnaşanlaryň biriniňem maglumatçy bolanyna men derrew düşündim. “*Sudan döwleti başga nähili ýol bilen atlaryň doly sanawyny alsyn?*”

Prokuror menden konferensiýa gatnaşanlar hakda sorap başlady.

— Sen Jon Martin bilen tanyşmy? — diýip, ol gyzyklandy.

Meniň jogaplarym mümkin boldugyça gysga boldy, sebäbi meniň beren islendik maglumatym özüme we atlary sanawda ýazylan beýleki mesihilere garşy ulanylýardy.

— Belki, men Jon bilen tanyşdyryn, ýöne ýadyma düşenok — diýip, men aýtdym. — Ol Amerikadanmy? — Men häkimiýete ýardam etmekde aýyplap bolmaz ýaly, şol bir wagtyň özünde-de, hiç hili hakyky maglumaty bermez ýaly, elimden gelen zatlaryň hemmesini etdim. Mundan başga-da, jogap eýýäm prokurora bellidi.

— Konferensiýada koreýaly mesihi barmydy?

— Meniň bilşime görä, bir aziýaly bardy, men anyk bilemok — diýip, men jogap berdim.

Soraglar biri-biriniň yzyndan dowam etdirildi. Sorag etmäniň düýbünden netijesizdigini görende, ahyrsoňy, prokuror papkany ýapdy-da, ýerinden turdy. Ol daşary çykanda, meni yzyma kamera alyp gitdiler.




# 17

Çeh konsullygynyň işgäriniň meniň ýanyma birinji gezek gelip gideninden soň, öz işime seretmeklige üç aý dagy wagtyň gitjegine düşündim. Ýöne apreliň ortalarynda men Sudandaky tussaglykda eýýäm dört ýarym aý bäri bolup ýördüm.

Tizara meni suda çagyrdylar. Ahyrsoňy men özümi nämede aýyplaýandyklaryny birinji gezek bildim. Görüp otursam, maňa garşy birnäçe aýyplama ýöňkelipdir, ýöne olaryň diňe ikisi — öz yzy bilen ölüm jezasyny alyp gelýän ikisi ýadymda galdy. Ýurduň häkimiýeti daşary ýurt raýaty babatda ölüm jezasyny ýerine ýetirmezliginiň mümkindigini men bilýärdim, ýöne özüme çykarylan hökümi eşidenimde, gaşlarymy çytanymy bilmän galdym. Men öz maşgalam, olaryň meniň üstüme abanyp duran ölüm jezasy baradaky habary nähili kabul etjekdikleri hakda pikir etdim. Men aýalymyň gözýaşlaryny, çagalarymyň hasratyny, ýygnagymyň gussasyny göz öňüne getirdim.

Şol wagt bolaýmagy diýseň ahmal bolan ömürlik türme tussaglygynda bolma howpy meniň başymy aýlady. Aklawçy maňa seredeninde, gözlerimde betbagtçylyk hem gorky gördi. Men galan ömrümi sudan türmesinde geçirmegiň, aýalymy, gyzymy hem oglumy we beýleki ýakynlarymy indi hiç haçan görmezligiň nähili boljakdygyny göz öňüne getirmäge synanyşdym. Hatda ýene ýigrimi ýyly türmede geçirmeklik maňa mümkin däl ýaly bolup göründi. Eger sudan döwleti, özümiň umyt edişim ýaly, meni eýýäm oturan möhletime deň bolan tussaglyk möhletine höküm eden bolsa has gowy bolardy. Munuň ýaly hadysa şunuň ýaly

ýagdaýlarda bu ýurtda ýygy-ýygydan bolýan zatdy. Eger şonuň ýaly bolsa, onda men ine diýmän ýene azat adam bolardym.

Şol pursatlarda men resul Petrus hakda pikir etdim, ýöne onuň adyny göterýänim üçin däl. Ölümden direleninden soň Isa şägirtleri bilen duşuşanynda, Petrusdan üç gezek: “Sen Meni söýýärsiňmi?” diýip sorady. Men Isanyň Petrusyň beren jogabyndan soňky aýdan sözleri hakda pikirlendim: “Hakykatdan-da, Men saňa dogrusyny aýdýaryn, ýaşkaň özüň biliňi guşap, halan ýeriňe gidýärdiň, emma garranyňda elleriňi uzadyp durarsyň, seni başga biri guşandyryp, halamaýan ýeriňe alyp gider” (Ýohanna 21:18). Türme meniň gitmek islemeýän ýerimdi, ýöne men bir zada berk ynanýardym: meni bu ýere Reb getirip goýdy, şonuň üçin maňa näme boljakdygyna garamazdan, Onuň beýle etmeginiň öz sebäpleri bardy.

* * *

Sud işiniň diňlenilmesinden gaýdyp gelenimden soň, özümiň hyryn-dykyn kameradan ýekelikde oturylýan kiçiräk, ini iki metr we uzynlygy dört metr kamera geçiriljekdigimi bildim. Meniň birinji gezekki MIHG-ň türmesindäki “sowadyjyda” bolanymdakydan tapawutlylykda, bu gezek kamera yssydy. Potolok meniň geçirilen uly kameramdaka seredende, esli pesdi (ol şeýle bir pesdi welin, men hatda oňa elimi uzadanymda hem ýetip bilýärdim) we diwaryň ýüzüne goýlan uly çal plita kiçi giňişligiň içindäki yssynyň jöwzaly howasyny saklaýan izolýasiýa bolup hyzmat edýärdi.

Mundan başga-da, meniň birinji ýekelikdäki kameramdan tapawutlylykda, bu hakyky ýekelikde oturylýan kamera däldi. Koridoryň aňyrsynda ummasyz köp tussagdan doly kamera bardy. Eger sesimi gataltsam, men olar bilen gürleşip bilerdim diýip pikir edýärin. Olaryň käbirleri maňa Hasan bilen Kuwany ýatladýardy, soň men ýene bir gezek özümiň sudanly doganlarym üçin Hudaýa doga etdim.

Bu kiçijik kamera şeýle yssydy welin, der şobada bugarýardyda, deriňde duzuň kristallaryny galdyrýardy. Içerde mydama tozan uçup ýörýärdi, şonuň üçin her gün ertir bilen men ony burçda ýatan kiçijik sübse bilen süpürmeli bolýardym.

Gije men ýorganyň üstünde uklamaga çalyşýardym, ýöne her gün irden ýüzümi poly örtüp duran hapa, peşew we täret siňen halyça berip ýatan ýagdaýda oýanýardym. Her hili usullar bilen, hatda bu agyr ýagdaýlarda hem, men derrew çuň asuda uka gidýärdim. MIHG-ň türmesinde, şeýle hem, "Niýaba Mendola" polisiýa uçastogynda geçiren wagtymyň bütin dowamynda şeýle asuda ukuda ýatyp bilenimi düşündirip bolmaýardy!

Käwagt ukynyň öz beýnimiň tapdan düşmesiniň we aklymyň halys bolmasynyň netijesidigine düşünýärdim. Ýöne käwagt Hudaýyň düýşler arkaly meniň bilen göni gürleşýändigini men duýýardym. Düýşlerimiň birinde men pasportymy gaýtaryp berenlerini gördüm. Ol şeýle bir könelipdi welin, bölünäýjek ýaly bolup durdy. "*Bu nämäniň alamatyka? Hudaý, Sen meniň tussaglygymyň özümiň garaşyşymdan has uzak boljakdygyny aýdýarsyňmy?*"

* * *

Apreliň ahyrynda jenap Slama polisiýa uçastogyna ýene meniň ýanyma geldi. Ol birnäçe aýdan soň çeh döwletiniň özüni başga bir täze ýere işe ugradýandygyny, indi özüniň Kairde bolmaýandygyny aýtdy. Men oňa eden ýagşylygy we maşgalam bilen gürleşip, olara göwünlik bereni üçin minnetdar boldum. Men özümiň indiki goragçymyň maňa, edil jenap Slama ýaly, gowy hem ünsli bolmagy üçin Hudaýa doga etdim.

Jenap Slama bu gezek gelende, maňa sowgatlaryň iň gowusyny — maşgalamdan gelen üçünji haty we çeh dilindäki Mukaddes Kitaby getirdi! Men öz gözlerime ynanyp bilmedim. Ol Mukaddes Kitabyň konsullygyň täze işgärinden sowgatdygyny we maşgalamyň haýyşy boýunça berlendigini aýtdy. Ahyrsoňy, men Hudaýyň

gymmatly Sözüni tutup we onuň ajaýyp wadalarynyň üstünde pikirlenip bilýärin! Şol pursat dekabrda tussag edilelim bäri bolan iň bagtly pursat boldy hem-de bu ýönekeý hereket meniň jenap Slama bilen dostlugymy has çuň derejä göterdi.

Maňa ilkinji gezek maşgalamdan gelen haty ýanymda saklamaga rugsat etdiler. Jenap Slama bolan soňky duşuşykdan soň, men ony Mukaddes Kitabyň içinde gizledim-de, kamera gaýdyp gelenimden soň, ony okajak bolup, poluň üstünde oturdym. Ýöne äýneksiz, hatda gözlerimi ýumjardyp seredenimde hem, hiç zat görüp bilmeýärdim. Şrift juda ownukdy.

Iki günden soň, ahyrsoňy, maňa goşlarymyň içinde duran äýnegim bilen ruçkamy almak başartdy. Indi görüp bilenimden soň, maşgalamdan alan hatymyň boş ýerini Mukaddes Kitaby okandaky pikirlerimi ýazmak üçin ulandym, tiz wagtdan tutuş sahypa Mukaddes Ýazga salgylanmalardan, dogalardan we Rebbiň maňa beren pikirlerinden doldy. Men özüme Mukaddes Kitaby okamaga näçe wagt rugsat etjekdiklerini bilmeýärdim, şonuň üçin nebsewürlik bilen aýatlary ýat tutup başladym.

Her gün ertir sagat 8-den 04:30 ýa-da öýlän sagat 5-e çenli-de meniň kamerama, men kitap okap biler ýaly, ýeterlik Gün şöhlesi düşýärdi. Men Mukaddes Kitaby gapydaky ýa-da äpişgedäki gözenege gysdyryp goýýardym-da, başardygymça köp okaýardym. Ozal hiç haçan Hudaýyň Sözüne beýle açlygy duýmandym. Gelip çykyşdan Aýanlyga çenli okap çykmak üçin maňa bary-ýogy üç hepde gerek boldy. Men öz ünsümi has özüne çeken ýa-da özüme aýdylýandyr diýip pikir eden her bir aýadymy ýat tutdum. Mezmurlar we 1Korintoslylar 10:13 maňa aýratyn teselli getirdi: "Siz her kişiniň başyna gelýänden başga hiç bir synaga salynmadyňyz. Hudaý dogruçyldyr, Ol size güýjüňizden öte synalmagyňyza ýol bermän, döz gelip bilmegiňiz üçin, synag bilen bilelikde çykalga-da açar".

Tizara men Mukaddes Kitaby okamanyň meýilnamasyny işläp düzdüm. Duşenbe güni men Mattanyň Hoş Habaryny okadym,

sişenbe güni — Markusyň Hoş Habaryny okadym. Çarşenbe güni Lukanyň Hoş Habaryny öwrendim, penşenbe güni bolsa — Ýohannany öwrendim. Anna güni gelede, men Resullaryň işlerine taýýar boldum, indiki gün bolsa, Rimlilere hata geçdim. Her gün men Mukaddes Kitabyň bir kitabyny öwrendim. Hudaýyň Sözüne şeýle netijeli daramaklyk maňa tutuş Mukaddes Ýazga täzeden çuň düşünmekligi berdi.

Men Mukaddes Kitaba düýbünden başga nukdaýnazardan düşünmäge başladym. Öňki gowy düşünýändirin öýden parçalarym indi meniň üçin täze, üýtgeşik mana eýe boldy, düşünmeýänlerim bolsa, düşnükli boldy. Men Mukaddes Kitabyň niresini, Köne Ähti ýa-da Täze Ähti, agşam hem, Mukaddes Ruh maňa täze çuň hakykatlary görkezdi. Men gizlinlikde öz öňümde açylan şol ajaýyp hakykatlary ýazmak üçin goşlarymyň arasyndan alan ruçkamy hem maşgalamdan gelen haty ulandym. Men her gün Hudaýyň Sözi bilen şunça wagtymy geçirip bilýändigime begenmegimi bes etdirmedim we Hudaýyň maňa şunuň ýaly artykmaçlygy — Mukaddes Kitaby okamakdan başga hiç zat etmezligi näme sebäpden beren ekendigine haýran galdym.

Ramazana az wagt galanda, polisiýa akademiýasyndan tejribe geçmek üçin türmä birnäçe sany iňlis dilinde gürleýän ýaş kursant geldi. Halypalary ýanlarynda ýokka we olara hiç kim seretmeýärkä, kursantlaryň käbirleri maňa örän dostlukly garadylar, şonda mende olara Injili wagyz etmäge birazajyk mümkinçilik peýda boldy.

— Sen näme okaýarsyň? — diýip, bir gezek kursantlaryň biri gyzyklandy.

— Men Mukaddes Kitaby okaýaryn — diýip, men jogap berdim.

— Mukaddes Kitap näme?

— Mukaddes Kitap — bu *Injil*, ýagny Isanyň Hoş Habarynyň arapça ady — diýip, men düşündirdim.

Gürrüňdeşlige beýleki kursant goşuldy.

— Mukaddes Kitap bilen Gurhanyň arasynda nähili tapawut bar? — diýip, ol gyzyklandy. Bu Mesihiň nähili ölendigi, Onuň olary

söýýändigi we Isanyň Hudaýa barýan ýeke-täk ýoldugy hakdaky gürrüňe başlamak üçin hut maňa gerek soragdy. Kursantlaryň ikiside, Injile düşündiler, şonuň üçin gürrüňiň ahyrynda özleriniň köpräk bilmek isleýändiklerini aýtdylar. Men Rebbiň özümi, hatda, türmedede şeýle güýçli usulda ulanmagy dowam etdirýänine begendim.

* * *

Alty hepde geçenden soň, meniň bilen soňky gezek duşuşmak üçin jenap Slama geldi. Ol öýden, hut aýalymyň özünden, gyzymyň iňlis diline terjime eden haty alyp geldi. Men äýnegimi dakynyp, her bir setiri uly yhlas bilen okamaga başladym.

*“Gadyrly Pýotr!*

*Geçen hepdede biz sen hakda täze habar aldyk we biziň hatlarymyzy okap bileniňe begendik. Indi saňa hatlary ýygy-ýygydan ugradyp durarys.*

*Men seniň hatyňy gizledim, ony ýygy-ýygydan okaýaryn we onuň seniň eliň bilen ýazylanyna begenýärin...*”

Wandanyň hata birnäçe wajyp gizlin bölejikleri goşanyny men aňdym. Ol Çeh respublikasyna ýazyň gelenini maňa habar berenden, maşgalamyzdaky itiň we öz ene-atasynyň gowulygy hakda ýazandan soň Wanda: “*Bize iňlis dili mugallym bilen onuň adamsy yzygiderli gelip durýar*” diýip ýazypdyr. Men gürrüňiň “Ejir çekenleriň sesiniň” sebitdäki Afrikan sebti boýunça müdiriniň orunbasary, meniň okadýan adamym hakda barýandygyny bildim. Men türmedekäm, ol meniň Afrikadaky işimiň bir bölegini öz üstüne alypdyr.

Wanda, şeýle hem, “*Wawa gematologiýany öwredýän daýy ýene myhmançylyga gelýär*” diýip, meniň “Ejir çekenleriň sesindäki” kömekçimi, Kiti göz öňünde tutup ýazypdyr. Kit meniň gadyrdan dostum bolup, men ony medisina ulgamynda işläp başlalym bäri tanaýaryn, indi hem, ol meniň maşgalamyň aladasyny edip, men ýokkam, meniň borçlarymy ýerine ýetirmäge kömek edýärdi. Men: “*Onuň demirgazykdaky dostlary özlerinde köp garyň ýagandygyny, onuň hemme zady agardandygyny gürrüň berýärler*” diýen sözleri ýeňillik duýup okadym, sebäbi bu kodly sözler bolup, Wanda olary “Ejir çekenleriň sesiniň”, “Kitiň demirgazykly dostlarynyň”, ýagny Demirgazyk Amerikadan bolan dostlarynyň meni özleri bilen baglanyşdyrýan hasabat ýazgylarynyň we parollaryň hemmesini arassalandyklaryny maňa habar bermek üçin ulanypdy.

Wanda haty meni juda tolgundyran we ýüregimiň jümmüşine çenli täsir eden sözler bilen tamamlapdyr. Ol özüniň meniň üçin dynman Hudaýa doga edýändigini, meniň ýüregime parahatlyk isleýändigini, meni küýseýändigini we basymrak öýe gaýdyp barmagyma umyt baglaýandygyny ýazypdyr. Ol bilelikde geiçiren ýyllarymyzyň dowamynda bolup geçen ajaýyp pursatlary ýatlaýar. Gije ýatmazynyň öň ýanynda, ol meniň özüniň ýadyndadygymy gaýtalaýar, her gün irden bolsa, “Günüň ilkinji şöhleleri” bilen maňa salam ýollaýar.

Hat uzyn däldi, ol ruçka hem syýa bilen ýazmagyň deregine tizara meniň bilen ýüzbe-ýüz gürleşmäge umyt baglaýandygyny ýazypdyr. Wandanyň ondan soňky ýazan zady, keselhanada onuň näme üçin meniň ünsümi özüne çekenini, ony näme üçin şeýle söýenimi we näme üçin oňa öýlenenimi we näme üçin şu wagta çenli-de, ony bütin ýüregim bilen söýýänimi maňa ýatlatdy. “Hatda şu agyr ýagdaýda hem, biz ýeke däldiris. Biz Hudaýyň elindediris” — diýip ýazypdyr. Ol haty: “Seni berk gujaklaýaryn we ogşaýaryn. Seniň Wandaň”.

Jenap Slamanyň we “Niýaba-Mendol” polisiýa uçastogyndaky prokuroryň ýanynda maňa maşgalama ikinji haty ýazmaga, ýöne iňlis dilinde ýazmaga rugsat etdiler.

*“Meniň ezizlerim!*

*Ýazan hatlaryňyz üçin köp sag boluň. Olar maňa ullakan ruhlandyrma bolup hyzmat etdi. Siziň ýagdaýlaryňyzyň gowudygyna men şat. Meniňem ýagdaýlarym gowy. Bu wagtyň bütin dowamynda Reb bu ýerde meniň bilen bolýar we meni Öz Patyşalygy üçin ulanýar. Men Reb bilen wagtymy gaty gowy geçirýärin we dynman hemmäňiz üçin Hudaýa doga edýärin.*

*Bu synaglar biziň güýjümiziň çäklerinden çykmaýar, Reb hem wepaly we dogruçyl bolany üçin bize ýagdaýdan çykalga taýýarlady. Haýyş edýärin, Rebde güýçli boluň we Oňa ynanyň, Ol hemme zady Öz gözegçiligi astynda saklaýar ahyry. Meniň kameramyň açaryny elinde saklaýan Oldur.*

*Şeýle hem, fewralda iberen dermanlaryňyz üçin sag boluň. Meniň dermanym ýeterlik. Meniň saglygym durnukly, men mydama gemoglobiniň üstüni ýetirip durun. Mundan başga-da, men doly güýjümde we her gün kameranyň içinde köp aýlanyp ýörýärin.*

*Men siziň dogalaryňyzy örän gymmat hasaplaýaryn we siziň hemmäňize bolan söýgimi hem-de sizi nähili küýseýänimi söz bilen beýan edip bilemok.*

*Biziň dogalarymyz bilen, meni basymrak boşadarlar diýip umyt edýärin.*

*Haýyş edýärin, dostlarymyzyň, doganlarymyzyň we işdeşlerimiziň hemmesine bütin maşgalalaryna salam aýdyň.*

*Hudaýdaky ägirt uly söýgi bilen,*
*Pýotr*".

* * *

5-nji maýda ruhy çopan Hasan bilen Monimi hem, MIHG-ň türmesinden edil meniň gabadymdaky kamera geçirdiler. Olaryň goňşy kamera gelmekleri meni juda begendirdi. Olar hem meni görenlerinde haýran galdylar, sebäbi olar, meniň soňrak bilşime görä, 29-njy martda MIHG-ň türmesinde otyrkalar, garawulyň meni, goş goýulýan ammardan çemodanymy almak üçin, olaryň kamerasynyň ýanyndan alyp geçenlerinde görüp haýran galypdyrlar. On günden soň, ruhy çopan Kuwa hem geldi.

Meniň ol doganlary görenime bir aýdan gowrak wagt geçipdi, şonuň üçin olar bilen gürleşmäge şeýle teşnedim. Käwagt olara meniň kameramyň öňünde saklanmaga rugsat edýärdiler, şonda biz pyşyrdaşyp gürrüň edýärdik. Maýda men ruhy çopan Hasanyň öz maşgalasyndan Täze Äht alanyny eşitdim. Men indi onda hem Hudaýyň Sözüniň barlygy üçin minnetdar boldum. Indi ol oňa daýanyp hem ony öwrenip bilýärdi.

Dürli kameralarda gabalgy oturandygymyza garamazdan, biz biri-birimiz bilen goldaýjy aýatlary paýlaşýardyk. Biziň kameralarymyz bary-ýogy bäş metr aralykda ýerleşýärdi, ýöne wentilýatoryň güwwüldisi gulagyňy gapdyryp barýardy. "Rimliler 8:18 okaň" — diýip, men özümi eşitmekleriniň mümkindiginden

çekinmän gygyrdym. “Meniň pikirimçe, şu wagtky görgüler bize aýan boljak geljekki şöhrat bilen deňeşdirer ýaly däl”. Bu aýady men maşgalamy ruhlandyrmak üçin ulanypdym, indi bolsa, ony dostlarymy ruhlandyrmak üçin ulandym.

Monim dogan biziň Mukaddes Ýazgy baradaky ýuwaş gürrüňlerimize gatnaşýardy, emma Mukaddes Kitap aýatlaryny gygyryp aýtmaýardy we beýleki tussaglara Mukaddes Kitaby okap bermeýärdi. Hasanyň we Kuwanyň maşgalasy Nuba dagyndaky mesihilerdiler, ýöne Monim welin, musulman maşgalada doglupdy, şol sebäpden hem, beýleki musulmanlaryň we Sudanyň yslam döwletiniň nazarynda ol musulman bolmalydy. Bu bolsa, eger Monim mesihi bolsa, onda onuň üstüne musulman kameradaşlary tarapyndan abanýan howpdan başga-da, oňa ýöňkelýän aýyplamanyň üstüne dinden çykanlyk aýyplamasynyň hem goşuljakdygyny aňladýardy. Şoňa görä-de, türmedekä ol öz imanyny gizlinlikde saklaýardy. Biziň soňky bolan türmämizden öň bolan türmämizde musulmanlar Monimden, hatda ymam bolmagyny-da haýyş etdiler!

Soňrak Kuwa bilen Hasan özleriniň musulman maşgalalardan imana täze gelenlere, özleriniň Mesihe bolan imany hakda töweregindäkilere gürrüň beren wagtynda seresap bolmagy maslahat berýändiklerini maňa düşündirdiler. Monimiň türmededigi we sud edilmelidigi ýagdaýy diňe has agyrlaşdyrýardy.

Iki hepde geçenden soň, garawul meniň kamerama şweýsar konsullygynyň ugradan sowgadyny alyp geldi. Sowgadyň içinde iki çüýşe şampun bilen Pol Jonsonyň “*Isa. Onuň ömür durmuşy*” atly kitabynyň çeh dilindäki terjimesi bardy. Kitaby açan wagtymda, kitap daşynyň aşagynda gizlenilen maşgalamyň ýazan hatyny tapdym. Men: “Siziň gowy ýagdaýdadygyňyza we gowy iýmitleri alýandygyňyza biz örän şat” — diýen sözleri okadym.

Elbetde, bu hakykat däldi. Bu maglumat baş prokuroryň we aprelde ýanyma gelip gidenden soň konsullygyň işgäri arkaly konsullyga berlendi. Ýöne aslynda men gaty erbet ýagdaýdadym,

meniň iýmitimem dört gezekden iki gezege getirilipdi, gijelerine bolsa, kameranyň içinde alakalar ylgaşýardylar.

Saklanylma şertleriniň ähli jähtlerinde bu polisiýa uçastogyndaky ýagdaý meniň şu wagta çenli bolan türmelerimdäkilerden has erbetdi, ýöne aklawçym bilen yzygiderli gatnaşyk saklamak we ilkinji zerur zatlary satyn almak üçin özümiň sudan walýutamy ulanma mümkinçiliginiň barlygy sebäpli, şweýsar konsullygynyň işgäri gowy diýen netijä gelipdir we maşgalama meniň saklanyş şertlerimiň gowulaşandygyny aýdypdyr. Indi maşgalamyň meni beýle güýçli gaýgy etmejekdigini bilenimde men rahatlandym.

Men haty okamagymy dowam etdirdim we ygnak maşgalamyň her gün agşam 8-de yzygiderli agyz bekläp, meniň üçin Hudaýa doga edýändigini bildim. Men okamagymy goýup, derrew Praga bilen Hartumyň arasyndaky wagtyň tapawudyny hasaplap başladym. “Sagat sekiz... Hut şol wagtda men ýatýaryn!” Hudaýyň öňünde meniň üçin töwellaçylyk gullugyny etmäge özüni bagyş eden hut öz ýygnagymyň edýän dogalarynyň, hiç zada garamazdan, gijelerine arkaýyn ýatmaga mümkinçilik berýändigine düşündim.

Kitabyň daşlygynyň içinde hem ikinji hat gizlenilipdi, ony çykaranymda, Wawanyň hem maňa hat ýazandygyna begendim. Onuň hatyny okanymda, men Sudanda türmedekäm, özümiň kiçijik gyzymyň öz üstüne nähili jogapkärçiligi alanyna içimden guwandym.

Ol maňa oglumyz Pýotryň, soňky minuda çenli garaşyp oturman, ýeterlik wagty bolar ýaly we howlugyp stres duýmaz ýaly, derňewlerini öz wagtynda başlap, kwalifikasilaşdyrylan bakalawr işini ýazýandygyny ýazýar. Wawa, şeýle hem, meniň soňky hatymda ýazan sözlerimiň özüni örän ruhlandyrandygyny habar berýär. Ol: “Bütin maşgalada ýene umyt peýda boldy. Seniň hatyň ejeme täze güýç berdi” — diýip ýazypdyr. Men bu setirleri okap, diýseň tolgundym. Özümiň şeýle uzakdadygyma, sudan türmesindedigime garamazdan, öz maşgalamy ruhlandyryp hem goldap we olara şatlyk getirip bilipdirin.

Tizara Wandanyň doglan güni bolýar. Bu biziň nikada bolan ýyllarymyzdaky mensiz geçirmeli bolan birinji doglan günüdi. Bu baradaky pikiriň özi meni juda gynandyrdy, ýöne Pýotr bilen Wawanyň ejeleriniň doglan gününe gaty gowy sowgat saýlandyklaryny bilmegim meniň üçin diýseň ýakymly boldy. Olar oňa täze telefon satyn alma kararyna gelipdirler, sebäbi indi ol köp wagtyny telefonda jaň edip geçirýärdi. Men ýylgyrman bilmedim. Men gyzymyň Wanda täze apparaty, onuň öz hatynda ýazyşy ýaly, "täze täzeligi" nädip ulanmalydygyny öwredişini göz öňüne getirdim.

Aýalymyň meni diýseň göresi gelipdir, şonuň üçin onuň çagalaryň ýanynda öz emosiýalaryny gizlemäge çalşyşyny göz öňüne getirdim. "Käwagt ol ony inim ikimizden gizlemäge synanyşýar, ýöne bu oňa başartmaýar" — diýip, Wawa ýazypdyr. Men Wandany göz öňüme getirenimde, ony birden ýalňyzlyk we ejizlik duýgusy gurşap alanda, gussadan dolýan ýüzüni gördüm. Meniň ýoklugymyň döredýän agyrysy bilen göreşip, çagalarymyz üçin güýçli bolmaga çalşyşyny göz öňüne getirdim. Şu wagt çagalarymyzyň onuň ýanyndadyklary, ony goldaýandyklary we köşeşdirýändikleri, ýüküni paýlaşýandyklary hakda pikir edenimde, birazajyk ýeňillik duýdum. Eger Wanda ýeke bolup, bu zatlaryň hemmesini ýekelikde çekmeli bolan bolsa, onda ol muňa hötde gelip bilmezdi diýip pikir edýärin. Gyzymyz ejesiniň Mukaddes Kitaby, şeýle hem, XV asyryň başlarynda, Germaniýadaky protestant Reformasiýasy başlanmazyndan ýüz ýyla golaý wagtdan öň Pragada ýaşan çeh ylahyýetçisi we Ýygnak reformatory Ýan Gusuň hatlaryny nädip okaýanyny görüpdir. Rimiň Mukaddes Kitaba garşy bolanlaryna garşy zatlary ýazandygy we wagyz edendigi üçin Konstansiýadaky türmä salnan Gus özüniň "Konstansiýadan hatlaryny" 1415-nji ýylda otda ýakylmasyna garaşyp otyrka ýazýar. Indi bolsa, Gusuň 500 ýyl mundan ozal türme kamerasynda ýazan haty, 2016-njy ýylda türme kamerasyna salnan öz adamsyna garaşýan we

ony gaýgy edýän meniň Wandamy ruhlandyrýardy. Men, şeýle hem, maşgalamyzyň beýleki agzalarynyň we ýygnagymyzdaky dostlarymyzyň aýalyma goldaw edýändiklerini bildim. Olaryň meniň aýalym bilen günde gürleşýändiklerini we biziň üçin Hudaýa dyngysyz doga edýändiklerini bildim.

Oglum hakda pikir edenimde, men ýylgyrdym. Ony ruhlandyrmak üçin men öýde bolmagy diýseň isledim. Wawanyň özüniň täze işi hakda beren gürrüňini okanymda, özümiň köp ýyllar mundan ozalky keselhanadaky birinji işim ýadyma düşdi. Gyzymyň sözlerine görä, ony Pragadaky keselhanalaryň birine işe alypdyrlar, ýöne oňa barmak üçin ýola bir sagat gidýärmiş. Oňa barma mümkinçilikleriniň biri-de, awtobusda gitmekdi, ýöne Wawanyň ýigidi Honza oňa öz maşynyny almagyny teklip edipdir. "Ol hem bize öýde gowy kömek edýär. Ol bagdaky daragtlary suwardy, soň olarda kiçijik erikler peýda bolup başlady. Biz onuň bilen bile seniň üçin we seniň azatlyga çykmagyň üçin Hudaýa doga edýäris".

Wawa, şeýle hem, "Ejir çekenleriň sesiniň" işgärleri bilen günde habarlaşýandygyny, olaryň hem dürli tölegleri tölemäge kömek edýändiklerini gürrüň berýär. Ol meniň biynjalyk bolanymy, maşgalamyň ipotekany nädip töleýändigi, hasaplary we ş.m. nädip töleýändikleri hakda özüme sorag berýänimi bilen bolsa gerek. Şonuň üçin gyzymyň "tölegleriň hemmesi tölendi" diýen sözlerini okanymda, örän köşeşdim. Onuň özüniň "maşgala uly kömek edýän" "daýysy" Kit bilen ýygy-ýygydan gatnaşyk saklaýanyny ýazmasy, meniň dogalaryma berlen jogap boldy.

Wawa meniň dostlarymyň biriniň saglygy hakdaky täzeligi iberipdir. Hudaý ol dostum üçin doga etmeklige meni ruhlandyrypdy. Soň Wawa hatyny maşgalamyň daşary işler Ministrligi we Kairdäki ilçihana bilen berk gatnaşyklary saklaýandygyny, olaryň meni başga aklawçy bilen üpjün etmäge taýýardyklaryny aýdyp, hatyny jemläpdir.

*“...Hiç zadyň aladasyny etme. Seni göresim gelýär, kaka.*
*Gyzyň Wanda, şeýle hem, aýalyň Wanda we ogluň Pýotr”* — diýip, ol ýazypdyr.

Men haty okap bolanymdan soň, derrew kagyz tapyp bermegini haýyş etmek üçin garawuly çagyrdym. Ol hem meni haýran galdyryp, ony gözläp görmäge razy boldy, şeýdip, köp wagt geçmänkä, men kodly sözler bilen kamerada oturyp, maşgalama hat ýazyp başladym. Ony haçan goýberjekdigimem, asla ugradyp bir biljekmidigimi hem bilmeýärdim.

*“Meni siziň hatlaryňyz, aýratynam, doga edilip goldaw edilýändigini we ýygnagymyzyň agyz bekleýändigini bilmegim, diýseň ruhlandyrdy! Kitiň demirgazykdaky dostlarynyň hem şonuň ýaly edýändiklerine ynanýaryn.*

*Çeh ilçihanasynyň işgäri soňky gezek gelende, çeh dilindäki Mukaddes Kitaby alanymda nähili begenendigimi söz bilen beýan edip biljek däl! Birinji iki hepdäniň dowamynda men eýýäm onuň ýarymyny okadym! Bäş aýyň dowamynda men Hudaýyň Sözüne şeýle ajygypdym! Ol, aýratynam, mezmurlar, meni nähili ruhlandyrýar!*

*Bu ýagdaýda sabyrly bolmagy maňa Rebbimiz öwredýär (Rimliler 12:12). Hem-de, meniň öňki hatymda ýazyşym ýaly, bu synagdan üstünlikli geçmäge bize güýç berýär ( 1Korintoslylar 10:13). Men her gün Reb bilen wagtymy gaty gowy geçirýärin. 20-nji aprelden men ýene ýekelikde oturylýan kamerada, şonuň üçin okap, Hudaýa*

*doga edip we aýdymy sesli aýdyp bilýärin. Reb ýaş wagtymda we ýurdumyzdaky kommunistik zulumyň astynda ýaşan döwrümizde öwrenen aýdymlarymyň köpüsiniň sözlerini ýadyma salýar.*

*Häzir Mukaddes Kitaby okanymda we bu ýerde bolan birinji bäş aýynda Rebbiň ýadyma salan aýatlaryny tapanymda, edil ýitirilen merjenimi tapan ýaly bolýaryn! Men 1 Petrus 4:12–14 okanymda, örän begendim. Sizem ondan ruhlanma tapjagyňyza men ynanýaryn!*

*Men, şeýle hem, gyzymyz Wandanyň we oglumyz Pýotryň tapawutlanyp okaýandyklary üçin Rebbe minnetdar. Çagalar, men size örän buýsanýaryn! Men ejeňiziň iňlis dilini örän gowy mugallym bilen çynlakaý öwrenip başlanyna hem şat. Ol saňa gerek bolar, Wanda, sebäbi geljekde, men azatlyga çykanymdan soň, sen meni gaýdyp alada etmeziň ýaly, meniň bilen köp syýahat etmeli bolarsyň!:-)*

*Saglygym barada aýtsam, meniň hemme zadym gowy. Men özümi gowy duýýaryn. Ýirgimi kg. horlanandygyma garamazdan, güýjümem meni terk edip gidenok, gan basyşymam gowy ýaly.*

*Wagt örän haýal geçýär, şonuň üçin sabyrly bolmaly we Rebbe bil baglamaly bolýar, sebäbi Ol meniň kameramyň açaryny elinde tutýan Biridir.*

*Men bar umydymy adamlara däl-de, Oňa baglaýaryn. Ol hemme zady Öz gözegçiligi astynda Saklaýandyr.*

*Biziň hemmämiz Onuň söýýän ellerindediris we Onuň patyşalyk aladasy astyndadyrys!*

*Siziň hemmäňizi ýüregimde nähili ezizleýändigimi men söz bilen beýan edip bilmeýärin! Men siziň hemmäňizi örän küýseýärin we tizara sizi görme we siziň bilen öýde bolma umydynda şatlanýaryn! Mukaddes Kitaby okamanyň arakesmelerinde men siziň hemmäňiz üçin joşgunly doga edýärin. Men hemmäňiz üçin Hudaýa ýalbarýaryn we hemmäňize ak pata berýärin (Çölde 6:24–26).*

*Ägirt uly söýgi bilen,*
*Pýotr*".

Soň men bir kiçiräk kagyz aldym-da, özüme has zerur bolan zatlaryň sanawyny ýazdym — ölen öýjükleri gyrar ýaly, daban üçin pemza (wulkanik dag jynsy), dürli hajathana gerek zatlar, şeýle hem, heňe garşy krem we antibakterial serişdeler. Men kagyzlary kiçijik kwadratjyk edip epledim-de, şweýsar konsullygynyň işgäriniň gelerine garaşyp başladym.

Ol dört günden soň, 24-nji maýda geldi. Meni kameradan çykaryp, onuň bilen duşuşyga alyp gidenlerinde, kiçijik kagyz bölejigini elimde seresaplyk bilen tutdum. Elleşen wagtymyzda men onuň eline kwadrat edip gowuja eplenilen kagyzy goýdum. Ilçihananyň işgäri otagdan çykanyndan soň, men şu wagtjyk Ýewropa syýahatyny başlan öz hatym we sanawym üçin Hudaýa doga etdim.




# 18

Maýda we iýunda temperatura gündizine, hatda, jaýyň içinde hem 50 gradusa ýetdi. Men ýeke galanyma minnetdardym, sebäbi öz goşlarymyň içinden alan şortymy hem geýip bilýärdim. Eger entegem uly kamerada bolan bolsam, onda musulman kameradaşlarymyň ýanynda beýle etmek bolmaýardy, sebäbi meniň dyzlarym görünýärdi. Yssy şeýle bir janyňy alyp barýardy welin, hatda şortyda hem, özümi gaty erbet duýýardym.

21-nji maýda men polisiýa uçastogyna bikanun diýlip yglan edilen hukuk goraýjy toparyň on iki sany agzasynyň getirilenini eşitdim. Olaryň biri, çaga emdirýän bir aýal, şol günüň özünde goýberilipdir. Dokuz adam umumy kamera dykylyp salnypdyr. Aýal tussaglar üçin niýetlenilen ýekelikdäki kamerada meniň bardygym sebäpli, beýleki aýallaryň ikisini iş otaglarynyň birinde saklapdyrlar, soň hem olary polisiýanyň kabul ediş bölümine geçiripdirler, ol ýerde hem olar, adatça uzakly gije telewizor görýän garawullar bilen bir otagda ýatypdyrlar. Bu topar milleti taýdan dürli bolup, dürli taýpalaryň wekillerinden düzülipdir. Onuň agzalarynyň käbirleri hökümdarlyk edip ýören prezident al-Başiriň şaýgiýa taýpasyndandy, ýöne olar sudan prezidenti bilen hemme zatda ylalaşmaýardylar. Toparyň içinde Kamerundan bolan, ofisde stažýor bolup işlän bir aýal bardy. Galanlarynyň hemmesi diýen ýaly ýokary intellektli, bilimli we halkara arenasynda ullakan iş tejribesi bolan sudanlylardy. Toparyň ýolbaşçysy ýürek keseliniň bardygy we hyryn-dykyn kamerada demigendigi sebäpli, meniň kamerama geçirmekleri üçin para beripdir. Ol iňlis dilinde arassa

gürleýärdi, şonuň üçin onuň bilen gürleşmek maňa ýaraýardy. Onuň aklawçylary oňa goşmaça iýmit — ýogurt, huruşly çörek, gaplanan çaý getirenlerinde, ol bularyň hemmesini meniň bilen paýlaşýardy, şeýdip, men üç hepdäniň dowamynda bolçulykda ýaşadym. Bu toparyň agzalarynyň ýene biri Halkara jenaýatçylyk sudunda (HJS) reportýor bolup işläpdir, bu öz-özünden örän howply işdi. HJS bilen baglanyşykly bolan islendik adam Sudanda döwlete dönük hasaplanylýardy, sebäbi hut HJS prezident Başiri harby jenaýatlary etmekde we adamlara garşy jenaýatlary etmekde aýyplap, oňa garşy resmi aýyplamany ýöňkeýär. Reportýor öz ofisini Sudan döwletiniň howpsuzlyk güýçleri dökenden soň Halafa Afifä sapara baran wagtynda tussag edilendigini maňa gürrüň berdi. Toparyň üçünji agzasy bolan bir erkek kişiniň noutbugyna bolsa, MIHG-ň ofiseri gomoseksual pornografik mazmunly materiallary ýükläpdir. Şeýdip, döwlet bütin topara prezident al-Başiri tankytlany üçin, Sudandaky saýlawa syn edendikleri üçin, şeýle hem, sudan halkyna ses hukugy ugrunda göreşmegiň usullaryny öwredendikleri üçin aýyplama ýöňkedi.

Men Mukaddes Kitaby okaýan wagtymda, kameradaşym Gurhan okaýardy. “Niýaba-Mendoldaky” tussaglaryň hemmesi ýaly, ol MIHG-ň türmesindäki IGIL-den bolan kameradaşlarym ýaly, duşmançylykly däldi-de, asuda adam bolup görünýärdi. Ol Gurhanda gyzykly zatlary tapanda, bu babatda Mukaddes Kitabyň näme diýýändigini menden soraýardy. Men her gün Rebbiň bu adamyň ýüregini açyp, oňa Özüni şahsy Halasgäri, Rebbi hem Hudaýy hökmünde açmagy üçin doga edýärdim.

MIHG-ň ofiserleriniň biri biziň iňlis dilinde gürleşip, günümizi höwes bilen geçirýänimizi görende gaharlandy-da, meniň kameradaşymy başga kamera geçirmegi buýurdy. Men ýitgä gaty erbet gynandym, şeýdip, tomsuň ahyryna çenli kamerada ýeke özüm boldum.

* * *

12-nji iýunda “Niýana-Mendola” polisiýa uçastogyna meniň ýanyma Şweýsariýanyň konsullygynyň işgäri gelip gördi. Ol meniň maşgalamdan ýene bir habarjyk getirdi. Olaryň meniň 19-njy maýda ýazan hatymy alanlarynda “çendenaşa ruhlanandyklaryny” we “meniň ýazan setirlerimi okap aglandyklaryny” men bildim! Maşgalam meniň salgylanan aýatlarymyň hemmesini tapyp okapdyrlar — “dogrudanam, seniň düşen ýagdaýyňa gabat gelýän güýçli sözler”. Olaryň biri Lukanyň Hoş Habary 18:7: “Hudaý gije-gündiz Özüne ýüz tutup, perýat edýän saýlananlarynyň hakyny almazmy? Olaryň hakyny almagy gijikdirermi?” Olar, ahyrsoňy, mende Mukaddes Kitabyň peýda bolanyny bilenlerinde örän begendiler; olar muny “gökden goýberilen gudrat” diýip atlandyrdylar we Mukaddes Kitabyň maňa gelýänçä syýahat etmegine gatnaşan adamlaryň hemmesi üçin Hudaýa minnetdar boldular. Maňa Mukaddes Ýazgynyň janlandyryjy sözlerini — asyrlaryň dowamynda, men ýaly Mesihiň ady ugrunda görgi gören erkekleriň we aýallaryň köpüsine teselli beren sözleri bereni üçin Hudaýa her gün minnetdarlyk bildirdim.

Bu hatdan öz maşgalamyň meniň üçin diňe bir ýygnakda däl-de, aýratynam, öýde doga-dileg edilýän wagtynda, sagat sekizde doga edýändiklerini bildim. Ýekşenbe güni, 29-njy maýda, ýygnagymyzyň ruhy çopany meniň maşgalam üçin aýratyn ähmiýeti bolan wagzy edipdir. Şol gün irden olar “Hudaýyň ýakynlygyny duýup bilipdirler” hem-de onuň olara Luka 18:1-däki: “Hemişe Hudaýa doga edip, asla ruhdan düşmezligiň zerurlygy hakda hem Isa Öz şägirtlerine bir tymsal aýtdy” — diýen sözleri ýatladanyna olar örän begenipdirler. Bu sözleri okanymda, menem Hudaýyň ýakynlygyny duýdum. Bu sözler maňa doga etmäniň güýjüni we Hudaýyň çagalarynyň niredediklerine garamazdan — kameradamy ýa-da mukaddes ýerdedigine garamazdan — biziň her birimiziň, bize Özüniň

doly ünsüni berip söýýän Atamyzy tapmagymyz üçin, merhemet tagtynyň ýanyna batyrlyk bilen baryp biljekdigimizi ýatlatdy.

“Biz seni örän küýseýäris, — diýip, hatda aýdylýardy. — Şonuň üçin seni ýene görjek wagtymyza sabyrsyzlyk bilen garaşýarys. Biz seniň basymrak biziň bilen bolmagyňy örän isleýäris. Hemmeler saňa salam aýdýarlar, sen hakda pikir edýärler we doga etmekde gowşamaýarlar”. Wanda meni gaty gaýgy edenini, hatda meniň üçin gorkandygyny, ýöne meniň hatymy okanyndan soň, ýüregini Hudaýyň rahatlygynyň doldurandygyny we ýüreginiň köşeşendigini ýazypdyr. Maşgalamyň özüme zerur gerek zatlaryň sanawyna ýazan zatlarymyň hemmesini ýygnandygyny we ony mümkin boldugyça basym goýberjekdigini aýdanyna begendim. Men haty gapdala goýdum-da, kellämi sypalap, aýalymyň ýazan soňky sözleminiň üstünde pikirlendim: “Biz hemmämiziň öýde ýene bile bolmagymyzy isleýäris”. Ol, şeýle hem, wagtynda ulanylan, Mesihiň Getsemani bagyndaky ejirlerine degişli bolup, Markus 14:36-da ýazylan Mukaddes Kitap aýadyna salgylanýar: “Ol: “Abba, Ata, Seniň üçin hemme zat mümkin. Bu käsäni Menden geçir, ýöne Meniň islegim däl, Seniň islegiň bolsun” diýdi”.

Meniň gadyrdan dostum hem kömekçim Kit hem hatyň soňunda özüniň belligini goşupdyr. Onuň sözlerini okamaklyk maňa diýseň ýakymly boldy: “Bir agza horluk çekse, ähli agzalar bilelikde horluk çeker. Bir agza şöhratlansa, ähli agzalar bilelikde şatlanar” (1Korintoslylar 12:26). Kitiň üsti bilen Reb beýlekileriň hem meniň görgülerimi paýlaşýandyklaryny ýatladyp, meni örän ruhlandyrdy. Men Isa Mesihiň teninden, dünýädäki mesihiler teninden bölünip aýrylan däldim. Ýok, men şol teniň bir bölegidim, bu ýerde, Sudanda onuň wekilidim. Şeýdip, hatda şunuň ýaly hasratly ýagdaýlarda hem, şatlyk meniň ýüregimi doldurdy, sebäbi men bu türmede görgi görýärkäm, beýleki mesihiler meniň üçin Hudaýa doga edýärler.

Men beýan edip bolmajak şatlyk bilen olaryň hatyna jogap ýazdym.

*"Meniň gadyrdanlarym!*

*Şu günki sizden alan hatym meni örän ruhlandyrdy! Ruhlandyryjy sözleriňiziň hemmesi üçin sag boluň. Men Mukaddes Kitaby üç hepdede okap gutardym we ony ikinji gezek okap başladym, şeýlelikde, men Mukaddes Ýazgyda, aýratynam, mezmurlarda köp şatlyk (Zebur 63:6), güýç (Zebur 86:16), umyt (Zebur 62:6) we teselli (Zebur 94:19) tapýaryn! Maňa we maşgalamyza edýän ýagşylygy üçin ýüregim Rebbe minnetdarlykdan doly. Gözlerimi minnetdarlyk ýaşlaryndan doldurup, men diýseň ýygy-ýygydan Zebur kitabyndan 103:1-6 parçany okadym we 103-nji mezmury durşuna ýat tutdum diýen ýaly. Şol mezmurlar siziň üçin hem ruhlanma bolup hyzmat eder diýip ynam bildirýärin.*

*Aslynda häzirki ýagdaýy bizde açyljak geljekki şöhrat bilen deňeşdirmek bolmaýar (Rimliler 8:18). Men siziň hemmäňiz üçin doga-dileg etmegimi, aýratynam, Mukaddes Ruh aýdyp bolmaz iňňildiler bilen Hudaýyň islegine laýyklykda, biziň üçin töwella edende (Rimliler 8:26–28) dowam etdirýärin. Şeýle hem, biz hemme zatlaryň Hudaýy söýýänleriň we Onuň islegi boýunça çagyrylanlaryň bähbidine hereket edýänini bilýäris!.."*

Men arakesme etdim-de, Rebbiň maňa Injili kameradaşlaryma wagyz etmegim üçin beren mümkinçilikleri hakda olara, polisiýanyň işgärleri düşünmez ýaly, kodly sözleri ulanyp nädip gürrüň bermelidigi hakda pikirlendim. Men daýhan hakyndaky tymsal barada pikir etdim: "Tohumlaryň käbirleri mes topraga düşdi".

*“...Soňky üç hepdäniň dowamynda men ýene Efesliler 6:15-i ýerine ýetirdim. Men ...basymrak bolmagy üçin Hudaýa doga etdim (Matta 13:23-e seret)”.*

* * *

Şweýsar konsullygynyň işgäriniň we jenap Slamanyň poliseý uçastogyna gelmesi tutuş tomus wagty dowam edip durdy, şeýdip, men olaryň kömegi bilen hat ugradyp we aýalymdan, gyzymdan we oglumdan hat almagymy dowam etdirip durdum. Konsullygyň işgäri maşgalamyň iberen zatlaryny, meniň haýyş eden zatlarymdan doldurylan poçtany maňa getirip berdi. Men mydama Hudaýyň öz aladamy edýändigine haýran galýardym.

Indiki birýarym aýyň dowamynda Wawa medisina mekdebini tamamlap, lukman boldy, oglum Pýotr bolsa, bakalawr derejesini aldy. Men olaryň dabaralaryna gatnaşyp bilmänim üçin gaýgylandym, ýöne meniň tussaglykda bolmagymda Rebbiň maksadynyň bardygyny bilenim üçin, Onda meniň maşgalam babatda hem, Öz meýilnamasynyň bardygyny bilýärdim. Hudaý gaýta-gaýta Özüniň wepalylygyny subut etdi, şonuň üçin men Onuň bizi terk etmejegini bildim. Wawanyň medisina mekdebini gutaran güni meniň üç ýyl mundan ozal öz tussag ediljegimi öňünden bildiren gorkunç düýşi gören günümdi. Indi düýş berjaý bolupdy. Men ilki MIHG-ň türmesiniň gapysyny gördüm, indi bolsa, dogrudanam, Wawanyň uçurym dabarasyna baryp bilmedim. Men oglumy-da, diýseň küýseýärdim...

Jenap Slama saparlarynyň birinde maňa maşgalamdan ýene bir poçta getirip berdi, onuň içinde Hudaýa senalaryň ýygyndysy bardy. Men bu gymmatly kitaby görüp, örän begendim! “Mukaddes Kitap, indi hem, aýdymlar ýygyndysy — nähili gowy ak patalar!”. Adatça bolşy ýaly, bu zatlaryň hemmesini konsullygyň işgäriniň ýanynda alanym hakda gol çekdim, ýöne ony kamera alyp gitmegime

prokuror rugsat etmedi, muňa konsullygyň işgäri gaty gynandy. Men kamera elim boş, gaty lapykeç bolup geldim.

Şol gün soňrak, polisiýa akademiýasynyň kursantlarynyň biri prokuroryň meni öz ýanyna çagyrýandygyny habar berdi. Men içeri girenimde, onuň maşgalamyň goýberen zatlaryndan alnan zatlara seredişdirip oturanyny gördüm.

— Bu näme? — diýip, ol aýdymlar ýygyndysyny silkeläp sorady.

— Bu — aýdymlar ýygyndysy.

— Sen aýdym aýdyp bilýärsiňmi?

— Elbetde, aýdyp bilýärin — diýip, men jogap berdim.

— Beýle bolsa, maňa aýdym aýdyp ber! — diýip, ol buýruk berdi. Prokurora we polisiýa akademiýasynyň kursantyna Injili wagyz etmek üçin bu mümkinçiligi doly derejede ulanma kararyndan doludym, şonuň üçin ýekelikde gabalan günümde Mukaddes Ruhuň ýadyma salan Gendeliň "Saňa şöhrat bolsun" diýen aýdymyny aýtmak kararyna geldim. Men üç bent aýtdym, prokuror bilen kursant bolsa diňledi.

Men aýdymy aýdyp gutardym, ýöne beýle çalt ýan bermek islemedim, şonuň üçin gürläp başladym. "Indi bu aýdymyň näme hakdadygyny size gürrüň bermäge rugsat ediň" — diýip, men, musulmanlara Isa Mesih hakdaky hakykaty gürrüň bermäge ýene bir mümkinçiligiň mende ýüze çykanyna minnetdar bolup, bu ikisine Injili düşündirip başladym. Men kamera barýançam ýolda ýylgyryp gitdim. Men özümi ysraýyllar babyl ýesirligine alnanda özlerini duýuşlary ýaly duýdum: "Bizi ýesir alanlar şol ýerde nagma talap etdiler, bize ezýet berenler şadyýanlygy talap etdiler. "Bize Sion nagmalaryndan birini aýdyň" diýdiler. (Zebur 137:3). Men Reb özüme aýdym aýtmaga rugsat edýärkä, aýdym aýtjakdygymy bilýärdim.

18-nji iýulda şweýsar konsullygynyň işgäri we onuň täze kärdeşi gelip gideninden soň, men maşgalama ýene bir hat ýazyp, biziň synaglarymyza garamazdan, imanda berk durmaga, biziň ýöne ýere ejir çekmeýändigimizi ýatda saklamaklyga olary çagyrdym, sebäbi

Hudaýda biziň agyrymyz arkaly ýetmeli bolan beýik maksadynyň bardygyny olara aýtdym. Men özümiň hemme zadymyň ýerbe-ýerdigini, mydama Hudaýyň barlygynda şatlanýandygymy, sebäbi türmede geçirýän wagtymy Hudaýyň Sözüni öwrenmek üçin ulanýandygymy olara aýtdym. 1-nji maýda men eýýäm Köne Ähti üçünji gezek, Täze Ähti bolsa, eýýäm bäşinji gezek okapdym. Her gezegem Hudaý maňa täze bir zat açdy!

Men asudalygyň, şatlygyň we şöhratlandyrmagyň sözlerinde we Hudaýa minnetdarlyk sözlerinde, hatda ähli kynçylyklarda-da tükenmezek çeşme tapdym, sebäbi islendik ýagdaýlarda biziň Hudaýa minnetdar bolmalydygymyzy bize Mukaddes Kitap öwredýär (1 Salonikliler 5:18). Rebbe garaşanymyzda biziň imanda berk durmalydygymyzy we batyrgaý ýürekli bolmalydygymyzy (Zebur 31:25) ýatlatdym, sebäbi bizi Onuň söýýän elleriniň saklaýandygyna we goraýandygyna biz ynanýarys (Zebur139:5). Hemme zady biz däl-de, Hudaý Öz gözegçiligi astynda saklaýar. Rebde Özüniň syrly, garaşsyz islegini ýerine ýetirmekde öz usullary bar. Şonuň üçin biz olary görüp bilmedik ýa-da olara düşünmedik ýagdaýymyzda hem, barybir ýüreklerimiz ähli ýagdaýlarda Ony şöhratlandyrmalydyr, biziň durmuşymyza goşulýandygy üçin Ony şöhratlandyrmalydyrys (Zebur 109:30–31).

Men kamerada garaşyp oturan wagtymda Hudaýyň işjeňlik bilen işläp, mydama hereketde bolandygyny bilmek gyzykly boldy. Ol Sudan häkimiýetiniň başynda oturan adamlaryň ýüreklerini islän tarapyna gönükdirip bilipdir (Süleýmanyň pähimleri 21:1). Biz kynçylyklary çekýän wagtymyzda, Hudaý bize ýürekden kömek edýär, goraýar we biziň edil özümiziňki ýaly ýagdaýa düşen adamlara göwünlik bermegimiz üçin bize göwünlik berýär (2 Korintoslylar 1:3–7). Men öz hatymda maşgalamy, häzir hemmämiz üçin agyryly bolýan bolsa-da, görgüleriň gysga wagtlaýyndygyny we ýeňil görgülerdigini, olaryň çäksiz bolluk bilen ebedi şöhraty döredýändigini ýada salmaga çagyrdym (2 Korintoslylar 4:17–18).

“Siz mydama meniň ýüregimde we pikirlerimde — diýip, men hatyň ahyrynda ýazdym. — Men mydama doga-dileg edip, siziň üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirýärin hem-de basymrak sizi öýde görjegime we siziň bilen bile boljagyma sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn!”

* * *

Ýekelikde oturmada Mukaddes Kitaby şahsy taýdan öwrenmekden we ajaýyp şöhratlandyryjy aýdymlary çuň many bilen aýdyp bilmek mümkinçiliginden lezzet alýandygyma garamazdan, käwagt ýüregime hem aňyma gaýgy we özüme nebsagyryjylyk ogrynça girýärdi. Rebbi öz asudalygym hem şatlygym diýip yglan edip, olary ýeňip geçmegi eýýäm öwrenendigime garamazdan, bu emosiýalar meni entegem birahat edýärdi. Bir gezek gündiz nebsagyryjylygyň öz pikirimi gurşap almagyna ýol berenimde, pikirlerimi kameranyň diwarynyň ýüzünde duýdansyz peýda bolan görnüş böldi. Men özümiň üç sany eritreýaly dostumyň — Haýle Naýzginiň, lukman Kiflu Gebremeskeliň we Kidane Ueldounyň ýüzlerini gördüm. Olaryň hemmesi mesihilik ýygnaklaryň ruhy çopanlary. Men olar bilen birnäçe ýyl mundan ozal Eritreýa baranymda tanşypdym. Häzir bolsa, olar mesihilik şaýatlygy we ýygnak işleri üçin tussaglykda otyrdylar. Has takygy olar gündizine çydardan yssy, gijesine hem, sowuk bolýan transport konteýnerlerinde sansyz-sajaksyz günläp gabalyp goýuldylar. Olar tussaglykda eýýäm *on iki ýyldan* bäri ejir çekip ýörler.

Diwardaky şekiller diwaryň ýüzünde peýda bolşy ýaly, basym hem ýitip gitdiler, ýöne Rebbiň maňa aýtjak bolan zady düşnükli boldy: “Sen näme üçin arz edýärsiň? Näme üçin özüňe nebsiň agyrýar? Sen türmede alty aýdan azajyk köpräk bolduň. Seniň Eritreýadan bolan doganlaryň şu wagt ýagdaýlary nähili?” Şol günden başlap, men özüme gymmatly bolan, imany üçin türmede oturan bu üç doganymy özümiň göçgünli dogalaryma goşup, Rebden

ejirlerinde olar bilen bile bolmagyny soradym. Tussaglygymyň bütin dowamynda Reb maňa Hytaýdan, Demirgazyk Koreýadan we Merkezi Aziýadan bolan beýleki erkek hem aýal mesihileri ýatlatdy. Men bu imanlylaryň ullakan şaýatlar buludy üçin Hudaýa doga edenimde, özümiň göteren şahsy haçym gitdigiçe ýeňilleşdi.

* * *

Tizara meni görmek üçin jenap Slama geldi, bu gezek ol hoşlaşmak üçin gelipdi. Bu onuň özüniň täze iş ýerine, Awstraliýa gitmezinden öňki, Sudana eden soňky sapary boldy. Biz baş prokuraturanyň binasynda duşuşdyk. Duşuşygyň edil ortasynda prokuror otagdan gitdi. Jenap Slama derrew ýerinden turdy. Ol jübüsinden mobil telefonyny çykaryp, ony meniň elime berdi. «Ine, meniň telefonym — diýip, ol pyşyrdady. — Maşgalaň bilen gürleş». Men titräp belgini aýlap başladym. Men otuz sekundyň dowamynda gyzymyň sesini eşidip bildim. Soň derrew gürrüňi gutardym, ondan birnäçe sekunt geçenden soň bolsa, prokuror geldi. Adaty bolmadyk bu ýagdaý birden maňa düşnükli boldy: prokuror meniň şol jaňy etmegim üçin bilgeşleýin mümkinçilik beripdir. Bu çekýän jepalarymyň içindäki ajaýyp merhemet pursaty bolupdy.

* * *

Her aýyň onuna men gamgyn bolup, tussaglygymyň ýubileýini belledim we öz işimiň suda haçan geçiriljekdigi hakda özüme sorag berdim. “*Rebbim, men bu ýerde uzak bolmalymy?*” Bir gezek uklan wagtymda Ol meniň soragyma jogap berdi. Yssy iýulyň ahyrlarynda men ýene bir düýş gördüm. Düýşümde men bir adam bilen dik depäniň üstüne alyp barýan uzyn ýoldan ýöräp barýaryn. Bu adam sentýabryň başlarynda jenap Slamanyň ýerine gelmäge täze bellenilen konsullygyň adamydy. Men ondan arap

dilini bilýänmidigi hakda soraýaryn. “*Hudaýym, Sen maňa sud işiniň diňlenilmesinde näme bolýanyna gowy düşünýän we arapça gürleýän konsullygyň işgärini iberjek bolýarsyňmy?*” Düýş dowam etdi. Biziň kellämize gar düşüp başlady. “*Näme üçin gar? Hudaýym, iýulda, awgustda ýa sentýabrda boşamagymyň deregine, ýanwarda ýa-da fewralda boşajagymy aýdýarsyňmy?*”

Men tutuş tomusda türmede boldum. Onda diňe ýekeje hajathana işleýärdi, duş işlemeýärdi, şonuň üçin ýuwunmak üçin diňe kranyň suwuna çaýkanýardyk. Ýöne ýagyşdan soň suw hapa goňur bolýardy. Biz ony bedrä guýýardyk-da, hapa çökýänçä garaşýardyk, soň hem, durlanan suwy seresaplyk bilen başga gaba guýýardyk. Proses hysyrdylydy, ýöne zerurdy, ýöne şu wagta çenli suwdan hiç kim syrkawlamady.

Bir gezek men hajathananyň ýanynda durany sebäpli hapa bolan bedräni arassalamakçy boldum. Gynansak-da, meniň sag elimde, şonuň bilen bedräni ýuwupdym, bir zadyň ýokuşmasynyň alamaty peýda boldy. Tizara infeksiýa bütin endamyma ýaýrady. Ol tutuş derimi gurşap aldy-da, ellerimdäki we aýaklarymdaky follikullaryň gijemesine alyp bardy. Bütin endamym gaty erbet gijedi. Men dabanyndan depesine çenli ýigrenji ýara örtülen, külüň üstünde oturyp, küýze döwügi bilen gaşanan Eýýuby ýatladym (Eýýup 2:7–8).

3-nji awgustda ýustisiýa Ministrligi “Niýaba Mendola” polisiýa uçastogyny barlap başlady. Hukuk goraýjy topar özüniň aklawçysynyň üsti bilen adam çydap bilmejek şertlerde tussaglaryň saklanylýandygyndan arz edipdirler, şonuň üçin bu ýere, hemme zady gözleri bilen görmek üçin, ýokary wezipeli prokuror geldi.

Tussaglaryň saklanyş şertlerini görme maksady bilen ol saklandy-da, gapynyň gözeneginiň üsti bilen meniň kamerama seretdi.

— Hemme zat ýerbe-ýermi? — diýip, ol gyzyklandy. Ahyrsoňy! Mende öz işim hakda gürleşmäge mümkinçilik peýda boldy.

— Umuman-a, bu ýerde hemme zat ýerbe-ýer däl. Men bu ýerde dört aýdan bäri otyryn, ýöne entegem suda garaşyp ýörün.

Prokuror diňledi, soň hem ýeke agyz söz diýmän gitdi.

Ertesi gün irden meniň kameramda garawul peýda boldy.

— Goşlaryňy ýygna-da, çykalga ýöre. Seni başga türmä geçirýärler — diýip, ol aýtdy. Men prokuroryň maňa täsirini ýetirenine haýran galdym. Men derrew eşiklerimi, arassaçylyk zatlarymy, Mukaddes Kitabymy, aýdymlar ýygyndysyny we äýnegimi alyp, ýekelikde oturylýan kameramy terk etdim.

Birnäçe minutdan soň maňa ruhy çopan Hasan bilen beýlekiler goşuldy, soň biz polisiýa uçastogyndan geçdik. Şol pursatda indi bizi nirä alyp barýandyklarynyň ähmiýeti bolmady. Her neneň ýagdaý bolanda-da, ol ýerde “Niýaba Mendola” polisiýa uçastogyndakydan gowy boljagy gürrüňsizdi.




# 19

4-nji awgustda biziň dördimiz — ruhy çopan Hasan, ruhy çopan Kuwa, Monim we men — Hartum şäherindäki suduň jaýyna alnyp baryldyk-da, türme kamerasyna ýerleşdirildik. Köp wagt geçmänkä, Sudanyň baş prokurory biziň adymyzdan “Niýaba Mendol” polisiýa uçastogyndaky tussaglaryň saklanylyşynyň erbet şertlerine garalan sud işine garamada çykyş etdi. Sudanyň ähli prokurorlary, şol sanda MIHG-ň türmesindäki berlen işler bilen meşgullanýanlary hem bu prokuroryň tabynlygyndady. Beýleki tussaglar maňa MIHG bilen baglanyşykly bolan prokurorlaryň oňa ýaramandyklaryny aýtdylar, sebäbi olar hemme zady MIHG-ň aňtaýjylary olardan näme talap etseler, şony edýärdiler. Üç sagatdan soň, suduň karary bilen biz Omdurman şäherindäki erkekler türmesine, azajyk ýumşak režimli we howpsuzlygyň birneme pesräk derejede bolan türmä geçirildik.

Ol ýere baranymyzda biz türmäniň iki bölege bölünýänini bildik. “Kolumbiýa” diýilýän bölek daşarda potoloksyz ullakan ammarlarda ýatmaga mejbur bolan müňe golaý neşe söwdagärlerinden we serhoşlardan hem ogrylardan ybaratdy. Ýagyş ýagan wagtynda, tozan läbige öwrülýärdi-de, şol ammarlary hem-de onda ýaşaýanlary suwa basdyrýardy.

Kiçiräk göwrümli bölek, “VIP” bölegi, takmynan üç ýüz sany, esasan hem, mysal üçin, puly alynmadyk çekleri ýazanlar ýaly, maliýe aldawçylaryna niýetlenilendi. Bu tussaglar aýratyn artykmaçlyklardan peýdalanýardylar. Olara demir krowatlarda düşekli ýatmaga rugsat edilýärdi, arassa howada dynç alanlarynda bolsa, düňderilen bedräniň deregine, olara plastik oturgyçlar

berilýärdi. Biziň dördimizi-de, göwrümi boýunça kiçiräk bölümde ýerleşdirdiler. Beýleki tussaglar bize derrew hemme ýerde musulman içalylarynyň bardygyny habar berdiler. Biziň özümizem şeýledir öýtdük, sebäbi beýleki tussaglar günüň dowamynda bizi şübheli synladylar, her bir ädimimizi yzarladylar.

Biziň saglygymyz erbetleşdi. Üsti açyk ammarlarda bolmakdan ýaňa peýda bolýan Günüň ýakmasyndan soň peýda bolýan pakgarmalaryň üstüne, ruhy çopan Hasan on iki barmak içegäniň ýarasyndan ejir çekýärdi, ruhy çopan Kuwa bolsa, öňräkki geçiren gyzzyrmadan soň, özüne gelip başlapdy. Men polisiýa uçastogynda täret syçran bedräni ýuwanymdan soň ýokuşan deri infeksiýasyny bejermek üçin karbolik sabyny arzuw etdim, ýöne gynansam-da, täze türmede karbolik sabyn ýokdy. Bize dermanlarymyzyň hemmesini berdiler. Bize munuň ýaly köp mukdardaky dermanlaryň berilýäni garawullary gyzyklandyrmaýan ýalydy. Mydama tutup duran tozan, hapa, der we umumy erbet gigiýena biziň hemmämize täsirini ýetirdi, awgust güneşi bolsa, asla çydar ýaly däldi.

Ruhy ýopan Hasanyň ýygnagyndan gelen ýaşlar topary biziň dördimize-de, plastik oturgyç getirdi, ruhy çopan Hasana bolsa, meniň üçin 250 sudan funtuna (40 dollara golaý baha) metal krowat tapmak başartdy. Krowady düşegi bilen bile getirmelidiler, ýöne tizara meni aldandyklaryna düşündim. Ýöne oňaýsyz bolsa-da, metal prowolkanyň üstünde ýatmak hapa ýerde ýatandan gowudy. Uklap ýatan tussaglaryň arasynda syçanlar biziň sumkalarymyzdan iýmitiň nähili hem bolsa bir alamatyny gözläp, iki-baka ylgaşyp ýördüler. Iki gün geçenden soň, ruhy çopan Hasanyň ýygnagynyň ýaşlar topary ýene üç sany metal krowat bilen dört sany düşek getirdiler. Ahyrsoňy biziň hemmämizem "oňaýly" krowatdaky ukudan lezzet alyp bildik! Gijelerine biz sudanly doganlarymyz bilen bile, açyk asmanyň astynda ýatmak üçin, krowatlarymyzy daşary, özümiziň gyslyşykly kümämizden aňyrrak çykardyk.

Bizden üç ýüz ädim aňyrrakda Hudaýa doga edilýän kiçiräk ýer bardy, ol ýere barmaga bize we beýleki sudanly doganlara rugsat edilýärdi. Bu geçen aýlaryň dowamynda meniň baran birinji doga edilýän ýerim boldy. Maňa, hatda, ol ýerde wagyz etmäge-de rugsat berdiler.

* * *

Şenbe gününde, 6-njy awgustda, erkekleriň Omdurman şäherindäki türmesinde eýýäm iki günümi geçiripdim we beýleki tussaglaryň öz maşgala agzalary bilen gürleşmek üçin mobil telefonlary ulanyşlaryny gördüm. Meniň sudanly tussag kärdeşlerim hem, kontrabandadan gelen mobil telefony edindiler, soň men hem galan sudan pulumy jaň etmek üçin ulandym. Çagalarymyň mobil belgilerini ýygy-ýygydan çalyşýandyklary sebäpli, men ýada salyp biläýjek ýeke-täk belgime aýladym.

Tussag edilenime bir ýarym hepde geçeninden soň birnäçe sekuntlyk jaň edenimden we prokuror otagyndan çykyp gidende, jenap Slamynyň telefonyndan otuz sekuntlyk jaň edip, soňky gezek Wanda bilen gepleşenimden başga-da, men sekiz aý mundan ozal Hartumyň aeroportyna gitmezimden ozal, "Jennet" myhmanhanasyndan oňa skaýpdan jaň edipdim. Onuň sesini ýene eşitmek we ýagdaýlarynyň gowudygyny bilmek, meniň üçin Hudaýyň gudratly sowgadyndan başga hiç zat boljak däldi.

Men belgini aýladym we jaň sesiniň gidenini eşitdim. Çehiýada şenbe agşamydy, Wanda hem edil şol wagt oglumyz bilen gürleşip oturan eken. Birden onuň mobil telefonynyň ekranynda üýtgeşik belgi peýda bolýar. Ol Sudanyň koduny derrew tanaýar. "*Bu kim bolup bilerkä?* — diýip, ol tolgunýar. — *Sudanyň howpsuzlyk gullugymyka?*" Wanda ynamsyz bolsa-da, barybir jaňa jogap berdi:

— Allo?

— Bu men, Pýotr! — diýip, men aýdyp goýberdim, sesimem sandyrady.

Wandanyň ýüregi ganatlanan ýaly bolup, agzyndan çykaýjak boldy.

— Seni boşatdylarmy? — diýip, ol umytdan doly sesi bilen sorady.

— Ýok, men Omdurman şäherindäki türmede we dostumyň mobil telefonyndan gizlinlikde peýdalanyp bildim. — Men pulumyň näçe minuda ýetjegini bilmeýärdim, şonuň üçin mümkin boldugyça köpräk öz maşgalam hakda maglumat almaga çalyşdym. Wanda bolsa, şol wagt men hakda köpräk maglumat aljak bolup dyrjaşýardy. Men öz ýagdaýym we meniň tussaglygym arkaly Hudaýyň ýetmek isleýän maksadynyň bardygyny bilenim hakda gysgajyk gürrüň berdim. Men onuň sözlerini diňledim, sesinde söýgi eşitdim, ýeňillik bilen gürleşdik hem-de özümi, edil adatça Afrika bolan hemişeki saparlarymyň birinde ýaly duýdum. Men özümi edil hiç zat üýtgemedik ýaly, edil tizara öýe gaýdyp barjak we Wanda bilen aeroportyň el goşlar alynýan ýeriniň çykalgasynda duşuşjak ýaly duýdum.

Meniň alan kreditim maňa ajaýyp ýigrimi minudy sowgat etdi. Gepleşigiň ahyrynda Wanda trubkany höwessiz goýdy. Onuň ýüzünde şadyýan ýylgyryş nur saçdy. Biz telefonda gürleşenimizden soň ol uzak gije uklap bilmändir. Onuň ýüregi hem beýnisi joşgundan, şatlykdan we ikimiz üçin hem bu çydardan agyr bolan hasratly döwürde Rebbe bolan ägirt uly minnetdarlykdan doly bolupdyr.

* * *

8-nji awgustda, bu türmä gelenimizden dört gün geçeninden soň, biziň ýanymyza garawul geldi. “Goşlaryňyz bilen çykalga” — diýip, ol buýruk berdi. Biziň dördimizem metal krowatlarymyzy we plastik oturgyçlarymyzy goýup, onuň yzyna düşüp, mal üçin niýetlenen ýük maşynynyň ýanyna tarap ýöredik. Görüp otursak, ol bizi, aýratyn berk düzgünli, gynamalary bilen meşhur bolan goňşy “Kober” türmesine alyp gitmeli eken.

Bellige alyş nokadynda bize gaty gowy täzelik garaşýardy. Biziň işlerimiziň entek sud seljermesi ýagdaýynda durandygyny bileni üçin, “Kober” türmesiniň başlygy bizi kabul etmekden boýun towlady we diňe suduň işi gutaranyndan soň bize “Koberde” bolmaga rugsat edilýändigini aýtdy. Biz özümiziň “mal maşynymyzda” Omdurmandaky erkekler türmesine gaýdyp geldik. Bu ýerde bizi MIHG-ň ofiserleriniň ajy gülküleriniň şowhuny garşy aldy. Olaryň ýüzleriniň keşplerinden çen tutup, wagtymyzy biderek ýitirenimiz üçin olaryň bizi jezalandyrmagyň usulyny tapjakdyklaryny bildim.

* * *

Üç gün geçenden soň, 11-nji awgustda, garawul ýene biziň ýanymyza geldi-de: “Goşlaryňyz bilen çykalga” — diýip buýruk berdi. Bu gezek indi bu ýerden mydamalyk gitjekdigimize biz ynanýardyk. MIHG-ň ofiserleri, ahyrsoňy, özleriniň haýbatlaryny ýerine ýetirme kararyna geldiler.

Bizi “mal maşynyna” ýüklediler-de, bir sagatdan-da köpräk alyp gitdiler. Meniň kameradaşlarym bizi nirä — şäheriň çäklerinden uzakda ýerleşýän ullakan türmeler kompleksine, “Al-Huda” türmesine barýanymyza düşündiler. Meniň öňki bolan türmelerimden, ýagny, esasan hem, syýasy tussaglaryň we ýeňil jenaýatçylarda aýyplanylan tussaglar saklanylýan türmelerden tapawutlylykda, “Al-Hudada” agyr jenaýat edenleri, şol sanda guramaçylykly talaňçylyk edenleri, neşe söwdasyny edenleri, çagalara zalymlyk bilen daranlary, adam zorlanlary hem adam öldürenleri saklaýardylar. Doly güýjünde işlände “Al-Huda” on müňe çenli tussagy içinde saklap bilýärdi.

Men sudan çölüniň ortasyndaky täze öýümizde bize nämäniň garaşýandygy hakda pikirlendim.




# 20

Sürüji bizi çölüň içine, Hartumyň demirgazygyna we Omdurmanyň demirgazyk günbataryna tarap takmynan bir ýarym sagat dagy alyp gitdi. Men “mal maşyndan” jyklap seredenimde, sag tarapymdaky göni goňur peýzažyň üç depä — Gebu Aba Mera, Gebel Mehiata we Gebel Leýrike geçip başlaýanyny gördüm. Biz sag tarapa, ullakan ýaşyl-ak derwezä tarap alyp barýan tozanly ýola sowuldyk. Ol derwezeden girenimizde, gussalykda meşhur türmä baryp ýetdik.

Janly zatlaryň hemmesinden daşda ýerleşýän “Al-Huda” türmäniň göwrümi ägirt uludy. Kompleks uly bölümlerden ybaratdy, bölümlerem ýene kiçi bölümlere bölünýärdi, olaryň hersi dört kameradan ybaratdy. Her kamera ýüz tussaga niýetlenilendi. Bizi maşyndan düşürenlerinde, içimdäki zatlaryň hemmesi gysyldy.

Biziň hemmämiz 2-nji bölümdäki hyryn-dykyn kamera ýerleşdirildik-de, ol ýerde derrew täze ýaşaýyş gurşawa uýgunlaşyp başladyk. Pol çal we goňras plita bilen örtülendi. Işçileriň birnäçesi içki diwarlara ak reňk çalmak bilen meşguldy.

“Niýaba Mendola” polisiýa uçastogynda Hudaýyň maňa ýekelikdäki kamerada başga hiç zat etmän diňe Mukaddes Kitaby okama artykmaçlygyny näme üçin berendigi hakda köp sorag berýärdim. Bu soragyň jogaby we bu zatlaryň hemmesiniň Rebbiň ajaýyp meýilnamasynyň bir bölegi bolandygyna düşünmeklik, ahyrsoňy, üç aýdan soň, men “Al-Hudanyň” bosagasyndan girenimde geldi.

Bu türmä geçirilmegim meniň hasratymyň üstüne ýene köpräk lapykeçlik berdi. Men "Niýaba Mendola" polisiýa uçastogynda berlen ýekelikde oturylýan kameramy ýitirmän, eýsem, şol gije gijräk täze kamerada Mukaddes Kitap okardan juda garaňkydygyny bildim. Ýöne tizara Rebbiň meniň üçin bu ýerde, çölde, has-da özüne çekiji bir zady taýýarlanyny bildim.

Biziň "Al-Huda" baran günümiz biziň hyryn-dykyn kameramyza mylakatly, rahatlykdan hem ýylgyryşdan doly iki sany tussag girdi.

— Şu günki getirilen ruhy çopanlar nirede? — diýip, olaryň biri sorady. Men we meniň dostlarym haýaljakdan ellerimizi galdyrdyk, şonda ol iki adam salamlaşmak üçin bize tarap ýörediler. Olaryň şondan soňky aýdan sözleri meni haýran galdyrdy: olar bizi türmäniň doga edilýän otagyna çagyrmaga gelipdirler.

— Türmäniň doga edilýän otagy? — diýip, men ynamsyzlyk edip, täzeden soradym. — Bu ýerde türmäniň doga edilýän otagy barmy?

— Hawa, bar! — diýip, gelenleriň biri ýylgyrdy. Bu täzeligiň näderejede gowy bolandygyna men soňrak hakykatdan akyl ýetirdim.

MIHG-ň türmesinden we polisiýa uçastogyndaky "Niýaba Mendola" türmesinden, hatda musulmanlara-da metjide barmaga rugsat edilmeýän türmelerden tapawutlylykda, bu ullakan türmede bir däl-de, birnäçe metjit bardy, ýagny her bölümde bir metjitden bolup, olaryň hersi dört ýüz tussaga hyzmat edýärdi. Tussaglaryň hemmesiniň metjide barmaga mümkinçiligi bardy. Günde bäş gezek aýdylýan azan namaz wagtynyň gelenini habar berýär. Ýöne bu ýerde, "Al-Hudada" musulman dällerem kändi, ilkinji nobatda Günorta Sudandan bolan mesihiler, şeýle hem, adaty afrikan dinine ynanýan animistler kändi. Şonuň üçin türme ýolbaşçylary musulman däl tussaglar üçin doga edilýän ýer açypdyrlar.

Birwagtlar doga edilýän ýer türme kompleksiniň 5-nji bölümçesiniň ikinji gatyndaky adaty kamera bolup, onda ýüz adam saklanylypdyr. Ýöne ondan krowatlary çykarylandan, diwarlaryny-da gök reňk bilen reňklänlerinden soň, täze döredilen doga edilýän

otag iki ýüz tussaga çenli, eger hemmeler dik dursalar, onda ondan hem köp tussagy içinde ýerleşdirip bilýärdi. Diwarlarda ikonalar, dini mazmunly sungat eserleri, wagyzçynyň dik depesinde duran haça çüýlenme suraty durdy. Öňde münber hem-de sypa bolup hyzmat edýän, üstüne kleýonka ýazylan uzyn stol durdy, onuň töwereginde bolsa, ýygnanyşyk wagtynda tussaglar oturýardylar.

Görüp otursak, türmä baran ilkinji günümiz bizi doga edilýän otaga çagyran adamlar türme ýygnagynyň ýaşululary eken. Biz "Al-Huda" baranymyzda, olar ýygnaga hemişe gelýänleri ýygnadylar. Biziň baranymyzy adaty afrikan barabanlary habar berdi, şeýdip, birnäçe minutdan soň, biziň birinji ýygnagymyzda salamlaşmak üçin ýigrimiden gowrak tussag geldi. Ýaşulular iki sany sudanly ruhy çopany we meni öňe çykardylar-da, Resullaryň işleri 13:15-däki ýaly, şobada bizi haýran galdyran teklibi etdiler: "Doganlar, eger sizde Hudaýdan söz bar bolsa, ony aýdyň".

"Niýaba Mendola" polisiýa uçastogyndaky ýekelikde oturylýan kamerada üç aýyň dowamynda Hudaýyň maňa Mukaddes Kitaby öwrenmäge mümkinçilik berendigi meniň sudanly kärdeşlerime bellidi, şonuň üçin olar meni görkezdiler. Men Mukaddes Kitaby açyp, Ýohannanyň Hoş Habaryndan 15:1-10-y paýlaşdym. Bu Isa, hakyky üzüm agajy, Onuň Atasy üzümçidigi baradaky parçady. "Reb bizi, şahalary, nädip kesip aýyrmalydygyny öwretdi — diýip, men başladym. — Käwagt Reb biziň durmuşymyzy arassalanda, bu örän agyryly bolýar". Soň men Nigeriýadan bolan Monika Dranyň taryhyny gürrüň berdim. Ol ýerdäki mesihiler bu ynandyryjy taryha ýürekden gynandylar we MIHG-ň türmesindäki IGIL-iň esgeriniň bu taryhy eşidenlerinde, özlerini alyp baryşlaryny gürrüň berenimde, olar gulaklaryna ynanmadylar.

Reb maňa Omdurmandaky erkekler türmesinde wagyz etmäge mümkinçilik berdi, ýöne bu Onuň maňa "Al-Hudadaky" meniň üçin taýýarlan zadynyň bary-ýogy öňden beren alamaty eken.

Bu çöl, çöldäki bu türme, meniň tenim hem janym üçin ýaşaýyş beriji oazis ýoldy.

Ol ýere baranymyza iki gün geçeninden soň, meni 2-nji bölümden 3-nji bölüme, has howply jenaýatçylaryň saklanylýan ýerine geçirdiler. Olar Şukwan ýaly adamlardylar. Şukwan on ýyl mundan ozal urşan wagtynda dostuny bilmezlikden öldüreni üçin ýedi ýarym ýyllyk türme tussaglygyna höküm edilipdir. Ol köp çärşenbäni başdan geçiren, tebigy taýdan urşagan bolup, tutuş endamy ýara yzlary bilen örtülen adamdy.

Şeýle-de bolsa, Şukwan indi üç ýyldan bäri Isa Mesihiň yzyna eýerijidi. Ol özüniň "Al-Hudadaky" kameradaşlarynyň mesihilik şaýatlyklarynyň kömegi bilen Rebbi tanapdyr. Onuň bilmezlikden adam öldüreni üçin höküm edilen türme tussaglygynyň wagty geçen bolsa-da, ony azatlyga çykarmakdan ýüz öwrülipdi, sebäbi ol 38 müň sudan funtundan ybarat bolan sud çykdajylaryny tölemelidi (38 müň sudan funty resmi çalyşma kursy boýunça 6300 ABŞ dollarydy, inflýasiýa duçar edilen gara bazardaky nyrh boýunça bolsa, 2 000 ABŞ dollarydy).

Bu türmä geçirilen birinji gijämde Şukwan dogan meniň poluň üstünde ýatanymy gördi-de, meniň ýerime geçjegini aýdyp, diýenini tutdy durdy. Şukwan özüniň düşeginde meniň ýatyp ukymy almagyma mümkinçilik berip, özi poluň üstünde ýatdy. Onuň özüni pida edijilikli bu hereketi, özüniň Isa Mesihiň söýgüsi bilen ýumşan we üýtgän ýüreginde ýaşaýan imanyna has-da ynandyryjy şaýatlyk edýän hereketleriniň biri boldy. "Al-Hudada" kameradaşy azatlyga çykarylanyndan soň, onuň krowadyny miras almak üçin tussaglara birnäçe aýlap, hatda ýyllap hem garaşmak gerek bolýardy, şonuň üçin onuň eden özüni pida edijilikli hem öz bähbidini gözlemeýän hereketi göze ilmän galyp bilmedi. Şukwan, şeýle hem, musulmanlar üçin gaty gowy şaýatlyk boldy. Ozal olar ony iň güýçli urşagan bolany üçin sylaýardylar, ýöne indi söýgi bilen edýän hereketleri we pidalary üçin has-da köp sylaýardylar.

Şeýle-de bolsa, Şukwanyň akla sygmajak şeýle hereketleri edendigine garamazdan, gijeki asuda uky-da, maňa hemişelik gaýgy etmelerden saplanmaga kömek etmedi, sebäbi men galan ömrümi türmede geçirmeli bolaýarmykam diýip gaýgy edýärdim.




# 21

“Al-Hudada” doga edilýän ýerden başga ýerler hapady. Biz ol ýeri gaty arassa saklaýardyk, hatda aýda bir gezek saçakçylary gyrar ýaly, onuň içini tüsseletmek üçin garawullara pul hem töleýärdik. Ol ýerde akyp duran suw bardy, ýöne onuň basyşy şeýle pes bolany sebäpli, jaýyň içine suw berer ýaly, elektrik nasosy gerekdi. Suw akýan wagtynda, biz mydama mümkinçilikden peýdalanyp, birnäçe ullakan çelegi suwdan dolduryardyk, sebäbi duýdansyz elektrik togy öçürilen wagtynda içer ýaly suwuň bolmagy gerekdi.

Doga edilýän otagda akyp duran suwuň bolmagy maňa özümiň dört sany iki litrlik plastik küýzämi doldurmaga mümkinçilik berýärdi. Men olary güýjümde baryny edip, wanna otagynda ýuwunmak üçin dökmänjik kamera alyp barmaga çalyşýardym. Her gün irden sagat 7-de, derrewjik ertirki barlagdan soň, men bir bedre suw bilen tenimi ýuwmak üçin doga edilýän otaga gidýärdim. Tizara men, hiç kim zatlarymy ogurlamaz ýaly, ol ýere beýleki tussaglar gelmezinden öň barar ýaly, mümkin boldugyça basymrajyk barmagyň gerekdigine düşündim.

Hepdäniň dowamynda biz doga edilýän otagda bäş sany mesihi ýygnagyny geçirýärdik, oňa islendik konfessiýadan bolan we islendik ynama uýýan mesihiler gatnaşyp bilýärdi.

Ýekşenbe günleri sežde etmek üçin eritreýalylaryň topary gelýärdi. Olar özleriniň däplerine laýyklykda, köwüşlerini çykarýardylar-da, Merýemiň diwarda asylgy duran suratyny ogşaýardylar. Soň olar diwarda asylgy duran haça çüýlenilme suratyny-da şeýle edýärdiler. Olaryň däplerini ýerine ýetirip,

edýän dessurlaryny synlanymda ýüregime agram düşýärdi. Men olaryň ünsüni Isanyň taryhynyň töwereginde gurlan däplerden we ikonalardan aýryp, onda şekillendirilen diri Mesihe gönükdirmegi şeýle isleýärdim.

Bir gün men Ýohannanyň Hoş Habaryndaky 3:14–15 parça boýunça wagyz etdim. Onda Isa Mesih Nikodime "Musanyň çölde ýylany ýokaryk galdyryşy ýaly, Ynsan Ogly-da ýokaryk galdyrylmalydyr. Şeýlelikde, Oňa ynanýanlaryň hiç biri heläk bolman, ebedi ýaşaýşa gowşar" — diýip düşündirýärdi. Men, şeýle hem, Çölde kitabynyň 21-nji babyndaky wakany ýatlatdym. Onda çölde aýlanyp ýören ysraýyllary ýylanlaryň çakyşy hakda gürrüň berilýärdi. Musa sütündäki bürünç ýylany ýokary galdyrmaga görkezme alýar. Ol ýylana seredende, her bir ýylan çakan adam şypa alýardy. "Edil şonuň ýaly, özümiziň günälidigimize düşünenimizde, halas bolmany almak üçin, biziňem haçda ýokary galdyrylan Isa seretmegimiz zerurdyr. Isa Mesihe seretmeklik — bu şypa almanyň we ýokardan dogulmanyň ýeke-täk usulydyr" — diýip, men aýtdym.

Soň men dine ynanýan adamlaryň doga edilýän otagyň diwarlarynda asylgy duran dini nyşanlara tagzym etmesinde we olary ogşamasynda ýüze çykýan butparazlyklarynyň hemmesine gynananymda, Mukaddes Ruhuň maňa ýatladan ýeri bolan 2 Patyşalar 18:4-i ýatlap geçdim. Bu tekstde ýahuda patyşasy Hizkiýa hakda gürrüň berilýärdi. Ol sežde edilýän ýerleri ýok edipdi, sütünleri ýykypdy we Aşera butlaryny (adamlaryň sežde eden sütünini ýa-da agajyny) kesip aýrypdy. Ol Musanyň ýasan bürünç ýylanyny parçalapdy, çünki ysraýyl halky şol günlere çenli bürünç ýylana ýakymly ysly tütetgi ýakyp gelipdi. Ol bürünç ýylan Nehuştan diýip atlandyrylypdy. Men tussaglara başda ysraýyllaryň janlaryny halas etmeklige niýetlenilen bürünç sütüniň butparazlyk predmetine öwrülişi ýaly, biziň hem, Mesihiň Özüne tagzym etmegiň deregine, haçyň şekilini ogşanymyzy we onuň öňünde

tagzym edenimizi gowy görýändigimizi düşündirdim. Meniň wagzymdan soň, haýran galdyryjy üýtgeşmeler bolup geçdi. Köp eritreýalylar meniň ýanyma gelip, Mukaddes Ruhuň özleriniň gözlerini açany üçin we haça çüýlenme şekiliniň öňünde baş egmeli däl-de, Mesihiň Özüne sežde etmelidigine we Oňa öz durmuşyňy bagyş etmelidigine düşünendikleri üçin minnetdarlyk bildirdiler.

Eritreýalylaryň köpüsi ilki Liwiýa baryp, soň hem, Ýewropa geçme umydy bilen Sudanyň serhedinden bikanun geçendikleri üçin türmä düşüpdiler. Bu jenaýat 4 müň sudan funty mukdaryndaky jerime ýa-da üç aýlyk türme tussaglygy bilen jezalandyrylýardy. Käbirlerini basym boşadýardylar, sebäbi ýakynlary jerimäni töleýärdiler, käbirleri-de, tussaglyk möhletini doly oturýardylar.

Men bu türmä gelen wagtymdan bäri, Reb mydama wepaly boldy. Ol maňa doga edilýän otagda hepdede bir gezek, käwagt hem iki gezek wagyz etmäge mümkinçilik berýärdi. Men ýygnanyşygymyza näçe sany iman etmedik adamyň gatnaşýandygyny bilýärdim, şonuň üçin wagyzlarymyň köpüsi Hoş Habary wagyz edijidi, ýöne her bir üçünji wagzym Mesihe iman edenlere gönükdirilendi. Bu wagyzlaryň kömegi bilen men olary yzarlanmalara taýýarlamaga dyrjaşýardym.

Men "Hoş Habar yzarlanmalaryny" - Özi-de görgi göreni üçin biziň durmuşymyzda hem görgüleriň bolmagyna ýol berýän Halasgäriň yzyna eýerýändigimiz hakdaky habary wagyz etdim. Isa Mesih mesihileriň günäniň gulçulygyndan we ölümden gaça durup, ebedi ýaşap bilmekleri üçin söz bilen beýan edip bolmajak zalymlygy başdan geçirip, haçda öldi. Onuň yzyna eýerijiler bolan biz hem, bu ýerden ýer ýüzünde görgi göreris. Imanymyz ugrunda görgi görmek bilen biz Mesihiň görgülerine gatnaşýarys. Men olara yzarlanylýan mesihileriň, köplenç hem, Monika ýaly aýallaryň, Danýuma ýaly çagalaryň şaýatlyklaryny gürrüň berdim we "Al-Hudadaky" mesihi tussaglary yzarlanmalara taýýarlamaga, şeýle hem, yzarlanmalara Mukaddes Ýazgynyň esasynda düşünmeklige taýýarlamaga mümkin bolan zatlaryň hemmesini etmäge çalyşdym.

Hut şu “Hoş Habar yzarlanmalarynyň” Isa Mesihiň hakyky Hoş Habarydygyna men ynanýaryn.

* * *

Doga edilýän ýerdäki gulluk mydama birmeňzeş, ertir sagat 9-da, ybadathana jaňynyň sesiniň berilýän wagtyndan başlanýardy. Bu hepdede bäş gezek bolýardy. Doga edilmezinden we wagyz sözlerinden öňürti mydama aýdym bilen Hudaýy şöhratlandyrma bolýardy. Tussaglar adaty arap aýdymlaryny arap dilinde aýdýardylar, olar gitara ýa-da beýleki günbatar gurallaryny çalmagyň deregine, afrikan marakasyny we bongo barabanlaryny ulanýardylar. Bu barabanlary Id al-Adha, musulman gurbanlyk baýramy wagtynda özleri ýasapdyrlar.

Bu giňden bellenilýän baýramçylygyň çäklerinde türmäniň her bir kamerasyna gurbanlyk goýny berilýärdi. “Al-Hudadaky” mesihileriň käbirleri ol etden iýmekden ýüz öwürýärdiler, sebäbi Täze Äht butlara getirilen gurbanlyklaryň etini iýmegi gadagan edýär diýip hasap edýärdiler (1 Korintoslylar 8). Men bolsa, resul Pawlusyň düşündirişini ulanyp, biziň et bazarynda satylýan etleriň hemmesini arassa ynsap bilen iýip bilýändigimizi, sebäbi “ýeriň we onuň içindäki zatlaryň hemmesiniň Rebbiňkidigi” (1Korintoslylar 10:25–26) baradaky düşündirişi kabul etme kararyna geldim. Meniň üçin şol et Rebbiň beren sowgadydy, şonuň üçin men onuň delikates belogynyň her bir gramyndan lezzet aldym.

Goýnuň her bir bölejigi peýdaly nämedir bir zat etmek üçin ulanyldy. Tussaglaryň birnäçesi goýunlaryň derilerini baraban ýasamak üçin alyp geldiler, biz soňrak olary ýygnanyşyklarymyzda ulandyk. Derini eýlemek kyn prosesdi. Üç hepdäniň dowamynda ony gidrokis natriý sepip goýmak gerekdi, ol deridäki gaty erbet porsy ysy aýyrýardy, bar ýagy, eti we dokumalaryň galan böleklerini eredýärdi. Ondan soň tussaglar derini ýuwýardylar, kesişdirýärdiler

we Günüň aşagynda guradýardylar. Soň ony çekip, barabanyň esasyna berkidýärdiler.

Doga edilýän otagdaky aýdym sesi baraban çalýan mesihileriň kiçiräk toparynyň birnäçe ýuwaşja seslerinden başlanýardy. Tizara beýleki mesihilerem, olaryň seslerini eşidip, aýdyma goşulýardylar. Şeýdip, ol kameradan kamera, bölümden bölüme organiki usulda ýaýrap, bütin türmedäki mesihiler bilelikde Hudaýy şöhratlandyryp we ýygnanyşyga akym bolup gelip başlaýançalar, gitdigiçe gatalýardy.

"Al-Hudada" mesihilik aýdymlaryny aýtmaklyk yslam azanyna jogap boldy.

* * *

Käwagt bize messa geçirýän we ýewharistany wagyz edýän katolik ruhanysy hem gelýärdi. Käwagt hem, Sudanyň prawoslaw adaty hrisrtianlary üçin liturguýa geçirýän prawoslaw ruhanysy hem gelýärdi. Biziň ýygnanyşygymyza harezmatik ýygnaklaryň wagyzçylary hem gelýärdiler. Olar tussaglaryň gudrat bilen şypa almaklary üçin doga edýärdiler, jynlary kowýardylar. Jyn eýelemeler Afrikanyň bu böleginde adaty hadysady.

Meniň bilen bile tussag edilen iki sany sudanly ruhy çopan hem, gezekleşýän gullukçylaryň sanawyndady. Tussag edilýänçäler olar sagdyn sudan konfessiýasyna degişli ýygnaklara ýolbaşçylyk edýärdiler we olaryň wagyzlary-da mydama Mukaddes Kitaba esaslanýardy. Men adatça anna hem ýekşenbe günleri, şeýle hem meniň wagyz etmäge bellenilen başga günlerimde wagyz edýärdim. Her birimiziň gelip çykyşymyza we mesihilik däplerimize garamazdan, biziň hemmämiz wagyzlarymyzy Injiliň elementlerine esaslandyrmakda, Mukaddes Kitabyň wajyplygynda hem-de ýokardan dogulmanyň wajyplygynda ünsi jemleýärdik.

Bir gezek men anna güni Ýohannanyň Hoş Habaryndan 9-njy baby wagyz edip, kör bolup doglan hakda gürrüň berip otyrdym.

Ýygnanyşygyň ahyrynda men ol ýere gatnaşýanlara Hudaýyň çagyryşyna seslenmegi teklip etdim we Isa Mesih bilen iman ýoluny başlamak isleýänleri öňe çykmaga çagyrdym. Hudaýyň rehimi bilen şol gün on iki adam öz durmuşyny Mesihe bagyş etme kararyna geldi. Hudaý her hepdede Özüniň şeýle köp durmuşlary üýtgetmegi bilen bizi haýran galdyrmagy dowam etdirýärdi.

Şeýle-de bolsa, doga edilýän otaga gelýän tussaglaryň hemmesi mesihi däldiler. Biz haýwanlara tagzym edýän we adaty afrikan dinleriniň dürli görnüşlerine uýýan Günorta Sudandan bolan adamlary hem kabul edýärdik. Olar üçin meniň ýüregim agyrýardy, şonuň üçin men güýjümde baryny edip, öz wagyzlarymy olara gönükdirmäge çalyşýardym, öz sözlerimi Hudaý göni olaryň ýüreklerine gürlemek üçin ulanar diýip umyt edýärdim.

Meniň maksadym tussaglaryň gelip çykyşlaryny ýa-da däplerini kemsitmekden ýa-da tankytlamakdan ybarat däldi. Men olary: “Men Ýol, Hakykat hem Ýaşaýyşdyryn. Mensiz hiç kim Atama baryp bilmez” (Ýohanna 14:6) diýen Isa Mesihe alyp barmak isleýärdim.

Men her wagzymyň öňünden we soňundan Hudaýa ýürekden doga edip, bu adamlar özleriniň näme edendiklerine garamazdan, Hudaýyň özlerini söýýändigini, bagyşlaýandygyny we özleri bilen şahsy gatnaşyklary ýola goýmak isleýändigini bilmekleri üçin Mukaddes Ruhuň olara hakykaty açmagyny soraýardym. Ýüreklerinde Hudaýyň işlemeginiň kömegi bilen bu animistleriň köpüsi Hoş Habary kabul etdi we Rebbi tanadylar.

Indi özümiň türmede näçe wagtlap bolmalydygym biynjalyk etmeýärdi. Men Rebbiň isleýän wagtyna çenli — ýekeje gün irem däl, ýekeje gün gijem däl — ol ýerde bolmak isledim.

* * *

Omdurmandaky ruhy çopanlaryň ýakynlary hem ýygnak agzalary gün içinde üç gezek gelip görýärdiler. Ýöne “Al-Hudanyň”

uzaklygy sebäpli, meniň dostlarymyň ikisiniň ýanyna hepdede diňe iki gezek geldiler.

Wanda meni görmek üçin türmä gelmek isledi, ýöne ilki Çeh respublikasynyň daşary işler ministri ony gelmezlige yrýar. Gurama onuň üçin meniň ýanyma gelip gitmäge ýeter ýaly pul ýygnandan we çeh döwleti, ahyrsoňy, razy bolanyndan soň, men çeh konsullygynyň işgärine maşgala agzalarymyň Sudana gelmeklerini islemeýändigimi habar berdim.

Oglum ikimiziň adymyz birdi, şonuň üçin şol sapar wagtynda bolup biläýjek zatlardan gorkdum.

* * *

Bu türmede iň erbet işleri tussaglaryň däl-de, onuň işgärleriniň görkezýändiklerini men derrew bildim. Türmäni abatlaşdyrma işleri üçin ummasyz pul serişdesi bölünipdi, ýöne administrasiýa serişdeleri özlerine alyp, ony öz aralarynda paýlaşdylar. Garawullar mydama neşe ulanýardylar we tussaglardan pul alýardylar.

Täze kameradaşlarym hepdede, iň bolmanda, iki gezek elektrik toguny öçürýändiklerini maňa gürrüň berdiler. Bu wagtda potolokdaky wentilýatorlar işlemeýärdi, çyralar sönýärdi, aşhana enjamlary işlemesini bes edýärdi. Tussaglar türme administrasiýasyny pul almak üçin elektrik toguny bilgeşleýin öçürmekde aýyplaýardylar.

«Bu meseläni çözmek üçin her kamera 100 funtdan ýygnamaly» — diýip, garawullar talap edýärdiler. Tussaglar olaryň talaplaryna tabyn bolup, pul tölänlerinden soň, elektroenergiýa ýene peýda bolýardy.

Agşam sagat 5-de garawullar bellik edýärdiler-de, soňunda kameralaryň gapylaryny ýapýardylar. “Gapylary ýapanlaryndan soň, biz azat bolýarys” — diýip, bir gezek krowadymyz bir ýerde duran goňşym maňa pyşyrdap gürrüň berdi. Meniň 2-nji bölümdäki birinji gijämde onuň nämäni göz öňünde tutandygyna

düşündim. Gapylar ýapylanyndan soň, kameradaşlarymyň gizlin ýerlerden özleriniň mobil telefonlaryny çykaryp, jaň edip başlaýandyklaryny men gördüm.

Elektrik toguny öçürenlerinde, biziň hyryn-dykyn kameralarymyzdaky tussaglaryň arasyndaky dartgynlylyk artýardy, şonuň üçin arassa howadan dem almak üçin köpler doga edilýän otaga gidýärdiler. Doga edilýän otag ümsüm ýerdi, şonuň üçin men ol ýerde Mukaddes Kitaby öwrenip, beýleki tussaglary ruhlandyryp we iman edenler ýa-da özüni Mesihiň yzyna eýermeklige bagyş etmek isleýänler bilen dowamly gürrüňleri edip, wagtymy şol ýerde geçirýärdim. Bu türmedäki adamlar Hudaýa teşnediler, doga edilýän ýer bolsa, ruhy gürrüňler üçin gaty gowy ýerdi.




# 22

Türme tussaglygynda sekiz aýdan gowrak wagtymy geçirenimden soň, 2016-njy ýylyň 21-nji awgustynda, ahyrsoňy sud edilmeli gün gelip ýetdi. Ruhy çopan Hasan, ruhy çopan Kuwa, Monim we men — biziň hemmämiz aýyplanylýanlardyk.

Ir ertir bilen biz doga edilýän ýerde bedredäki suwa ýuwundym, soň hem, geýnip başladyk. Iki ruhy çopan gara jalbarlydy, gara köýneklidiler, men jinsimi, çal futbolkamy hem çepegimi geýdim. Meniň saçym hem sakalym indi uzyndy, şonuň üçin biziň işimiz boýunça suduň bolan birinji gününde özümi diýseň gelşiksiz duýdum.

Ýörite sakçylar — suduň polisiýasy — bizi “Al-Hudadan” Hartumyň merkezindäki türme binasyna alyp bardy. Mal daşaýan maşynyň arkasynda iki sagada golaý ýol ýörän wagtymyzda, elimizdäki gandallary aýyrdylar, soň biz kuzowyň her tarapynda gurlan uzyn metal oturgyçda oturdyk.

Biz türme binasyna baryp ýetenimizden soň, elimize ýene gandal dakdylar-da, wagtlaýyn saklanylýan ýerdäki kamera ýerleşdirdiler.

Kiçijik kamerada onlarça tussaglar gysylyşyp durdular. Ondaky pol hapady, oturar ýaly ýer ýokdy, şonuň üçin biz oňa degirlip gurlup, daşyna demir tikenli sim aýlanylan içki howluda ençe sagatlap aýlandyk. Kiçijik giňişlikde açyk asmanyň astynda aýlanyp ýörkäm, suduň golaýdaky binasynyň içinden gelýän aýdym sesini eşitdim.

Biz doganlar bilen bu aýdymyň nähili aýdymdygyny bilenimizde, aňk bolup galdyk. Nuba dagynda ýaşaýan, ruhy çopan Kuwanyň taýpasyndan bolan mesihiler bize özleriniň goldawyny

bildirýändiklerine şaýatlyk etmek üçin awtobuslara münüp, Hartuma gelipdirler. Ýöne sudanly hukuk goraýjy gulluklaryň işgärleri galkan, dubinka we göz ýaşardyjy gazlary ulanyp, olara suduň jaýyna girmäge ýol bermändirler. Şonuň üçin olar daşarda durup, Dawut bilen Jalut hakdaky aýdymy gaty ses bilen aýdypdyrlar. Hartumdaky merkeziň arka tarapky ýapyk howlusynda işimiziň birinji diňlenilmesine garaşyp durkak, Mesihiň Teniniň bize ruhlandyryjy aýdymy aýdýandyklaryny eşitdik. Men şol doganlaryň batyrlygyna haýran galdym, sebäbi bize munuň ýaly goldawy teklip etmek bilen olar diňe bir özleriniň şahsy azatlygyna töwekgelçilik etmän, eýsem, öz janlaryna-da töwekgelçilik edýärdiler. Olaryň näçe sanysy tutularka? Öz ýüregine ýakyn dilde mesihilik aýdymlaryny eşideninde, ruhy çopan Kuwanyň gözlerine ýaş aýlandy.

Sagat 1-e az wagt galanda, bizi öz işimiz boýunça birinji diňlenilmä girmek üçin Hartumyň merkezindäki suduň zalyna çagyrdylar. Göz geýim geýen we AK-47 bilen ýaraglanan sakçylar bizi wagtlaýyn saklanylýan kameradan alyp çykdylar. Biz dördimiziň sakçylara ala-mula komanda bolup görnendigimize ynanýaryn. Daşky görnüşlere görä, bize has howply jenaýatçylaryň görnüşini bermek üçin bizi zynjyrlar bilen gandalladylar. Men ruhy çopan Hasan bilen, ruhy çopan Kuwa bolsa, Monim bilen bir zynjyra berkidildik. Içki howludan suduň jaýyna tarap ýöränimizde biz Nuba dagyndan gelen mesihileriň deňinden geçdik. Bir gandala berkidilen Hasan bilen men, bizi garşy almak üçin gelenlere salam bermek üçin ellerimizi bile galdyrdyk, şonda mesihiler ellerini çarpyşyp, ala goh boldular. Men olaryň dillerine düşünemokdym, ýöne Hasan bilen Kuwanyň gözlerindäki ýaşlar, maňa düşünmeli bolan zatlarymyň hemmesini dilewarlyk bilen düşündirdi. Olaryň sesleri bizi wagtlaýyn saklanylýan kameradan suduň binasyna çenli ugratdy. Men emosiýalarymy saklamak üçin elimde baryny edip synanyşdym.

Tizara biz sud binasyna girdik. Bu bina köneje, solak sary reňkdäki suwagly, seredilmän ýatan jaýdy, diwarlaryndan suwaglar

dökülip durdy we heňiň ýiti ysy gelýärdi. Kimdir biri döwlen aýnaly äpişgäni açdy welin şemal porsy ys getirdi, ýöne yssyny birazajyk çydar ýaly etdi. Arassa howanyň gowşajyk gelýän akymynyň bardygyna garamazdan, men barybir gaty derleýärdim.

Zala girenimde men ol ýerde goragyň güýçlüdigini gördüm. MIHG-ň, suduň we türmäniň garawullaryndan başga-da, ol ýerde dişine çenli ýaraglanan MIHG-ň ýörite eşikleri geýnen adamlar bardy. Olarda göz ýaşardyjy gaz hem bardy. Daşarda garaşyp duran mesihilerden başga-da, jaýyň içinde-de biziň tarapdarlarymyz kändi. Hasan bilen Kuwa olaryň aralarynda ýerli ýygnagyň agzalarynyň hem bardygyny maňa pyşyrdap aýtdylar. Beýlekileriň Sudandaky saýlaw hukuklarynyň we demokratik reformalaryň öňe süýşmegi üçin döredilen gizlin hukuk goraýjy guramanyň gizlin wekilleridikleri maňa mälim boldy. Ozal men kameradaşlarymyň arasynda bu guramanyň wekillerine eýýäm duş gelipdim. Men ABŞ-nyň ilçihanasynyň hem-de Şweýsariýanyň konsullygynyň wekillerini, şeýle hem, çeh ilçihanasynyň işgärini we Halkara jenaýatçylyk sudunyň wekilini gördüm. Ol ýerde egin-eşikleri bilen tapawutlanýan erkekler hem aýallar bardy. Olar Ýewropanyň beýleki ýurtlarynyň diplomatlary we Ýewropa Soýuzynyň wekilleri bolup çykdylar. Olaryň hemmesi boş ýerleri dolduryp otyrdylar, hatda poluň üstünde-de ýerleşipdiler.

Mundan üç aý ozal MIHG № 41/2016 belgili işi açypdy, şeýle-de bolsa, diňe awgustda, bizi Omdurman şäherindäki türmä, soň hem, “Al-Huda” geçirenlerinden soň iş suda geçirildi. Birinji sud işiniň diňlenilmesi başda öten ýekşenbe gününe bellenilipdi, ýöne tizara goýbolsun edilipdi. Bize bu ýagdaýyň bizi türmeden alyp gitmäge ýagşyň päsgel berendigi sebäpli bolandygyny aýtdylar, ýöne tiz wagtdan munuň hakyky sebäbi bize mälim boldy. Nuba dagyndan gaty uly mähelläniň — örän oňaýsyz awtobuslarda köp günlük agyr syýahaty edip Hartuma erkekleriň we aýallaryň gelendiklerini görenlerinde, MIHG-ň işgärleri biziň işimize garalmany soňa goýupdyrlar-da, Nubadan gelen mesihileriň öýlerine giderine

garaşypdyrlar. Şeýle-de bolsa, mesihiler özleriniň ruhy çopanlaryny goldaýandyklaryny görkezmän, gitjegem bolmandyrlar. Olar galma we başga güne geçirilen sud işine garalma garaşma kararyndan doly bolupdyrlar, şeýlelikde, ýerli, Hartumly mesihiler olary özleriniň öýlerinde saklapdyrlar.

Ahyrsoňy sagat bire golaý biziň synagymyz başlandy. Suda ýolbaşçylyk etme wezipesini ýuridiki ylymlaryň doktory Usama Muhammet Abdalla ýerine ýetirýärdi. Ol gara mantiýa geýip, sud zalynyň öň tarapky bölegindäki beýik ýerde otyrdy. Ol ýerde, şeýle hem, aňtaýjy Abdyrahman Ahmad Abdyrahman we aklawçylaryň bir topbagy — üç resmi, on dört sany hem dürli hukuk goraýjy guramalardan gelen meýletinler — biz dördimiziň tarapymyzdady. Aklawçylar şeýle köpdi welin, sud gullukçylary aklawçylaryň oturgyçlarynyň ýanyna goşmaça oturgyç getirmeli bolupdylar.

Meniň şahsy aklawçym doktor Şuýmany Çehiýanyň ilçihanasy teklip edipdi, ýöne ol MIHG-ň tarapyndadyr diýip şübhelenýärdim, şonuň üçin men oňa ynanmaýardym. Ol segsen dört ýaşyndady, gymmat penjek geýýärdi we öz hyzmatlary üçin çendenaşa gymmat tölegi talap edýärdi, belki, muny para ýatan sudan hukuk goraýyş sistemasynyň ýolbaşçylary satyn almak üçin edýändir. Ony prokurorlar gaty sylaýan ýaly bolup görünýärdi we “Niýaba Mendola” polisiýa uçastogynyň işgärlerine-de täsirini az ýetirmeýärdi. Şol ýerde men ilkinji gezek onuň bilen tanşypdym. Şeýle-de bolsa, ýoly gaty daş hasap edendigi sebäpli, birinji sud işiniň diňlenilmeziniň öň ýanynda iş hakda gönüden-göni gürrüň etmek üçin “Al-Huda” meniň bilen meýilleşdirilen duşuşyga gelmedi. Bu meniň oňa bolan ynamyma we özümiň ahlak ýagdaýyma gaty uly urgy boldy.

Suduň işi diňe arap dilinde geçdi. Žurnalistlerden we hukuk goraýjylaryň az sanlysyndan başga, zalyň galan bölegi özleriniň barlygy bilen bizi goldamaga gelen batyr mesihilerden doludy. Meniň sudanly tussag dostlarymyň maşgala agzalary suduň zalynyň öň tarapyndaky oturgyçlarda gysylyşyp otyrdylar.

Ahyrsoňy işiň diňlenilmesi başlandy.

— 18-nji dekabrda — diýip, jenap Aýdyrahman yglan etdi, — Sudanyň Milli içalylyk we howpsuzlyk gullugy tarapyndan mesihi ruhy çopanlaryň we beýleki ýolbaşçylaryň topary tussag edildi. Bu ýere aýyplanylýanlar hökmünde gatnaşýan dört adamdan başgalarynyň hemmesi goýberildi. Olar Addis-Abebede 2015-nji ýylyň oktýabr aýynda geçirilen mesihilik konferensiýasyna gatnaşandyklary üçin tussag edildiler.

Jenap Abdyrahman Sudanyň 1991-nji ýyldaky 21, 50, 51, 53, 57, 64 we 66-njy maddalary boýunça, "Raýatlyk hakda" kanunynyň 30-1 maddasy we "Meýletin ynsanperwerlik hyzmatdaşlygy hakyndaky" permanyň 23-nji maddasy boýunça bildirilýän aýyplamalaryň sanawyny okady. Maňa garşy bildirilýän aýyplamalar örän giňdi: bir topar bolup, öňünden dildüwşüp jenaýat etmek, konstitutsion gurluşy bozmak, döwlete garşy uruş alyp barmak, ýurda garşy içalylyk etmek, harby obýektlere aralaşmak we olary surata almak, sektalara garşy ýa-da olaryň arasynda ýigrenç döretmek, ýalan maglumatlary bilgeşleýin çap etmek, Sudana bikanun girmek we haýyr-sahawat guramasynyň adyndan lisenziýasyz iş alyp barmak.

Aňtaýjynyň sözlerine görä, bizi Sudana garşy gönükdirilen içalylykly çäreleri alyp barmakda we Nuba dagynda hereket edýän Sudanyň Halk azat ediş goşunyna täsirli goldawy bermekde aýyplaýarlar. Ol suda gatnaşýanlara biziň ýurduň döwletine garşy dürli aýyplamalary tassyklaýan subutnamalary ýygnamagyň üstünde işländigimizi — zorluk işlerini, raýatlyk ilatyň başga ýere geçirilmegini, sudsyz jezalandyrylmalary, obalary otlamalary we gyrmalary, mesihilere azar bermeleri hem gynamalary, ýygnak binalarynyň ýykylyşyny dokumentleşdirendigimizi düşündirdi.

Men MIHG-ň beren terjimeçisine ynanmadym. Onuň iňlis dilini bilşi juda kanagatlanarsyzdy. Men muny ol meniň Sudana "*syýahatçylyk* wizasy" bilen gelendigimiň deregine "*terrorçylyk* wizasy" bilen gelenimi aýdyp terjime edende anyk bildim. Meniň ýanymda oturan sudanly doganlarym bu şübhelenmämiň

dogrudygyny tassykladylar: ol asla dogry terjime etmeýärdi. Olar garşy çykmaga synanyşdylar, ýöne kazy olary sem bolmaga mejbur etdi.

Biziň aklawçylarymyz bize ýöňkelýän aýyplamalara garşy çykdylar, şeýdip, sud 29-njy awgusta çenli yza çekildi. Biz aklawçymyza terjimeçiniň üstünden arz etdik.

Soň ruhy çopan Hasana, ruhy çopan Kuwa, Monime we maňa jübüt-jübütden gandal dakdylar-da, yzymyza türmäniň jaýyndaky wagtlaýyn saklanylýan kamera alyp gitdiler. Ýene birnäçe sagatdan soň, biz ýene mal daşalýan ýük maşynynyň kuzowyna münüp, yzymyza çölüň ortasynda ýerleşýän türmä gitdik.

Maňa garşy ýöňkelen aýyplamalar aklyňy haýran edijidi, ýöne men tolgunamokdym, sebäbi gara mantiýa geýmeýän Ýokary Kazy bilen şahsy taýdan tanyşdym.

* * *

Dürli ýollar bilen türmä bikanun geçirilen mobil telefonlary hem, ol ýerde şonuň ýaly bikanun ýollar bilen satyn alyp bolýardy. Monim şonuň ýaly telefonlaryň birini satyn aldy. Ol maňa her gün maşgalam bilen bir sagadyň dowamynda gürleşmäge rugsat edýärdi. Men SIM-kart satyn aldym-da, kameradaşlarymdan ony doldurmaklaryny haýyş etdim. Indiki sud işiniň diňlenilmesinde men gigiýena predmetleri salnan sellofan paketini aldym. Onuň içinde kakadylan azyklar — iň esasy zat hem, ýönekeýje mobil telefon bilen onuň içindäki ýadynda saklanylan has wajyp belgileri aldym. Suduň zalyndakylaryň hijisi bizi barlajak bolup azara galmady, sebäbi “Al-Huda” gaýdyp baranymyzda bizi gowuja barlajakdyklaryny olar bilýärdiler. Indi mesele telefony nädip türmä alyp geçmelidigindedi.

Birinji gezek Hartumyň merkezindäki sud işiniň diňlenilmesinden gaýdyp gelýärkäk, biz özümizi alyp gelýänlerden çörek bişirilýän ýerde birnäçe sany tegelek çörek satyn almak üçin saklanyp geçmegi

haýyş edipdik. Çörekler iki sany polietilen paketine salnandy. Olar azrajyk para üçin haýyşymyzy höwes bilen ýerine ýetirdiler.

Meniň has tejribeli kameradaşlarym telefony we zarýad beriji enjamyny çörekli paketiň içinde nähili gizlemelidigini öwretdiler. Şeýlelikde, garawullar çörekli haltalarymyzy barlanlarynda, olar çöregiň diňe dört tarapyny elläp gördüler, ýöne ortasyny barlamadylar.

Meýilnama gaty gowy işledi. Men çöregi döwdüm-de, içinden telefony aldym we kameralaryň gapylarynyň ýapylaryna garaşdym. Ahyrsoňy, men öz maşgalama jaň edip bildim. Men Wanda, Wawa we Pýotr bilen yzygiderli gürleşip bilýänime nähili begendim! Men bu wagty Hudaýyň Öz Sözi arkaly maňa açan hakykatlary bilen olary ruhlandyrmak üçin ulandym.

Her gün irden sagat 6-da kameralaryň gapylary açylýardy, biziň mobil telefonlarymyz bolsa, yzyna gizlin ýere gizlenilýärdiler-de, agşamyň düşerine garaşyp durýardylar. Ilki men mobil telefonymy ýanymda göterýärdim. Ýöne bir gün duýdansyz saklanylyp barlanyldym. Şonda garawul meniň kontrabandamy bildi-de, ony yzyna bermek üçin menden bäş ýüz sudan funtuny aldy. Şondan soň, irki bellige alynma gitmezimden öňürti, men telefonymy Şukwana berýärdim. Ol ony meniň demir krowadymyň aşagyndaky agaç gutuda gulplap goýýardy, şonuň üçin men onuň agşama çenli howpsuzlykda boljagyny bilýärdim. Irki bellige alynmadan soň bize türme bölümimiziň hemme ýerinde päsgelçiliksiz aýlanmaga rugsat edýärdiler, şonuň üçin men wagtymyň köp bölegini doga edilýän otagda geçirýärdim.

* * *

Öňki türmelerde haty goýbermek we almak kyndy we wagty boýunça dowamly işdi. Üstesine-de, hatlaryň hemmesi barlanylýardy. Bu maňa aç-açan hat ýazmaga päsgel berýärdi. Men iňlisçe ýazýardym. Hatlary ilki gizlin polisiýanyň işgärleri

barlaýardylar, soň hem olary konsullygyň işgäri gelende bermek üçin diýseň köp wagt gerek bolýardy.

Ýöne indi “Al-Hudada” bizde smartfon ulanmaga mümkinçilik bardy. Men indi çeh dilinde hat ýazyp, onuň her bir sahypasyny telefonda gurnalan fotoapparatyň kömegi bilen surata alyp, WhatsApp-yň kömegi bilen şifrlendirilen goşundy arkaly haty dolulygyna gyzymyň mobil telefonuna ugradyp bilýändigime derrew düşündim.

Biziň işimiziň sudda birinji diňlenilmesinden bir hepde geçenden soň, ikinjisiniň bir gün öň ýanynda özümiň maşgalama çeh dilinde gizlin haty ýazyp bildim. Onda men özümiň türmedäki ejirli bolsa-da, çäkli wagtymy “Al-Hudadaky” Isa Mesihiň yzyna eýerijiler bolan tussaglaryň alan ebedi ýaşaýşy bilen deňeşdirdim. Men öz kameradaşym Şukwan dogan üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdim. Men ony kodly dilde “goraýjy perişde” diýip atlandyrdym. Şukwan ýygy-ýygydan nahar taýýarlaýardy, şeýdibem, gözgyny türme tagamnanamyzy gowulaşdyrýardy. Bu bolsa, bize birneme agramymyza gelmäge kömek edýärdi. Şukwanyň beýleki musulman kameradaşlarymyzyň ýanynda menden nahara ak pata bermegi haýyş edenini, munuň bolsa, öz dogalarymy gysgajyk wagyz hökmünde etmegime mümkinçilik berýändigini, şol dogamy bolsa, düşünýänler üçin iňlis dilinde edýändigimi maşgalama gürrüň berdim.

Şukwanyň arap dilindäki Täze Ähtdäki Injili okap oturanyna, musulman tussaglaryň hem, kameramyzyň bir burçuna gysylyşyp, oňa Hoş Habaryň hakykylygy hakdaky soraglary berýändiklerine köp şaýat bolýardym. Görüp otursam, Şukwan gaty gowy apologet eken, şonuň üçin ol olaryň ähli garşy çykmalaryna jogap berýärdi. Her gezek ol musulmanlara Injili wagyz edende, men onuň üçin ýürekden doga edýärdim.

Hatymyň ahyrynda özümiň türmede, Reb meni bu ýerde näçe wagtlap ulanmak islese, şonça wagtlyk hem boljakdygymy ýazdym. Men hatymy ýazyp gutaranymda, onuň uzynlygy sekiz sahypa

boldy. Ahyrsoňy ýüregimi aýalymyň we çagalarymyň öňünde arkaýyn döküp bilýändigim şeýle ajaýyp zat boldy!

"Al-Hudada" smartfonuň bar bolmagynyň ikinji artykmaçlygy, ine, şundady: sudan çölüniň ortasynda bolsak-da, Hasanyň telefonundan we juda haýal işleýän 2G-den peýdalanyp, biz dürli ýurtlardan bolan adamlaryň biziň agyr ýagdaýymyzy goldap edýän sesleriniň gitdigiçe gatalýandygyny synlap bildik. Yzarlanylýanlary gorama kompaniýasyny geçirýän CitizenGo hukuk goraýjy gurama biziň azatlyga çykandygymyz hakyndaky onlaýn-petisiýany ýasama edip ýazyp goýupdyr. Hasanyň telefonunyň daşyna üýşüp, biz gaýta-gaýta web-saýty täzeledik we saýtymyza ýazylýanlaryň sanynyň artýanyny hormat bilen synlaýardyk. Biziň her birimiz hem, petisiýa ýazýardyk, şonuň üçin her gün irden türmämizden täze biri özüniň hem saýtymyza ýazylandygyny aýtmak üçin bizi bir gyra çekýärdi. Biz her gün petisiýalaryň köpelişini yzarlaýardyk we ýazylanlaryň sanynyň eýýäm ýarym milliona golaýlaşandygyna haýran galýardyk.

Soň kimdir biri bize Ýutýubda Ispaniýanyň, Madridiň paýtagtlaryndaky sudan ilçihanasynyň öňünde bolan parahatçylykly demonstrasiýalaryň wideosyny görüp bolýandygyny habar berdi. Özümiziň ynamsyz internet-birleşmämiz sebäpli wideonyň uzyn arakesmeler bilen görkezilýändigine garamazdan, plakatlary görenime we adamlaryň meniň adymy tutup gygyrýandyklaryna juda tolgundym we çendenaşa ruhlandym. Ýigrimi minutlyk wideoda kamera mähelläniň ýokarsynda, Pýotr Ýaşeka azatlyk berilmegini talap edýän plakatdan plakata, bannerden bannere aýlanyp geçdi.

* * *

Işimiziň diňlenilmesine bir hepde geçeninden soň, biz ikinji diňlenilmesine hem gatnaşmak üçin Hartumyň merkezine ikinji saparymyza ýola düşdük. Bir hepde mundan öň bolşy ýaly, biz sagat 1-e çenli kiçijik hapa kamerada iki ýarym sagat garaşdyk. Kamerada

biziň bilen garyplykda ulalyp, ogry bolan bir topar çaga bardy. Ruhy çopanlaryň maşgalalary bize nahar getireninde, biz olary çagalar bilen paýlaşdyk. Çagalaryň iň kiçisi ýaňy dokuz ýaşyndady.

Işiň diňlenilmesi başlananda, aňtaýjy — biziň “jenaýatlarymyzy” derňemeleri geçiren, indi hem, aýyplama ýolbaşçylyk edýän adam — suduň zalynda proýektor gurupdyr. Onuň kömegi bilen ol meniň gaty diskimde MIHG-ň tapan suratlaryny — ýurduň demirgazygyndaky weýran edilen mesihilik ýygnak binalarynyň suratlaryny, şeýle hem, Nuba dagyndaky harby hereketler zonasyndaky düşürilen suratlary görkezip başlady.

Men proýektoryň ekranynda suratlaryň görnüp gidýänini synlap otyrkam, suratyň burçundaky ähmiýetsizje zat meniň ünsümi özüne çekdi: suratlarda senäniň san bilen bellenileni ýazylgy durdy: 2011-nji ýyl. Men oturan ýerimde göneldim-de, uludan demimi aldym. Meniň damarlaryma adrenalin guýlan ýaly boldy. *Ine, ahyrsoňy, özüme ýöňkelýän aýyplamada meniň günäkär däldigimiň subutnamasy tapyldy!* Men öz aklawçyma tarap eglip: “Bu meniň suratlarym däl. 2011-nji ýylda men Sudanda bolmadym!” — diýip pyşyrdap aýtdym. Prokuror meniň aklawçym bilen iňlis dilinde gürleşenime garşy çykdy, kazy hem munuň bilen ylalaşdy. Aklawçylar bilen kazynyň arasynda gaty sesli jedeller başlandy.

Ýöne birazajyk wagt geçenden soň, jaýyň elektrik togy öçürildi-de, aňtaýjynyň porýektory öçdi. Suduň zalyndakylaryň köpüsi gaty ses bilen gülüşdiler. Elektroenergiýanyň kesilmesi sudan halky üçin gündelik hakykat bolupdy. Generator edinmäge bolsa, diňe iň baý adamlaryň güýji ýetýärdi. Suduň zalyndaky elekrtik togunyň kesilip durandygy sebäpli, sud 1-nji sentýabra geçirildi. Biz suduň zalynda bary-ýogy ýigrimi minut bolduk, ýöne şol wagtda hem, men Sudanyň howpsuzlyk gullugynyň, biziň işimiziň diňlenilmesini yza çekdirmek üçin islendik mümkinçilikden peýdalanjak bolýandyklaryny gördüm. Ýöne indi bu meni beýle bir güýçli birahat edip duranokdy, sebäbi meniň öňümde täze ýumuş durdy: 2011-nji ýylda meniň Sudanda bolmandygymyň subutnamasyny tapmaly.



# 23

“Al-Huda” gaýdyp baranymdan soň, men derrew Wawa bilen gürleşip, ondan suduň zalynda görkezilen suratlary kärdeşim Nuba dagynda surata düşüren wagtynda meniň Pragada bolandygymyň subutnamasy bolup gulluk edip biläýjek islendik dokumenti skanirläp, meniň aklawçymyň elektron poçtasyna goýbermegini haýyş etdim. Bu meniň günäsizdigimi subut etmek üçin zerurdy! Meni tizara aklanmany we azatlyga çykmany öňünden duýma duýgusy gurşap aldy.

1-nji sentýabr güni irden, Hartuma dowamly syýahata ugramak üçin, ýene kameramyzdan çykdyk. Türmäniň territoriýasyndan geçip barýarkam, men eýmenç bir wakanyň şaýady bolum. Men Hasan bilen Kuwany dürtüp: “Sag tarapa serediň” — diýip pyşyrdadym. Howluda biz adam täretinden doly açyk kanalizasiýa bir adamyň batyrylanyny gördük. Men ol adama çuň nebsagyryjylyk duýdum we garawullaryň onuň bedenini boýnuna ýetýänçä, tärede batyryşlaryny synlap durşuma Hudaýdan ony goramagyny soradym.

Munuň ýaly jezanyň sebäbiniň nähilidir bir agyr günä işi bolan bolmagynyň — belki, onuň garawuly uran bolmagynyň mümkindigini, ol adamy kanalizasiýanyň içinde ýarym sagatlap saklajakdyklaryny bildik. Bu — garawullaryň ulanyp biljek iň erbet jezasydy. Ähmiýetsizje düzgün bozmalary üçin tussaglary hapanyň içinde bulanmaga mejbur edýärdiler, sebäbi garawullar akyp duran suwuň şeýle çäkli ýagdaýynda olaryň hapany doly ýuwup aýryp bilmeýändiklerini bilýärdiler. Has agyrrak jenaýatlar üçin tussaglaryň iki aýagyny bir gandala salýardylar, käwagt

hem, üç hepdeläp, agyr metal olaryň topugyna çümüp durýardy. Zynjyrlary aýyrmaklyk ony dakynyp ýören wagtyňdakydan has agyryly bolýardy, sebäbi zynjyrlary aýyrmak üçin ulanylýan demir galam tussagyň aýaklaryny maýyp edýärdi.

Ýöne biziň şu wagtjyk şaýady bolan zadymyz iň agyr jezady. Gynansak-da, ol “Al-Hudada” seýrek bolýan zat däldi. Her gezek howany, doňuz fermasynyň ysyna meňzeş zäherli porsy ys tutanda, biz türmäniň kanalizasion sistemasynyň gapagynyň aýrylandygyny we rezerwuaryň nobatdaky tussagy jezalandyrmaga taýýardygyny bilýärdik. Otuz minudyň dowamynda tussagy kanalizasiýada saklap durýardylar, adam täretleri bolsa, onuň eginlerini ýapyp, onuň boýnuna ýetýärdi. Kemsitme gutaranyndan soň, adamda tenini ýuwmaga mümkinçiligi örän çäkli bolýar. “Al-Hudada” holeranyň ýaýramagy geň galarlykly zat däldi. Ýokanç keselleri saklamaga dyrjaşyp, türme lukmanlary sagdyn tussaglara üç sany doksisiklin gerdejiklerini berýärdi, sebäbi olar tussaglar antibiotikleri profilaktika hökmünde ulanyp bilerler diýip, ýalňyş çaklaýardylar. Men her gün Hudaýyň meni goramagyny diläp doga edýärdim. Türmede, şeýle hem, inçekesel ýaýrap başlady. Wagtal-wagtal garawullar biziň aramyzdan öli jesetleri aýyrmak üçin aýlanýardylar.

* * *

Sud işini diňlemeklik üçünji gezek başlanmazyndan öň terjimeçi öz wezipesini ýerine ýetirmekden çetleşdirilen eken. Men indi suduň seljermesi wagtynda resmi terjimeçisiz galan bolsam-da, bu meni onçakly bir birahat edip durmady.

Sessiýalar 1950-nji ýyllardaky sud proseslerini, Çehoslowakiýada kommunistleriň ideologiki taýdan howp salýan elementleri bar diýip hasaplaýan sud astyndaky adamlaryny ýüz ugruna ömürlik tussaglyga höküm edýän wagtyndaky sud prosesini ýada salýardy. Öz paýyma düşen synag üçin alada galmagyň deregine, men Rebbi

şöhratlandyrma we doga etme kararyna geldim. Mundan başga-da, sud birnäçe gysga hepdeleriň dowamynda gutarmalydy.

Üçünji suduň diňlenilmesi gutardy. Ol nobatdaky surnukdyryjy we lapykeç ediji diňlenilme boldy. Onda aýyplaýjy meniň musulman gelip çykyşy bolan, hüjüm etmeler netijesinde gaty erbet ejir çeken, täze imana gelen mesihiler bilen duşuşandygymyň subutnamasyny görkezdi, soň suduň dowamynda meniň aklawçym prokuraturanyň görkezýän materiallarynyň hakykylygyny subut etmek üçin eksperte berilmegini talap etdi. "Al-Huda" gaýdyp gelenimden soň, men maşgalama hat ýazdym.

> *"Ýewropalynyň gözi bilen seretseň, suduň seljerme işi juda bulaşyk. Kazy, aklawçylar we prokurorlar biri-biriniň üstlerine gygyrýarlar. Suduň işine işi özleriniň isleýän ugruna gönükdirýän gizlin polisiýanyň işgärleri-de gatnaşýarlar. Kazy-da, gizlin polisiýanyň işgäri hökmünde tanalýar, şonuň üçin höküm aýyplaýjynyň isleýşi ýaly bolar diýip öňünden çaklamak bolar.*
>
> *Men we şol bir iş boýunça geçýän üç doganym hem asuda oturýarys. Biz hemme zadyň Rebbiň elindedigini, iň soňky we aýgytlaýjy sözi Onuň aýtjakdygyny bilýäris. Men Zeburdaky 109:30-31 aýatlary ýada salyp, ruhlanmanyň we güýjüň çeşmesini tapýaryn.*
>
> *Goldaw hökmünde maňa iberen Mukaddes Kitap aýatlaryňyzyň hemmesi üçin köp sag boluň. Men olarda Rebbiň özüme her gün berýän zadynyň ajaýyp tassyklamasyny tapýaryn. Reb maňa Öz barlygynda bolup, güýjümi täzelemäni berýär, Injili wagyz etmek*

*üçin wagt berýär, ruhy taýdan öz üstümde işlemäni we Mesihdäki gadyrly doganlarym bilen geçirýän ruhlanma wagtymy berýär.*

*Türmede geçiren dokuz aýa golaý wagtymyň dört aýyny men ýekelikde oturylýan kamerada geçirdim. Birinji bäş aýyň dowamynda mende Mukaddes Kitap bolmady. Ýöne Reb Mukaddes Ruhuň üsti bilen gürleşip, Öz Sözüni maňa ýatlatdy-da, özüme öňden belli bolan aýatlary gaýta-gaýta ýadyma saldy. Soňrak Ol maňa geçmişde Mukaddes Kitapdaky düşünmedik ýa-da nädogry düşünen böleklerime täze, has çuň düşünmäni berdi.*

*Edýän dogalaryňyz we ruhlandyryjy sözleriňiz üçin sag boluň. Goý, Reb siziň hemmäňizi gorasyn we size ak pata bersin. 1Petrus 2:20–23*".

* * *

Iki hepde ondan öň, 15-nji awgustda, Wanda bilen çagalarym hat ýazdylar we täze çeh konsullygynyň işgäri jenap Afifiniň üsti bilen goýbermekçi bolan zerur zatlarym salnan pakedi taýýarladylar. Wanda: "Men saňa, seniň batyrlygyňa we sabyrlydygyňa örän guwanýaryn. Sen olar arkaly ýüze çykan ýagdaýa döz gelmäge ukyplysyň. Sen biziň hemmämiz üçin göreldesiň we ruhlandyrmasyň. Men seniň hatlaryň hemmesini täzeden okaýaryn we olary ýüregimde saklaýaryn!" — diýip ýazypdyr.

Üçünji suddan soň jenap Afifi bilen birinji gezek duşuşanymda, olaryň sowgadyny alyp, maşgalamyň ýazan hatyny okap we jogabyny goýberip hem bildim.

*“Meniň ezizlerim!*

*Hormatly konsul jenap Afifiniň üsti bilen alan pulum üçin köp sag boluň. Maňa türmäniň içine mobil telefony alyp geçmek başartdy, ol maňa türmäniň işgärlerine berlen iki sany kiçiräk “sowgada” düşdi. Bu ýerde, sudan türmesinde, pula hemme zady diýen ýaly almak bolýar.*

*Riçard Wurmbrandyň “Eger türmäniň diwarlary gürläp bilsedi” atly kitabyndan iň uly şatlygy aldym. Men bu kitaby ýigrimi ýyla golaý mundan ozal okapdym, ýöne häzir, özüm hem Wurmbrand doganyň düşen ýagdaýyna meňzeş ýagdaýda bolanym üçin bu kitap göni meniň ýüregime ýüzlenýär! Meniň başdan geçirýän ýagdaýlarymyň köpüsi Riçardyň duýgularyna örän meňzeş bolan duýgulary döredýär. Bu kitap ençe gezek ýüregime şeýle güýçli jüňk boldy welin, men hatda agladymam. Men ony bir günüň içinde okadym, indi bolsa, ony ýene bir gezek okamaklyga sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn”.*

Men özümiň türme tejribämiň — öz duýgularymyň we Mukaddes Ýazgynyň parçalarynyň köpüsine ylahy taýdan düşünişimiň — Riçard Wurmbrandyň duýgularyna şeýle meňzeşdigine men haýran galdym, ýogsam, biziň wagtdaky we ýerleşýän ýerimiz meňzeş hem däldi. Men 2016-njy ýylda Sudanyň totalitar režimi tarapyndan türmä salyndym, ol bolsa, onlarça ýyllar mundan ozal Rumyniýanyň totalitar kommunistik režimi tarapyndan tussag edilipdi. Yzarlanmalary başdan geçirenimde, onuň bilen geň galdyryjy baglanyşygyň bardygyny duýýaryn. Bizi umumy baglar,

umumy ýagdaý, umumy Mesih baglanyşdyrýar. Eger Hudaý meni haçan hem bolsa bir wagt türmeden, birwagtlar Wurmbrandy boşadyşy ýaly boşatsa, onda başgalar Mesihiň söýgüsi hakda biler ýaly, Onuň maňa-da öz şaýatlygymy ýazmaga gaýrat bermegi üçin doga etdim.




# 24

Meniň “Al-Huda” türmesinde bolmagym emosional we ruhy taýdan sapak beriji boldy. Maşgalam maňa MP3-pleýeri Mukaddes Kitabyň çeh we iňlis dillerindäki ses ýazgysy bilen iberdi, şeýle hem, fransuz dili kitabyny iberdi. Men giç agşam, Gün bireýýäm ýaşandan soň, kitap okar ýaly ýeterlik bolan ýagty bolmadyk wagtynda, Mukaddes Ýazgyny diňleýärdim, şeýle hem, “Al-Hudanyň” doga edilýän otagynda iňlis hem fransuz dillerini öwretmek üçin audioýazgyny ulanýardym.

Aklym bilen ruhumyň ruhy iýmiti alýandygyna garamazdan, hepdede Hartumdaky suda gitmeklikde weýran edijilikli täsir bardy. Sudanyň howasy entek çydap bolmajak yssydy, mal daşaýan ýük maşynynyň kuzowynda surnugyp gidip gelmeler, çydardan çökderdi. Men Hartum sudunyň binasyna her ýekşenbe gününde gitmekden gorkup başladym.

5-nji sentýabrda biz ýene nobatdaky sud seljermesine geldik. Täze terjimeçi bellenilendi, ol Hartum uniwersitetiniň terjime kafedrasynyň mugallymydy.

Seljermäniň bütin dowamynda ol nädorgy terjime etdi we soraglara meniň beren jogaplarymy üýtgetdi. Hasan maňa tarap eglip, meni ýaralanan ýaş oglana kömek berme wezipesini öz içine alýan amerikan guramasynyň wekili bolup durýandygymy boýun almakda aýyplaýandyklaryny pyşyrdap aýtdy — men muny hiç haçan hem boýun almazdym. Ol, şeýle hem, meni döwleti agdarma operasiýasyny maliýeleşdirmekde aýyplaýandyklaryny aýdyp terjime etdi. Seljerme işi gidip durka, men bolup geçýän

zatlara Hasan bilen Kuwanyň garaýyşlaryny synlap, olaryň lapykeçligini hem gynanyşyny belläp we gynançly yňňyldylaryny diňläp oturdym.

— Garşy çykýaryn! — diýip, meniň aklawçym gaýta-gaýta gaýtalady, ýöne kazy muňa baş hem galdyrmady.

Esasy bölegi ýaralanma alan mesihi talyp bilen baglanyşykly bolan sud prosesi gutaranyndan soň, ilçihananyň işgärleri biri-biriniň ellerini gysdylar-da, biziň sudumyzyň syýasy ýagdaý hem din bilen baglanyşyklydygyna düşünýändiklerine bizi ynandyrdylar. Olar sabyrlylygymyz üçin minnetdarlyk bildirdiler-de, sud prosesi wagtynda özümizi alyp barşymyza guwanýandyklaryny bellediler.

Indiki birnäçe sagadymyzy biz olaryň sözlerinden ruhlanyp, kamerada geçirdik. Biz özleriniň wagtyna içleri gysyp garaşýan beýleki tussaglaryň arasynda içki howluda gezim edip, nubaly mesihileriň we ilçihananyň işgärleriniň bize eden goldawy üçin Rebbi şöhratlandyrdyk. Soň bizi yzymyza "Al-Huda" alyp gitdiler.

* * *

Suduň işi diňlemesi her hepdede bolup geçdi, bizem gaýta-gaýta "Al-Hudadan" Hartuma surnukdyryjy syýahaty edýärdik. Käwagt hereket juda haýal bolanda ýa-da howa şertleri juda erbet bolanda, ýol tutuş üç sagat wagtyňy alýardy. Biz Hartumdaky beýleki sud binalarynyň öňünde ýygy-ýygydan durýardyk, şonuň üçin biziň mal daşaýan maşynymyz tussaglardan şeýle bir dolýardy welin, hatda dem almagam gaty kyn bolýardy.

26-njy sentýabrda, prokuroryň biziň işimizi beýan edişini eşitmek üçin suduň öňünde durduk. Ol aýyplamasyny 2011-nji ýylda Nuba dagynda düşürilen wideo esaslandyrdy-da, şobada ony görkezdi, men muňa diýseň begendim. Men aklawçymda meniň maşgalam tarapyndan berlen, şol wagtda meniň Sudanda bolmandygymy tassyklaýan subutnamalaryň bardygyny men bilýärdim. Maňa garşy gozgalan işiň esasy böleginiň Nuba dagynda düşürilen wideo

esaslanýandygy üçin, maňa garşy işiň ýapylmagynyň diňe wagta bagly zatdygyna ynanýardym.

Prokuror wideony görkezdi, terjimeçi bolsa, terjimäni görkezdi. “Bu wideo 1-nji belgili aýyplanylýanyň gaty diskinden tapyldy — diýip, prokuror meni görkezip aýtdy. — Onda bu sud edilýän bilen başga-da üç adam bar. Wideo Nuba dagyndaky söweş hereketleri zonasyndan geçip barýan awtomobilden düşürilipdir”.

Meniň aklawçym maňa tarap öwrüldi-de: “Pýotr, olar seniň bu wideoda bardygyňy aýdýarlar” — diýip pyşyrdady.

“Bu göze görnüp duran ýalan — diýip, men oňa pyşyrdap jogap berdim — sebäbi men bu wagtda Çehiýadadym, muny subut edip hem bolýar”. Ol garşy çykmak üçin elini galdyrdy we meniň şu wagtjyk aýdan zadymy düşündirdi, soň hem, stoluň üstündäki kagyzlar topbagyny galdyryp, ony öz öňünde silkeledi.

— Bu wideo düşürilen wagtynda jenap Ýaşekiň Pragada bolandygynyň subutnamasy — diýip, ol kaza Pragada tölenilen kwitansiýalaryň nusgalaryny we beýleki dokumentleriň nusgalaryny berdi, soň hem, bu wideonyň meniň kameramda düşürilmändigi baradaky ekspertiň çykaran netijesini görkezdi, onda meniň kameramyň Canon Rebel XT3-digi, bu wideonyň bolsa, Canon Rebel XTi kamerasy bilen düşürilendigine şaýatlyk edýän sifr yzynyň bardygy aýdylýardy.

Aklawçymyň inkär etmeleri berkdi we inkär edip bolmaýandy, ýöne kaza asla ynandyryjy däl ýaly bolup görnen ýalydy. Ol skanirlenen dokumentlere gözlerini basymjak aýlady-da, olary bir gyra goýdy. Soň ol arap dilinde bir zat diýdi, meniň aklawçym hem oňa, ylalaşmaýan äheňde eginlerini gysdy. Şeýdip, meniň inkär edip bolmajak subutnamalarym hasaba alynmady.

Men suduň zalyna göz aýladym — hiç kim meniň aklawçymyň garşy çykmasyny bellemedi. Özümiň azatlygymyň girewi bolar diýip pikir eden inkär edip bolmajak subutnamam, hatda sud seljermesiniň stenogrammasyna-da girmeýärdi!




# 25

17-nji oktýabrda biz ýene Hartuma, sekizinji sud seljermesine geldik. Sud prosesiniň eýýäm iki aýlap dowam edýändigine başym aýlanýardy. Ýöne maşgalamyň beren hatlaryndan we “Al-Hudadan” edilýän gizlin jaňlardan men bütin dünýädäki mesihileriň meniň üçin Hudaýa doga edýändiklerini bildim we şondan hem ruhlanma aldym.

Meniň Çehiýa respublikasyndaky ýygnagymda gündelik doga etmeler we agyz beklemeler dowam etdirildi, men hem doganlarymyň meniň üçin doga etjek bolup, yzygiderli ýygnanyşýandyklaryny bilýärdim. Şeýle hem, ABŞ-da “Ejir çekenleriň sesiniň” ofisinde, ýygnanyşyk bolýan wagtynda, her sişenbe güni irden meniň üçin doga-dileg edýändiklerini-de bilýärdim. Ruhy çopan Hasan bilen ruhy çopan Kuwa bütin sudan ýygnagynyň biziň üçin doga edýändigini aýtdy. Men Hartum şäherindäki merkezi suduň jaýyna indiki sud işiniň diňlenilmesine barýarkam, bu mesihileriň hemmesi hakda pikir etdim.

Sud işiniň diňlenilmesinde jenap Abdyrahman — hem prokuror, hem aňtaýjy — aýyplaýjy, meniň ýaralanan talyp bilen bolan gijeki duşuşygymyň wideoýazgysynyň bardygyny yglan etdi, şonda men onuň gije ýazgy edýän kameranyň kömegi bilen düşürilendigine düşündim. Ol, şeýle hem, şol oglany mesihilige getirmek hakda Monim ikimiziň eden gürrüňimiziň audioýazgysynyň bardygyny hem tassyklady. Men muny boljak zat däl diýip hasap etdim, sebäbi ol duşuşyk meniň ýadymdady. Biz şol duşuşygy sesli restoranda

geçirdik, ol ýerde bolsa, meniň aýfonumdan nähilidir bir düşnükli ses almak asla mümkin däldi.

Suduň biziň aklawçylarymyz bilen jenap Abdyrahmanyň arasynda bolan yzygiderli soraglaryndan hem jogaplardan ybarat bolan indiki bölümi meni juda gyzyklandyrdy.

— Näme üçin siz birinji belgili aýyplanylýany sorag etmäni wajyp hasap edýärsiňiz? — diýip, aklawçym meni görkezip sorady.

— Sebäbi onuň Sudana 2012-nji ýylda bolan birinji saparynyň kanuny esaslary ýokdy, üstesine-de ol Nuba dagynyň köp etraplaryna bardy-da, powstanslar bilen duşuşdy. Ol bu sapary wagtynda nuba halkyna azar bermeler, olary gynamalar we güýç bilen yslama getirmeler we araplaşdyrmalar babatdaky subutnamalary ýygnamaga synanyşdy. Derňewleriň materiallaryna laýyklykda — diýip, jenap Abdyrahman sözüni dowam etdirdi. — Ol powstanslaryň esgerlerine material-tehniki kömegi berdi, şeýle hem, gören zatlaryny halkara guramalara, has takygy, birinji belgili aýyplanylýanyň baş ofisine hasabat berdi.

Onuň "Ejir çekenleriň sesini" göz öňünde tutýandygyny men bilýärdim.

— "Ejir çekenleriň sesiniň" ofisi nirede ýerleşýär?

— ABŞ-da — diýip, ol jogap berdi.

— "Ejir çekenleriň sesine" berlen hasabatlaryň nähilidir bir täsiri degdimi?

— Hawa, şol hasabatlar Sudanyň halkara arenada syýasy, ykdysady we harby gatnaşyklar babatdaky abraýyna şikes ýetirdi! — Bu ajaýyp boýun alma meni aňk etdi: Sudan döwleti mesihileri yzarlaýandygyna garşy çykanok, ýöne bu maglumatyň ýurduň çäklerinden daşary ýaýramagyna çürt-kesik garşydy. Prokuroryň düşündirişlerine jogap hökmünde men başymy ýaýkadym. Meni aýyplaýjylaryň pikirine görä, mesele özleriniň mesihileri yzarlaýandyklarynda däl-de, bu barada ýurduň çäklerinden daşda bilinmeginiň mümkin bolmagyndady, bu bolsa, ýurduň abraýyny düşürjekdi!

Derňewiň bu ugry birnäçe wagtyň dowamynda dowam etdi. Jenap Abdyrahman ruhy çopan Hasanyň, ruhy çopan Kuwanyň, Monimiň we meniň eden dürli kanuna garşy hereketlerimiz hakda gürrüň berdi. Biziň aklawçylarymyz jedelleşdiler we garşy çykdylar, ýöne netijesiz boldy. Kazy her gezek aýyplaýanyň tarapyny aldy.

Men bu sud seljermesiniň ýasamadygyny, maňa garşy öňe süýşürilýän aýyplamalaryň bolsa, toslanylyp tapylandygyny bilýärdim. Derňewleri indi aýyplamalary öňe sürýän şol bir adam geçiripdi, meniň aklawçymyň görkezýän subutnamalarynyň ýekejesi-de seljermäniň gidişine-de, meni günäli ýa-da bigünä diýip ykrar etmeklige hiç hili täsirini ýetirmedi. Kazynyň diňe aýyplaýan tarapyň arkasyny tutýandygy hemmesinden-de beterdi. Ikitaraplaýyn sorag etme wagtynda berlen soraga aýyplaýan tarap ýerlikli jogap berip bilmedik ýagdaýynda, soraglara kazy jogap berýärdi. Bu ssenariý maňa gaty gowy tanyşdy: kommunistik Çehoslowakiýada sud işleri edil şunuň ýaly alnyp barylýardy, şonuň üçin suduň kararynyň meniň peýdama boljagyna bolan umyt uly däldi.

* * *

Iki gün geçenden soň, men maşgalama ýene bir hat ýazdym.

*“Meniň mähribanlarym!*

*Siziň hemmäňize “Al-Huda” türmesinden salam ýollaýaryn. Ýadaman doga-dileg edýändigiňiz, agyz bekleýändigiňiz we goldaýandygyňyz, şeýle hem, maňa ummasyz ruhlanma hem şatlyk getirýän hatlaryňyz üçin men ýürekden minnetdar. Maňa gaty gowy kömek edýändigiňiz üçin, edýän dogalaryňyz hem maňa merhemet dileýäniňiz üçin sag boluň*

*(2 Korintoslylar 1:11). Tizara biziň bile Hudaýy şöhratlandyrjakdygymyza men ynanýaryn.*

*Men alan hatlarymyň hemmesini gaýta-gaýta okaýaryn we olardan, aýratynam, maňa ýazyp goýberen Mukaddes Kitap aýatlaryňyzdan ummasyz goldaw tapýaryn. Siziň Hudaýa edýän dogalaryňyzyň kömegi bilen men Hudaýyň eliniň gudratyny özümde duýýaryn. Siziň dogalaryňyzyň arkasyndan alýan güýjüm maňa imanym ugrundaky göreşi dowam etdirmegime kömek berýär. Hudaý maňa, hatda ejizligimde-de, güýç berýär (2 Korintoslylar 12:10), bu söweşi meniň deregime hut Onuň Özi tamamlar (Zebur 59:3).*

*Bu gün Pawlusyň 2 Korintoslylar 6:3-däki (aýratynam, 10-njy aýatdaky sözleri) maňa diýseň uly güýç bilen täsir etdi. Tussaglygyň dowamlylygyna garamazdan, Rebbiň meni haýran galdyryjy şatlykdan doldurýandygyny men diňe minnetdarlyk bilen düşündirip biljek. Men türmede näçe köp bolsam, şatlygym şonça-da köpelýär we men Rebbiň çüý deşen elleriniň özüme täzeden degýänini duýýaryn. Bu zatlaryň hemmesini biz diňe özümizi söýen Isa Mesihiň gurbanlygy bilen düşündirip bilýäris. Men, aýratynam, howp içinde wagtymda, ägirt uly goragy we Rebbiň eliniň goldawyny duýýaryn".*

Hatymda men öňräk "Al-Hudada" bolup geçen ajaýyp wakany suratlandyrdym — bu meniň ýagdaýyma Rebbiň soňky gezekki gudrat bilen goşulmasy bolupdy. Iki hepde mundan ozal biziň şonsuzam hyryn-dykyn bolan kameramyza (biz eýýäm togsan bäş

adamdyk) ýene bir aýratyn howply tussagy geçirdiler. Kamerada diňe ýetmiş bäş sany krowat bardy. Täze gelen tussagyň neşe barony bolandygyny, baryp ýetginjeklik ýaşynda eden jenaýaty üçin tussag edilendigini, häzir hem ýigrimi ýyllyk tussaglyk möhletiniň on dördünji ýylynda oturandygyny men Şukwan dogandan bildim. Meni haýran galdyryp, ol adam meniň krowadymda oturyp, tussaglara bango, gallýusinogen serişdesini paýlap başlady. Ol özi bilen ullakan häzirki zaman telewizoryny we DVD-pleýer alyp geldi, ol biziň kameramyzyň ýuwaşja bölegini gohly neşe künjegine öwürmek isleýärdi, sebäbi şeýle bolanda, bu ýerde tussaglar çilim çekip, boks uruşlarynyň ýazgylaryny görüp bilýärdiler.

Şukwan dogan, meniň "janpenam" gaharlandy-da, ertesi gün kameranyň burçuny ýapmak we tussaglaryň wideofilmleri görmäge gelmegine mümkinçilik bermezlik üçin, biziň üç gatly krowadymyzy 90 gradus öwürdi. Neşe barony gazaba mündi, ol ýöne bir ýan berip oturmak islemedi. Men iki gezek muňa garşy çykmaga synanyşdym we özümiň çala gürleýän arap dilim bilen olaryň hereketleri bilen asla ylalaşmaýandygymy beýan etdim we olardan gitmeklerini haýyş etdim. Meni haýran galdyryp, tussaglar meniň haýyşymy syladylar-da, bangony başga ýerde çekmek üçin kameranyň beýleki burçuna gitdiler.

Müşderilerini ýitirmegini dowam etdirýäni üçin neşe barony menden ar alma kararyna geldi. Türmede neşe satýan adamlaryň türme işgärleri bilen gowy gatnaşykdadyklaryna öwünip bilýändikleri hemmelere bellidi. Şonuň üçin ertesi gün men doga edilýän otagdan kamera gelýärkäm, duýdansyz garawullar tarapyndan barlanylmak üçin saklanyldym. Barlag wagtynda olaryň biri meniň içki geýmimdäki gizlin jübimdäki gizlin guşagymy tapdy, onuň içinde men pulumy hem telefonymy saklaýardym. Ol meniň telefonymy aldy-da, eger haýal etmän ony elli sudan funtuna (8 dollara golaý) "satyn almasam", onda ony özünde goýjakdygyny aýdyp haýbat atdy.

Birnäçe minutlyk başagaýlykdan soň men, ahyrsoňy, kamera gaýdyp geldim. Hemmeler, aýratynam, ellerini döşünde gowşuryp, öz görnüşi bilen meni gorkuzmaga çalyşýan neşe barony, maňa garaşýan ýalydy. Ol günüň ahyryna çenli maňa diňe yrsarap ýördi, agşam bolsa, edil meniň aýagymyň ýanynda telewizory goýup, kameradakylaryň hemmesi aýallaryň başabaş boksuny görüp hem eşidip biler ýaly, ony doly sesinde goýdy.

Ertesi agşam ol gije sagat 2-ä çenli, edil gulagymyň aşagynda aýdymy doly sesinde goýdy. Bütin bu gohuň içinde uklap bilerim ýaly, Reb maňa gudrat bilen Öz rehimini hem asudalygyny berdi. Gijeki üznüksiz gaty sesli aýdym beýleki tussaglaryň hem gaharyny getirýärdi. Olar hem neşe baronyna gaharlandylar we ondan öýkelediler, ýöne hiç kim onuň bilen tersleşmek islemedi. Tussaglaryň hormatynyň gahara, soň hem ýigrenje öwrülişini men synlap oturdym, ýöne men bu adama düýbünden başga duýgy duýýardym — meniň oňa nebsim agyrýardy. Reb maňa öz göwnüme degýän adama bolan adatdan daşary söýgüsini berdi. Aýratynam, men ony Zakarýa pygamberiň kitabynda 4:6-daky: “Güýç we zorluk bilen däl-de, diňe Meniň ruhum bilen iş bitirersiň. ...Muny Hökmürowan Reb diýýär” — diýip, göni öz ýüregime aýdylan sözleri okanymdan soň duýdum.

Bu aýadyň üstünde oýlananymda we ol adam hakda pikir edenimde, Mukaddes Ruh ýüregimi ýylatdy. Men ony, oňa göklerden söýgi bilen seredýän Mesihiň gözleri bilen görmäge synanyşdym. Galyberse-de, ol nähili durmuşy gördi? Ol ýetginjek bolaly bäri, bu türmede uzak dowam eden on dört ýylyny ýaşady. Şondan soň men onuň eden ýa-da aýdan zatlarynyň hemmesindäki zalymlyga diňe ýagşylyk bilen jogap berme kararyna geldim.

Indiki gije geň galdyryjy ýagdaýda asuda geçdi. Gaty sesli aýdymam, gorkuzma-da, azar bermelerem ýa-da garawullaryň duýdansyz barlamalary-da bolmady. Iň uly haýran galmany bolsa, men bir gün doga edilýän otagdan gelenimde, neşe baronynyň krowadynyň boş duranyny görenimde duýdum. Telewizor bilen

DVD-pleýer hem ýok bolupdy. Kameradaşlarymdan soranymda, men neşe baronynyň duýdansyz we düşündirip bolmajak ýagdaýda, bizden takmynan müň km. aralykda ýerleşýän başga sudan türmesine geçirilendigini bildim. Men muňa ynanyp bilmedim we uzakly gijämi onuň üçin doga edip we Hudaýdan oňa rehim etmegini sorap geçirdim. Rebbiň bu ýagdaýda ýyldyrym çaltlygynda goşulmagy, Onuň hatda bu kamerada-da, jenaýatçylaryň, ganhorlaryň, ogrularyň we neşe söwdagärleriniň arasynda hem, meni göz astynda saklaýandygyny, goraýandygyny, aýap saklaýandygyny hem-de meniň Özüne degişlidigimi maňa ýatladýandygyny bildim. Zakarýa pygamberiň kitabynda, 2:8-de ýazylyşy ýaly, "Size degen ...Meniň görejime degýändir" — diýýär.




# 26

Indiki iki hepdäniň dowamynda biziň sud işimiziň diňlenilmesi soňa goýuldy, şonuň üçin biz täzeliklere ýa-da iň bolmanda nähilidir bir habara sabyrsyzlyk bilen garaşdyk. 3-nji noýabrda biz ýene Hartuma bardyk, şonda aýyplaýan tarapyň işiň özüne degişli tarapyny beýan etmegini tamamlandygyny bildik.

Meniň aklawçym işini prokuroryň ikitaraplaýyn soragyndan başlady. Onuň döwlete garşy çykmasyndaky batyrlygy aklyňy haýran edýärdi. Häzir men ony ýada salanymda, ýüregim oňa bolan minnetdarlykdan dolýar.

— Ýurda gelen adamyň sudanlylar bilen duşuşmagyna päsgel berýän nähilidir bir sudan wizasy barmy? Sudan bilen Çeh respublikasynyň arasynda nähilidir bir uruş gidip durmy? — diýip, ol sorag berdi.

— Ýok — diýip, jenap Abdyrahman jogap berdi.

— Siziň görkezen maglumatlaryňyza laýyklykda, sudda görkezilen suratlaryň köpüsi Nuba dagynda 2011-nji ýylda düşürilipdir. Jenap Ýaşek şol wagt ol ýerde bolupdymy?

Meniň aklawçym sorag ýagdyrmagyny dowam etdirende, aýyplaýjy tarapyň görkezen audio, wideo hem suratdaky subutnamalarynyň güýjüni gaçyrmak oňa başartdy.

— Siz sesiň identifikasyýasyny geçirdiňizmi? Biziň döwrümizde tehnologiýanyň kömegi bilen sesi ýasap bolýandygyny siz bilýärsiňizmi? Subutnama hökmünde görkezen kameraňyz, hut wideony düşürmek üçin ulanylan kameramy?

Jenap Abdyrahman meniň wideo düşürilen ýerde bolmandygymy boýun aldy, ýöne ol Canon surat apparatynyň başga modeli bilen düşürilen bolsa-da, 2012-nji ýyla degişli suratlary-da tapypdy.

Biziň aklawçylarymyz sorag bermeklerini dowam etdirip, soraglary Addis-Abebadaky konferensiýa, ýaralanan talybyň suratlary we oňa teklip edilen kömekler bilen baglanyşdyryp berdiler. Jenap Abdyrahman aklawçylaryň delilleriniň hemmesi bilen diýen ýaly ylalaşdy, men bolsa, şol wagt umyt uçgunlaryny görüp başladym.

Bize garşy işini görkezmek üçin aýyplaýja üç aý wagt gerek boldy, aklawça bolsa, ony yzyna öwürmek üçin bary-ýogy üç sagat gerek boldy.

* * *

Şeýle-de bolsa, meniň umydyma uzak ýaşamak miýesser etmedi. Noýabrda we dekabrda ýene ýedi hepde sud işini diňlemeler bolup geçdi. Aýyplaýjynyň beýan etmelerinde takyk dälligiň köpdügine garamazdan, olarda maňa garşy subutnamalar köpdi. Olar meniň döwlete duşmançylykly garaýanymy, munuň bolsa, milli we sosial howpsuzlygyna howp salýandygyny tassykladylar. Meniň geçiren “bikanun ynsanperwerlik işim”, hamana, diňe bir milli howpsuzlyga howp salman, eýsem, sudan jemgyýetiniň bähbidine zyýan ýetirýärmişin. Sudan döwleti özünde demokratiýanyň bardygyny görkezmäge çalyşdy. Aklawçynyň nähili subutnamalary görkezýändigine garamazdan, suduň öz isleýän zatlarynyň hemmesini etjekdigini men bilýärdim. Kazynyň bolsa, subutnamalara esaslanman, MIHG-ň görkezmesi boýunça höküm çykarýardy.

Her gezekki sud işiniň diňlenilmesinden soň, döwlet gazetleri bizi iň erbet jenaýatçylar we sudan döwletiniň iň howply duşmanlary edip görkezýän makalalaryny çap etdiler. Munuň ýaly zatlaryň, öz gullugym bilen yzarlanylýan mesihilere kömek beren

totalitar ýurtlarymda, bütin dünýäde bolýandygyny görendigime garamazdan, özüm şonuň ýaly ýagdaýa düşenimde, sistemanyň adalatsyzlygyna we ejizligime aňry ýany bilen lapykeç boldum. Özümiň günäli diýlip ykrar edilmegimiň we ölüm jezasyna höküm edilmegimiň mümkindigini men bilýärdim. Gowy bolan ýagdaýynda ömrümiň indiki ýigrimi ýylyny türmede geçirmeli bolýardym. Gije telefondan howpsuz ulanmak maňa başardan wagtynda, öz bilşime görä bolaýmagy mümkin bolan zada maşgalamy taýýarlamak üçin, men olara jaň etdim. Meni türmeden boşatmaklary-da mümkindi, şeýle-de bolsa, köp ýyllyk türme tussaglygyna, ömürlik tussaglyga, hatda ölüm jezasyna-da höküm etmekleri hem mümkindi, şonuň üçin maşgalamyň muňa taýýar bolmagyny isleýärdim.

Meniň suduma gatnaşan konsullygyň işgärleri, şeýle hem, Kairdäki çeh ilçisi, höküm çykarylan badyna, meniň azatlyga çykarylmalydygym hakyndaky gürrüňdeşliklere başlajakdyklaryna meni ynandyrdylar. Ýöne gürleşmeler prosesi näçe wagtlap dowam eder — hepdeläpmi, aýlapmy?

— Sud meni ýigrimi ýyllyk türme tussaglygyna höküm eder diýip pikir edýärin — diýip, men sud seljermesi gutaranyndan bir gün geçenden soň çeh konsullygynyň işgärine aýtdym.

— Ýok, ýok — diýip, ol maňa aýtdy. — Munuň ýaly ýagdaýlarda adatça aýyplanylýanyň eýýäm oturan möhletine deň bolan möhlete höküm edýärler. Sizi boşatjakdyklaryna men ynanýaryn.

Onuň mamla bolup çykmagy üçin men nähili doga etdim!




# 27

Meni Hartumda tussag edenlerinde, sakalymy saçymy arassa edip syrdylar. Indi bolsa, sekiz aý geçenden soň, saçym uzyn boldy-da, arkama düşüp durdy, alkymymdan hem, boýnuma ýetip duran sakal asylyp durdy. Bu hakyky çölliniň daşky keşbidi, şonuň üçin men özümiň ýabany tebigatyň wekili ýaly bolup görünýändigimi duýýardym.

“Al-Hudada” tok ýok wagty özümize nahar taýýarlamak üçin biz ýygy-ýygydan döredijilikli usul tapmaly bolýardyk. Ýanyp duran köz kamerany tüsseden doldurýandygy sebäpli, hiç haçan hem gowy çykalga bolmaýardy. Hatda ody gapynyň agzynda ýakanymyzda hem, dem alar ýaly bolmaýardy. Ýürek bulandyryjy ysdan saplanmak üçin ýaşyl kofe dänelerini gyzgyn plitanyň üstünde gowurmaklyk kimdir biriniň kellesine geldi. Şonda kofe gyzan wagtynda, ýakymly ys çykarýan eken.

Şeýdip, ot biziň iýmite degişli jedelimiziň çözgüdi bolup bilmedi. Tussaglaryň uly ugurtapyjylyk görkezendikleri sebäpli, olara başga tussaglara satar ýaly her dürli zatlary getirtmek başartdy, şonuň üçin “Al-Hudada” hemme zady diýen ýaly satyn almak mümkindi. Şeýlelikde, kameradaşlarymyz bilen biz özümiziň elektrik plitamyzy ýasamak üçin rezistor simini “satyn aldyk”. Biz ony “konforkaly afrikan plitasy” diýip atlandyrdyk. Bir gezek men güýçli tokda duran simleriň ikisine-de bir wagtda tötänden degenimde, meni güýçli tok urdy, ýöne ahyr netijesinde rezistor prowodynyň üsti bilen, birnäçe gyzgyn hapa tegelegiň daşyna

aýlap, göni togy geçirmek bize başartdy, biz ony nahar ýylatmak üçin ulanýardyk.

Men mydama zatlarymy kimdir biri alar diýip biynjalyk bolup ýörýärdim. Öňki türmelerde türme işgärleri mydama meniň çemodanymy ammar jaýlarda ýapyp goýýardy. Bu ýerde, “Al-Hudada” bolsa, ogurlyk adaty işdi. Öz emläginiň saklanylmagyna her tussagyň özi jogap berýärdi. Men bu sapagy bu ýere gelenime üç gün geçenden, çemodanymdaky zatlaryň ýitip başlanyny duýanymdan soň bildim. Ilki dezodorant bilen sabyn, soň iýmit bilen dermanlar ýitdi. Şondan soň men öz zatlarymy nirä gitsem, ýanym bilen alyp gidýärdim.

Mobil telefon, kredit karty, gapjyk we pul ýaly has gymmat zatlary men Wandanyň ýasap beren ýerinde, guşagymyň gizlin bölüminde goýýardym-da, mydama bilime dakyp ýörýärdim. Men ony diňe türmäniň hajathanasynda ýuwunmak üçin çykarynanymda aýyrýardym.

“Al-Huda” gelenime takmynan üç hepde geçeninden soň, şol guşagy hammam otagynda asyp goýup, ýalňyşlyk goýberdim. Men ýüzümdäki sabyny ýuwmak üçin gözümi bary-ýogy birnäçe sekuntlyk ýumdum. Soň gözümi açan wagtymda, zatlarymyň hemmesiniň ýitenini gördüm. Kimdir biri gapdaldaky hajathana kabinasynda garaşyp durupdyr-da, men gözümi ýuman badyma, talamany gaty gowy meýilleşdiripdir. Bu waka meni diýseň gynandyrdy, kemsitdi we gaty erbet gaharlandyrdy. Men banka jaň edip, meniň kredit kartlarymyň hemmesini nädip ýapmalydygyny düşündirmek üçin, başga birinden telefon aldym-da, maşgalama jaň etdim.

Birnäçe minutdan soň, meni juda haýran galdyryp, Şukwan dogan meniň kredit kartlarymy eline alyp geldi. Görnüşine görä, ol ogryny yzarlap tapmak we telefonymy hem gymmat zatlarymy yzyna bermek üçin özüniň tussaglaryň arasyndaky abraýyny hem täsirini ulanypdyr. Ýöne gapjygymda pul eýýäm ýokdy.

Bir gezek men özümiziň doga edýän otagymyzyň jogapkär adamyna çemodanymdan dermanyň ogurlanandygyny aýtdym. “Çemodanyňy getir. Näme üçin öň aýtmadyň?” — diýip, ol aýtdy. Men onuň yzyna düşüp, doga edilýän otaga bardym. Soň ol bu ýerde bäş hajathanadan diňe ikisiniň işleýändigini, galanlarynyň ýapykdygyny, şonuň üçin ýygnagyň ýaşulularynyň zatlaryny saklamak üçin olary ulanýandyklaryny aýtdy. Ol meniň çemodanymy şu ýerde goýup biljekdigimi aýtdy we onuň ygtybarly ýapylýandygyna ynandyrdy.

Dekabryň golaýlaşmagy bilen, daşarda geçirilýän gündelik bellik edilmede durardan sowuk bolup başlady. Hatarlarda bäş adamdan oturan tussaglaryň aglaba bölegi gaýgyly dymyp otyrdylar. Biziň köpimiz üçin ertir türmäniň iň gaýgyly bölegidi. “*Ýene bir gün gözenegiň aňyrsynda. Ýene näçe gün biz bu ýerde bolarkak?*” — diýip, biz zeýrenýärdik.

Edil biziň hatarymyzyň öňünde agyz suwy üçin üç sany ullakan toýundan edilen gap durdy, olara “*dabangalar*” diýýärdiler. Olara seredenimde, men ertirki bu betbagt sagatlary maksimal derejedäki peýda bilen geçirme we günümi doga etmekden başlama kararyna geldim. Men dabangalar maňa maşgalamda ünsümi jemlemäge we olary göz öňüne getirmäge kömek eder diýen karara geldim. Birinji dabanga meniň aýalym bolar, ikinjisi — gyzym, üçünjisi — oglum bolar, menem olaryň her biri üçin aýratynlykda Hudaýa doga ederin. Men maşgalam üçin doga edenimden soň, pikirimde olar bilen gürleşip başladym. “*Meniň dabanga ezizim Wanda, men ýene näçe irki ertirki sagatlary bu ýerde geçirmeli bolaryn? Men haçan seni ýene gujaklap bilerin?*” Arassa açyk ertirki asman ýyldyzlardan doludy. Men gözlerimi galdyranymda, Aýy we Uly Ýedigen ýyldyzlar toplumyny gördüm. “Şu wagt Wanda şu keşbi synlaýarmyka? Şu wagt ol näme bilen meşgullanýarka?” — diýip, men özümden soradym. Şu gymmat pursatlarda, ýylgyzlara sereden wagtymda, men onuň bilen aýratyn baglanyşygy duýdum.

Türmeden boşap, ahyrsoňy öýe baranyma birnäçe aý geçenden soň, Wanda ir ertirlerine awtobus duralgasynda durup, ýyldyzlara seredeninde, Hudaýa doga etmeler arkaly özüniň hem meniň bilen baglanyşygy duýanyny gürrüň berdi.

Her gezekki irdenki bellige alynmalardan soň, men türmäniň doga edilýän otagyna howlugýardym. Rebbimiň özüme bu gün taýýarlan zadyna garaşyp, doga edilýän otaga basgançakdan galan wagtymda, ýüregim şatlanýardy. Irdenki öýümi küýsemeler we ýakynlarym bilen basymrak duşuşmaklyga teşnelik Rebbiň ýüregimi dolduran şatlygynyň içinde gaýyp bolup gidýärdi.

Tussaglara gulluk etmedik wagtymda, Hudaýa Öz Sözüniň üsti bilen maňa gulluk etmäge mümkinçilik berýärdim. Mende şu wagta çenli-de Çeh respublikasynyň Kairdäki ilçihanasynyň konsullyk bölüminiň işgäriniň getirip beren Mukaddes Kitaby bardy, üstesine-de, bu ýerde Mukaddes Kitabyň "Hoş Habarynyň" terjimesi-de bardy, sebäbi bütindünýä *Türme jemgyýeti* guramasynyň wekilleri gelip bizi görýärdi. Wagtal-wagtal ol ruhy çopanlar bize miwe we beýleki azyk önümlerini getirip berýärdiler, olar biziň sadaja iýmitimiziň üstüni ýetirmek isleýärdiler. Olaryň gelmegi biziň janlarymyz hem aşgazanymyz üçin melhem bolýardy.

Biziň türme gullugymyz hem bereketlidi. Bir gün ruhy çopan Hasan, ruhy çopan Kuwa we men doga edilýän otagda otyrkak, bu türmede özümiziň bolmagymyzyň hem-de doly umytdan düşen, ruhdan düşen we ýatdan çykan tussaglara Injili wagyz etmämizde Hudaýyň aýratyn maksadynyň bardygyna bolan güýçli ynamy birden duýduk. Sebäbi bu ýitirilen günäkärler şunuň ýaly ýol bilen Injili eşitme, Reb Isanyň gymmatly gany arkaly Hudaý bilen ýaraşma we göklerde bakyýetde bolma mümkinçiligini alýardylar ahyry. Biziň gullugymyz arkaly iman edenleriň göklerde alan ebedi ýaşaýşy bilen deňeşdireniňde, bu eziji şertlerde geçiren ýylyň, hatda birnäçe ýylyň hem nämemiş? Hasan bilen Kuwanyň pikirleri, aýratynam, ölüm jezasy berlenleriň kamerasynda oturanlara gönükdi. Hudaý her birimize Öz pikirleriniň we ýollarynyň biziň

ynsanlyk ýollarymyzdan we pikirlerimizden has ýokarydygyny we Öz meýilleriniň biziňkiden has uludygyny ýatlatdy (Işaýa 55:8–10).

* * *

Men özümi bu türmede emosional taýdan näçe köp surnugan duýdugymça, Reb meni şonça-da Öz Sözüniň dikeldiji güýjüniň kömegi bilen, Öz Ruhunyň şypa beriji barlygynyň we "Al-Hudanyň" doga edilýän otagynda maňa alyp barmaga rugsat eden Öz gullugynyň kömegi bilen köp galdyrdy. Men, şeýle hem, özümiň Çehiýadaky ýygnagymyň meniň üçin Hudaýa yzygiderli doga edýändigini we agyz bekleýändigini bildim. Men doganlarym tarapyndanam unudylmandym, Hudaý tarapyndanam unudylmandym.

Iň agyr günlerde Hudaý Öz wepalylygyny görkezip, maňa ertire çenli ýaşamaga ýeterlik bolar ýaly güýç berdi. Ol maňa 1Petrus 3:15-däki sözleri ýatladýardy, men olary özümiň musulman tussaglar we türme işgärleri bilen edýän gürrüňlerimde ulanmaga çalyşýardym: "Ýöne ýüregiňizde Reb Hudaýy mukaddes ediň. Ýüregiňizdäki umyt hakynda özüňizden hasabat soran her kese, her wagt jogap bermäge taýýar boluň". Öňe gitmegi dowam etdirmegim, wagyz etmegi dowam etdirmegim üçin zerur bolan zatlaryň hemmesini Hudaý maňa garaşylmadyk usulda we syrly ýol bilen berdi. Käwagt Ol maňa, hatda täze pikirleri we giden bir habarlary berýärdi, men olary soňrak doga edilýän otagda paýlaşmak üçin ýazyp alýardym.

Indi uzak wagtyň dowamynda özümi bu synaglaryň hemmesiniň içinden geçirmekde Hudaýyň belli bir maksada gulluk edýänini duýýardym. Şeýle-de bolsa, şol maksat diňe "Al-Hudada" doly düşnükli boldy. Ahyrsoňy, men, aeroportdan başlap, sorag etmelere çenli we ýekelikde oturylýan kameradaky ýekelige çenli, Rebbiň meniň her bir ädimimi gurnandygyny görüp bildim. Ol meni "Al-Hudadaky" tussaglar üçin taýýarlapdyr we üpjün edipdir.

Tussaglygymyň birinji bäş aýynda, mende Mukaddes Kitap bolmadyk wagtynda, meniň Hudaýa doga etme durmuşym has

çuňlaşdy. Soňra Mukaddes Kitap bilen ýekelikdäki tussaglykda geçiren üç aýymyň dowamynda, Sözi çuň öwrenme mümkinçiligim boldy. Men her bir sahypanyň boş ýerlerini we Mukaddes Kitabymyň başyndaky boş sahypalary arassaja ýazylan belliklerden dolduryp, ýüzlerçe bellikler etdim. Şol bellikleriň köpüsi meniň wagyzlarym boldy. Mukaddes Kitaby şeýle çuň öwrenmegim maňa indiki alty aýyň dowamynda "Al-Hudadaky" türme gullugymda wagyz etmegime mümkinçilik berdi. Reb wagyzlarymda ulanarym ýaly, maňa ýeterlik materiallar berdi. Men iňlis dilinde köp wagyz etmedik bolsam-da, Hudaýyň maňa dogry sözleri berendigine ynanýaryn.

Men Hoş Habary wagyz etmek üçin islendik mümkinçiligi ulanmak kararyndan doludym.




# 28

Men sudan tussaglygynda bir ýyldan gowrak wagt boldum. Her gün agşam telefonda maşgalam bilen gürleşme mümkinçiligimiň bolandygyna garamazdan, men bu wakany olara hat ýazyp hem belleýärdim.

“*Meniň mähribanlarym!* — diýip, men olara hat ýazdym. — *Siziň hemmäňize salam we Adwentiň bu wagtynda Hudaýyň parahatçylygynyň bol islegini iberýärin!*” Men olara doga edýändikleri, agyz bekleýändikleri we ruhlandyryjy hatlary ýazýandyklary, aýratynam, Mukaddes Kitap aýatlaryny — maňa mydama aşa köp lezzeti berýän, Hudaýyň wepalylygy hakyndaky ruhy ýatlamalary goýberýändikleri üçin minnetdarlyk bildirýärdim. Men olara Hudaýyň öz dogalaryma jogap berendigini, Onuň meni we kameradaşlarymy ullakan şatlykdan hem behişdi asudalykdan doldurýandygyny habar berýärdim. Adam nukdaýnazaryndan seretseň, bu ýeňil bolmadyk ýyl sansyz-sajaksyz wagşyçylyklardan, ýaramaz işlerden, gynamalardan we haýwanyňky ýaly zalymlykdan doly boldy. Şeýle-de bolsa, Reb meniň aňymy Özüniň ebedi maksadyna bolan ynamdan doldurdy. Hudaýda men babatda meýilnama bardy — men hem muny şübhesiz bilýärdim. Tussaglygymyň bir ýyllygynda Sudanyň dürli böleklerindäki türmeleriň hemmesinde geçiren her bir minudymyň, her bir sagadymyň manydan mahrum bolmandygyna ynandym. Hudaý hemme zady öňünden taýýarlady we Öz Patyşalygy üçin ulandy.

Men elimi kagyzdan aýyrdym-da, tussaglygyň bu on iki aýynyň dowamynda Rebbiň meni nähili arassalandygy we kämilleşdirendigi

hakda pikir etdim. Men köp zatlar babatda özümi ýalan aýyplama boýunça müsür türmesine düşen Köne Ähtdäki Ýusup ýaly duýdum. Onuň aýaklary gandallardan ýaňa gökdi. Türme işgärleri onuň boýnuna demir zynjyr geýdirdiler. Ýöne mezmurçy: "Rebbiň Sözi ony synady" (Zebur 105:19) — diýende mamlady.

Men agyr synaglary ýeňip geçmek, görgülere döz gelip, Hudaýyň rehim bilen öz egnime goýan ýüküne mynasyp bolmak üçin güýç bermegini Ondan her gün soraýardym. Özüniň täsin gutulyş meýilnamasyny paýlaşmagym we bu türmelerde Onuň halas etme işini ýerine ýetirmegim üçin — Rebbiň dünýä döredilmezden öň meýilleşdiren we taýýarlan işini etmegim üçin — *meni* ulanma kararyna gelmesi özümi gaty haýran galdyrdy. Meniň durmuş şertlerim gitdigiçe erbetleşýän bolsa-da, her täze türme täze synaglary we kynçylyklary alyp gelýän bolsa-da, Hudaý maňa Özüniň baş meýilnamasynyň kiçijik ýşyjaklaryny we öňden Görüjiniň islegini görkezdi. Iň gaýgyly pursatlarda Isa meniň Nurum hem Ýaşaýşym bolmagyny dowam etdirdi.

Men 2015-nji ýylyň 10-njy dekabryny we aeroportda özümi tussag edişlerini, MIHG-ň türmesinde dört aýa golaý wagtlyk tussaglykda bolanymy, meni "Niýaba Mendola" polisiýa uçastogyna geçirişlerini ýatlanymda, ýüregim minnetdarlykdan dolup daşdy. Birinji eýmenç dört aýyň dowamynda, öýümden diňe bölekleýin maglumat alan wagtymda, men Rebbe: "*Men bu türmä ýene näçe wagtlap çydam etmeli bolaryn? Haçan maşgalamy ýene görerin?*" diýen soragy Rebbe bir gezek berip goýmadym. Şol gün, 10-njy aprelde türme tussaglygyma eýýäm uzaga çeken dört aýy geçende, Hudaý meniň soragyma jogap bermedi. Ol ertire, biziň hyryn-dykyn kameramyza on iki sany Eritreýadan bolan, liwiýa serhedinde tutulan emigrantlaryň getiriljek gününe garaşdy. Şol agşam Halasgäriň sesi takyk hem aýdyň eşdildi: "Bar, olara Hoş Habary wagyz et!"

"*Şonuň üçin men olara Injili gürrüň berdim*" — *diýip*, men hatymy dowam etdirdim. Men olara özümiň mesihi maşgalada

ulalandygyma garamazdan, durmuşymda iň wajyp karara gelme pursatynyň gelendigini — Isa Mesihi diňe bir ýüregime çagyrman, eýsem, meniň bütin durmuşymy Öz gözegçiligine almagyny soramaly wagtynyň gelendigini olara aýtdym. Bu adamlar bosgundylar, olar kommunistlerden soňky totalitar Eritreýadan, prezidentiň dini taýdan az sanly bolanlara azar berýän ýurdundan gaçmaga synanyşypdylar. Men olara 1988-nji ýylda, serhetler açylan wagtynda, meniň hem kommunistik Çehoslowakiýadan gaçmaga synanyşandygymy, ahyr netijesinde gaçman galandygymy, sebäbi Rebbiň meniň durmuşymdaky isleginiň asla beýle däldigini duýanymy olara gürrüň berdim. Men olara özümiň soňrak kommunizmden gaçmaga synanyşanymy hem aýtdym we adam durmuşyny Rebbiň eline berende, Onuň şol adamyň aladasyny edýänini we ony iň gowy geljek bilen üpjün etjegini gürrüň berdim.

Biz uzak gije gürrüň etdik, soň men gözlerime ýaş aýlap diýen ýaly, özümiň täze eritreýaly dostlaryma ellerini uzadyp, Mesihiň çüý deşen ellerine — dünýädäki hemmelere tarap uzap duran ellere degirmeklerini haýyş etdim. Bu eller biziň ugrumyzda Öz janyny Bereniň, biziň ebedi ýaşamagymyz üçin ölen we ölümden ýaşaýşa Geçeniň elleri. Eritreýalylaryň hemmesi meni ünsli diňlediler we Mukaddes Ruhuň özleriniň ýüregine salan çagyryşyna seslendiler. Olar daňa golaý başga türmä geçirilmeziniň öň ýanynda toba dogasyny gaýtaladylar. Ahyrsoňy, bu tussaglygyň Hudaýyň meniň durmuşym babatdaky islegidigini kabul edenimde, her bir mümkinçiligi öz kameradaşlaryma we başga-da köp adamlara Injiliň Hoş Habaryny gürrüň bermek üçin ulandym.

Hatymda men şoňa meňzeş, ýöne birnäçe hepde mundan ozal bolup geçen ýene bir wakany suratlandyrdym. Ertir bilen doga edilýän otagda otyrkam, bir ýaş sudanly meniň bilen gürleşjek bolup dyrjaşdy. Men derrew Zebury bir gyrada goýup, onuň Hudaý bilen gatnaşyklary hakda soradym. Onuň jogabyny eşidenimde, Rebbiň meni bu ýaş ýigide Hoş Habary gürrüň bermäge we ony Isa Mesihi öz şahsy Rebbi hem Halasgäri hökmünde ýüregine kabul etmäge

çagyrmaga ruhlandyrýanyny duýdum. Onuň ady, tötänden gabat gelşine görä, Awraamdy, ol eýýäm birnäçe minutdan soň, özüniň meşhur atdaşynyň yzyndan ýöreme hem-de durmuşyny Hudaýa ynanma kararyna geldi. Meniň Mukaddes Kitaby okap, oňa senäni ýazýan wagtymda, bu gün tussaglygyma bir ýyl bolandygyna düşündim! Reb şeýle beýik, şeýle rehimdar bolup, Mesihe ýene bir tussagy getirmegim bilen tussaglygymyň bir ýyllygyny bellemäge mümkinçilik berdi!

Her gün diýen ýaly, Reb meniň ýanyma kimdir birini, doga edilýän otaga gelen adamy goýberýärdi, şonda men Mukaddes Ruhuň özümi alyp barýan, ugrukdyrýan we maňa zerur sözleri berýän ýuwaşja sesini eşidýärdim. Rebbiň niýetleri beýikdir, şoňa görä-de, men Onuň "bizi Mesihiň yzy bilen elmydama ýeňişli ýollardan ýöredýändigi, biz arkaly her ýerde Özüni tanamaklygyň atyr ysyny saçýandygy" (2 Korintoslylar 2:14) üçin minnetdardym. Hatyň ahyrynda men öz maşgalam üçin jemleýji ak patany goşdum: "*Goý, Reb size ak pata bersin we hemmäňizi penasynda saklasyn!*"




# 29

Roždestwonyň öň ýanydy — meniň sudan türmelerinde ikinji gezek geçirýän Roždestwomdy. Men biziň doga edilýän otagymyza, yzyny üzmän täze tussaglaryň gelýänini gördüm, ýogsam, ol ýerde eýýäm iki ýüzden gowrak adam ýygnanyşypdy. Isleg bildirýänleriň hemmesi ýerleşer ýaly, biz oturgyçlary getirmeli bolduk. Türmäniň administrasiýasy bize sudanly mesihileriň aýdym aýdan wagtynda ulanmagy gowy görýän dinamikalaryny berdi, olaryň gaty sesi, hatda Roždestwony biziň bilen bile belleme kararyna gelen musulmanlaryň hem ünsüni özüne çekdi.

Ýygnanyşyk örän emosional bolup geçdi. Wagzymyň azajyk öň ýanynda, işleýän hajathanalaryň birinde durup, maşgalama jaň etmek we olar bilen gysgajyk gürleşmek maňa başartdy. Men howlugyp, mende bary-ýogy birnäçe minudymyň bardygyny, sebäbi ine diýmän wagyz etmelidigimi habar berdim.

Biz doga edip we ertirki güne taýýarlanyp, doga edilýän otagda uzak gijämizi geçirdik, ertir irden bolsa, biziň ýanymyza katolik ruhanysy geldi. “Al-Huda” türmesiniň taryhynda birinji gezek administrasiýa biziň doga edýän otagymyza ýüz sany ölüme höküm edilen adamyň gatnaşmagyna rugsat berdi. Olar ölüme höküm edilenleriň kamerasynda — ölüm jezasy berlenleriň kamerasynda tussaglykda otyrdylar. Her ýekşenbe güni ruhy çopan Hasan bilen Kuwa ölüm jezasyna höküm edilenleriň kamerasyna barýardylar-da, tussaglara Injili wagyz edýärdiler. Menem olara goşulmak isledim, ýöne daşary ýurtly bolanym üçin maňa rugsat etmediler.

Roždestwoda men ölüm jezasy berlenleriň kamerasyndaky mesihi tussaglar bilen birinji gezek duşuşyp bildim. Biz aglaşyp gujaklaşdyk. Bu adamlar ölmelidiler, şonuň üçin doganlarymy gujaklanymda, indiki gezek bu ýerde, ýeriň ýüzünde duşuşma mümkinçiligi bolmazyndan öň, olaryň jezalandyrylmaklarynyň mümkindigi hakda pikir etdim.

Ýöne indi bizde tizara biziň göklerde görüşjekdigimize ynam bar.

* * *

Dekabryň ahyrynda, men, ahyrsoňy, suduň öňüne bardym. Sorag etmäni prokuror geçirdi, men hem ynamly jogap berdim.

— Siz Sudana haçan geldiňiz? — diýip, ol sorady.

— Men 2012-nji ýylda Günorta Sudanda boldum, ýöne hiç haçan harby adamlardan hiç kim bilen hiç haçan duşuşmadym.

— 2015-nji ýylda siz Sudana nädip geldiňiz?

— Men syýahatçylyk wizasy boýunça girdim.

— Siz "Ejir çekenleriň sesinde" işleýärsiňizmi?

— Men "Ejir çekenleriň sesi" üçin kontrakt boýunça iş edýärin, ýöne bu guramanyň işgäri däl, sebäbi men ABŞ-nyň raýaty däl — diýip, men düşündirdim.

— Siz Addis-Abebadaky konferensiýa näme üçin gitdiňiz?

— Men konferensiýa Sudanda parahatçylygyň bolmagyny diläp doga etmek üçin gatnaşdym.

Meniň işim, Sudana bolan saparlarym we ýaralanan mesihi talyba eden kömegim baradaky goşmaça soraglardan soň, men görkezme bermämi: "Kadaly ýurtlarda, daşary ýurtdan kimdir biri onuň raýatyna kömek bermek üçin serişde getireninde, döwlet ony minnetdarlyk bilen kabul edýär. Men Sudana içalylyk bilen meşgullanmak üçin gelmedim, men mätäçlere kömek etmek üçin geldim. Sudan munuň üçin minnetdar bolmaly!" — diýen batyrgaý sözler bilen jemledim.

Men öz görkezmelerimiň güýjüniň bardygyny bilýärdim, ýöne olaryň ýeterlik däldigine-de akyl ýetirýärdim.

* * *

Ýekşenbe güni, 29-njy ýanwarda, men daň atmanka turdum-da, Hartuma gitmäge taýýarlanyp başladym. Biziň sud seljermämiz ýigrimi bir diňlenilmeden ybaratdy, şonuň üçin ol alty aýa golaý dowam etdi. Bütin bu wagtyň dowamynda Sudanyň döwlet habar beriş serişdeleri meniň tussaglygym baradaky wagyz edijilikli makalalary ýaýradýardylar. Men takmynan üç aýlyk türme tussaglygyna garaşýardym — ýönekeý formallyk. Ýöne 2017-nji ýylyň ýanwary başlanypdy, men tussaglykda on iki aýdan gowrak wagt bäri bolup ýördüm.

Ahyrsoňy, meniň synaglarym gutaryp barýan ýalydy. Iň bolmanda, indi mal daşaýan maşynda “Al-Huda” türmesinden Hartumdaky suduň binasyna, ýakyp barýan Günüň aşagynda tozanyň içinde çydardan agyr sapara gitmerin. Men çemodanyma zatlarymy saldym-da, soňky gezek mal daşaýan maşyna mündüm.

Türmede Monim dogan gazetleri yzygiderli okaýardy. Biziň suddaky işimize garamanyň köpüsi ýekşenbe günlerinde geçýärdi, duşenbe we sişenbe günleri bolsa, düzgün bolşy ýaly, biziň işimiz baradaky makalalar peýda bolýardy. Monim olary okaýardy-da, soň meniň üçin terjime edýärdi. Makalalar ýygy-ýygydan meniň gaty diskimden alnan suratlar — meniň içalydygymyň subutnamasy bilen çykýardy.

Döwletiň gözegçiligi astynda bolan gazetleriň biziň işimiz barada surnaý çalyşyny görenimde, bizi eýýäm oturan möhletimize deň bolan möhlete hököm etjekdiklerine bolan umyt gün-günden gaýyp bolup gidýärdi. Bizi howply jenaýatçy hem içaly edip suratlandyrmak üçin Sudan döwleti juda köp wagtyny hem güýjüni sarp etdi. Dünýä özüniň dolandyryş sistemasynyň we mesihilik işini kesip geçýän yslam kanunlarynyň gowudygyny we

ýerliklidigini görkezmäge synanyşmak üçin Sudan döwletine biziň işimizi ulanmak wajypdy. Men öz tussaglygymyň we türmede saklanylmagymyň syýasy häsiýetiniň bardygyny bilýärdim we özüme näme garaşýan bolsa-da, hatda ýene köp aýlap, hatda, ýyllap hem türme tussaglygynda bolmaklyk garaşýan bolsa-da, geljegiň gözüne batyrlyk bilen seretmäge taýýardym. Men özümi Hudaýyň ulanýandygyny bilýärdim, şol sebäpden hem, sudan türmesinde bolsa-da, öýümde öz ýakynlarymyň arasynda bolsa-da, Onuň şeýle etmegi dowam etdirjekdigini bilýärdim.

Her gün agşam men mobil telefonda maşgalam bilen ogrynça gürleşýärdim-de, olary günäli diýlip yglan edilmegimiň mümkindigine taýýarlaýardym. “Eger meni 15-20 ýyllyk türme tussaglygyna höküm etseler, muňa haýran galyp oturmaň” — diýip, men olara aýtdym. Men özüme çykaryljak “aýyplaýjy” hökümiň olary şok ýagdaýyna salmagyny islemedim. Men olary ruhdan düşmezlige çagyrdym we çeh döwletiniň Sudanyň häkimiýeti bilen meniň işim boýunça gepleşikleri geçirýändigini olara ýatlatdym. Höküm çykarylan badyna biz ony bileris, orta nämäniň goýlanyny bileris, şonda gepleşikler täze güýje eýe bolar! — diýip, men olary ruhlandyrmaga çalyşdym.

Öňki sudlaryň birinde, 2017-nji ýylyň 2-nji ýanwarynda, kazy, men Hartuma gelen wagtymda, ruhy çopan Kuwanyň ol ýerde bolmandygyny, onuň diňe ruhy çopan Hasana maşynyny münmek üçin berendigini aýtdy. Şeýlelikde, ruhy çopan Kuwa garşy iş, jenaýat alamatlarynyň bolmandygy sebäpli ýapyldy. Men ruhy çopan Kuwa üçin ýürekden begendim we her birimiziň şunuň ýaly gowy täzeligi almagymyz üçin Hudaýa doga etdim.

Ýöne Hasan, Monim we men entegem hökümiň yglan edilerine garaşyp otyrdyk. Biz suduň jaýynda sessiz ýöredik. Biziň her birimiz pikir edýärdik, doga-dileg edýärdik, synlaýardyk we garaşýardyk. Men şu wagt Wandanyň öýde näme edýändigi hakdaky soragy özüme berdim we şu günki aljak täzeligimiziň ony ruhdan düşürmezligi üçin Hudaýa doga etdim. Biz suduň

zalyna girenimizde, onuň işjeňlerden, žurnalistlerden, ilçihanalaryň işgärlerinden we giň jemgyýetçilikden doludygyny gördük. Kazy girdi, hemmeler ýerlerinden turdular.

Kazy öňünden taýýarlanylan dokumentden hökümi okanda, onuň sesi takyk hem berk eşidildi. Ruhy çopan Hasan bilen Monim özlerine garşy ýöňkelen dört aýyplama boýunça günäkär hasaplanylyp, on iki ýyl türme tussaglygyna höküm edildiler. Ruhy çopanyň ýetginjek gyzy aglap, poluň üstüne ýykyldy.

Men höküme garaşdym, ýöne suduň diňe arap dilinde geçirilýändigi sebäpli, men ruhy çopan Hasanyň terjimesine doly baglydym. Men çuň dem alyp, nerwlerimi köşeşdirmäge çalşyp, oturgyçda otyrdym, ýöne ýüregimiň gursagymdan çykjak bolýanyny duýdum. Men ünsümi kazyda jemledim-de, onuň hökümi okap başlaryna garaşdym. Ahyrsoňy, ol okap başlanda, Hasan onuň sözlerini iňlis diline terjime etmek üçin men tarapa egildi. Ol terjime edip oturyşyna, sesindäki şok ýagdaýyny gizläp bilmedi. “Kazy seni saňa garşy ýöňkelen sekiz aýyplamanyň hemmesinde günäli hasaplaýar we ömürlik türme tussaglygyna, ýöne ölüm jezasyna däl-de, jezanyň iň ýokary çäresine höküm edýär”.

Höküm, şeýle hem, 100 müň sudan funty (ABŞ-nyň 17 müň dollaryna golaý) möçberinde jerime tölemäni we meniň enjamlarymyň hemmesini — kameramy, Canon obýektiwlerini, noutbugy, aýfony, wideokameralary we daşky gaty diskleri — elimden almany hem öz içine alýardy, indi ol zatlaryň hemmesi Sudan döwletiniňkidi.

Men öz durmuşymyň Rebbiň elindedigine doly ynanýardym, şonuň üçin asuda oturdym we höküm okalanyndan soň, *ýeňillik* duýdum. Işleriň soňy gowy bolar diýip umyt eden we doga eden bolsam-da, Sudan döwletiniň meni ömürlik türme tussaglygyna (bu Sudanda ýigrimi ýyllyk tussaglyga deňdi) höküm edenine asla haýran galmadym. Şeýdip, synag, uzaga çeken synag, ahyrsoňy gutardy.

Jezanyň gazaplylygy bu dini-syýasy sud seljermesiniň maňa we meniň gadyrly sudanly egindeşlerim bolan tussaglara hem doganlaryma garşy gönükdirilen bolgusyzlygymy doly görkezdi. Eger döwlet has pähimliräk — alty aý ýa-da bir ýyl edip höküm çykaran bolsa, köpler aýyplamalar kanuny boldy, men, dogrudanam, Sudanda haýsydyr bir jenaýatçylykly işe gatnaşandyryn diýip pikir ederdiler. Ýurda kömek getiren adamyň ömürlik türme tussaglygyna höküm edilmegi, tutuş sud prosesiniň manysyz galplyk bolandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Emlägim barada aýtsam, meni material ýitgi asla tolgundyranokdy. Men özüme täze kompýuter ýa-da kamera satyn alyp bilýärdim. “Reb berdi, Reb hem aldy; goý Rebbiň ady şöhratlansyn” (Eýýup 1:21). Men ömürlik tussaglygy-da gaýgy etmedim. Galyberse-de, meniň durmuşym indi özümiňki däldi — Isa Mesihiňkidi! Ol ony gymmat baha satyn aldy.




# 30

Ruhy çopan Hasan, Monim we men indi Hartumdaky nobatdaky suda garaşyp ýaşamadyk. Indi biz aýyplanylýanlar däldik. Indi biz höküm edilen jenaýatçydyk, şonuň üçin bizi başga türmä geçirdiler. Özlerine garşy ynandyryjy subutnamalaryň ýokdugy üçin Hasan bilen Monim boşadyljakdyklaryna şeýle ynamlydylar welin, hatda geýimlerini we şahsy zatlaryny “Al-Hudadaky” beýleki tussaglara beripdiler.

Höküm yglan edileninden soňky gijäni biz, sowukdan ýaňa titreşip duran onlarça adamlaryň içinde, Omdurmandaky türmeara türmede, açyk asmanyň astyndaky gözenekde geçirdik. Öňünden bilnişi ýaly, uzak möhletli tussaglyga höküm edilen jenaýatçylar kabul edilende bolşy ýaly, biz kabul edişiň we soňky barylmaly ýere ugradylmanyň iň kyn düzgünlerini geçdik. Bu düzgün, hemme zatdan başga-da, barmak yzlaryňy ençe gezek almany hem öz içine alýardy. Açyk asmanyň astynda geçirilen örän sowuk gijeden soň, bizi özümize endik bolan mal maşynda alyp gitdiler. Ýöne biz bu gezek özümizi nirä alyp barýandyklaryny bilmeýärdik. Näbellilik biynjalyga öwrülme howpuny salýardy, şonuň üçin men Rebbiň ýagdaýy öňküsi ýaly, Öz ellerinde saklaýandygyny özüme ýatlatdym.

Mal daşaýan maşyn Hartumyň tozanly köçelerinden aeroporta tarap haýaljakdan ýöräp, ahyrsoňy Hartum şäheriniň Demirgazyk umumy türmesine, “Kober” diýlip tanalýan türmä baryp ýetdi. Biz ägirt uly türme toplumyna baryp ýetenimizde, men howsala bilen asudalyk garyşykly täsin duýgyny duýdum. Men Hudaýyň özüm

bilendigini bilýärdim, ýöne Sudanyň türmeler sistemasynyň bu soňky duralgasynda özümize nämäniň garaşýandygyny bilmeýärdim.

Türme toplumynyň baş binasyny 1905-nji ýylda Juper atly britaniýaly gurupdyr, ýöne onuň ady arap diline terjime edilende, K-U-P-E-R K-O-B-E-R-e öwrülipdir. Meniň göwnüme "Kober" türmesiniň baş binasynyň iki gatyndaky gözeneklenen gapylar, edil amerikan kino düşürilýän meýdançasyndan şu wagtjyk getirilip goýlan ýaly boldy.

Biz kabul ediş düzgünlerini geçdik, soň türmäniň dürli bölümlerine äkidildik. Meniň MP3-pleýerimi aldylar, SIM-karty özüme galdyrmaga rugsat eden bolsalar-da, mobil telefonymy tabşyrmaga mejbur boldum. Mukaddes Kitabymy hem elimden almaklarynyň mümkindigi hakda pikir edenimde, gaty gorkdum, ýöne ony ýanymda saklamaga rugsat edenlerinde gaty geň galdym. Hasan bilen men ortaça gowy ýagdaýda bolan dürli bölümlere düşdük. Hajathana bilen duşuň işleýändigini görenimde men begendim.

Ýöne Monimiňki onçakly şowuna bolmady. Ony türmäniň iň köne bölümine, jenap Kuperiň özüniň guran binasyna ýerleşdirdiler. Ol hapady, suw prowody ýokdy, hajathana işlänokdy. Monim Darfurdandy, darfurlylar raýatlyk urşy sebäpli, ýurduň dönükleri ýaly hasaplanylýardylar. Mundan başga-da, onuň örän gara derisi ony Sudanda musulman araplaryň arasynda ýaýran jynsparazlygyň nyşanasy edýärdi.

Soňky ýyllarda "Kober" türmesinde "ruhly öýler" - döredilipdir. Ol ýer tussag astynda saklanylýan, syýasy tussaglaryň fiziki hem psihiki taýdan gynalýan ýeridi. Käwagt olaryň ölüm jezasyny ýerine ýetirýärdiler. Bu ýere "Al-Hudadan" hem ölüme höküm edilen tussaglary ölüm hökümini ýerine ýetirme wagty gelende alyp gelýärdiler. Hasan bilen Monim "Al-Hudadaky" iň ýokary jeza höküm edilenlerden "Kober" türmesinde asmak arkaly ölüm jezasyny ýerine ýetirýändiklerini eşidipdirler, ýöne biziň özümiz muny görmedik.

* * *

Türmede iki sany aşhana bardy. Olaryň birinjisinde öz tussaglary üçin nahar taýýarlaýardylar, ikinjisinde bolsa, MIHG-ň goňşy türmesindäki tussaglar üçin nahar taýýarlanylýardy.Biziň naharymyzyň öz ýerinde taýýarlanylýandygy sebäpli, biziň her günki alýan tekizjek sudan çöregimiz käwagt täzeje hem ýyljajyk bolýardy. Hatda, «Koberde» çörekden başga-da, nahar “Al-Huda” türmesindäkä seredende has gowudy. “Al-Hudada” sudanly tussaglar nahary özleriniň göni türmede ýasan pejinde termiki arassalamany geçirmän iýmeýärdiler. Ýöne “Koberde” hem tussaglar naharyň gapdalyndan ýene nahar edýärdiler. “Al-Hudada” bolşy ýaly, “Koberiň” puly bolan tussaglaryna azykdan käbir zatlary, şol sanda bugdaý, käwagt, hatda, et satyn almaga hem rugsat edýärdiler.

Ruhy çopan Hasan ikimiz “Al-Hudadaky” aldawçylykda tutulan musulman kameradaşlarymyzyň “Kober” türmesiniň has berk saklanylýan bölegine geçirilenini bildik. Hasanyň, Monimiň we meniň bu ýere gelenimize birnäçe gün geçenden soň, biz olara türmäniň territoriýasynda gabat geldik. Olar gujaklaryny açyp we ýüzlerini güldürip, bize tarap ylgadylar. Men olaryň biziň dostlugymyzy näderejede gymmat hasaplaýandyklaryna hem ony aýap saklaýandyklaryna derrew düşündim we meni şunuň ýaly edip ulanany üçin Hudaýa ýene minnetdarlyk bildirdim.

* * *

Türmäniň başlygy bilen orunbasary, tussaglaryň arzlaryny diňlemek üçin, ýygy-ýygydan aýlanýardylar. Men oňa: “Maňa “Al-Hudada” MP3-pleýerimi ulanmaga rugsat edýärdiler. Näme üçin men ondan bu ýerde peýdalanyp bilmeýärin?” — diýip soradym. Maňa ony ulanyp biljekdigimi, ýöne ony garawullardan haýyş etmelidigini aýtdylar. Ýöne men ony, barybir, almadym.

Hatda, MP3-pleýersizem men “Kober” türmesinde iňlis dilini öwredip başladym. Men Ýohannanyň Hoş Habaryny ulanyp, musulman tussaglara iňlis diliniň esaslaryny öwretdim we Hoş Habaryň olaryň ýüreklerine aralaşmagy üçin doga etdim. “Al-Hudanyň” doga edilýän otagyndan tapawutlylykda, mende wagyz etmäge mümkinçilik seýrek bolýardy.

Doga edilýän ýere musulmanlaryň hem gelýändikleri sebäpli, meniň wagyzlarym mydama Hoş Habary gürrüň berme häsiýetlidi. Ýöne “Niýaba-Mendolda” Mukaddes Kitaby öwrenen wagtymda düzülen sansyz-sajaksyz wagyzlar entek ulanylman durdy, şonuň üçin wagyz etmäniň yzygiderli mümkinçiligini ýitirenimi gaty gaýgy edýärdim.




# 31

Men kem-kemden “Kober” türmesindäki saklanylyş şertlerine uýgunlaşmagy öwrendim. Gündiz men ruhy çopan Hasan bilen duşuşyp bilýärdim, ýöne öýlänki barlagdan soň, bizi türmäniň dürli bölümlerinde gabap goýýardylar. Özümiň “VIP bölüm” diýip atlandyrylýan bölümimde men tussag edilen döwlet ýolbaşçylary, Darfurda ýa-da Ýemende harby hereketler wagtynda gaçyp giden polisiýa we howpsuzlyk gullugynyň işgärleri bilen ýerleşdirildim. Olary Başir Saud Arabystan üçin söweşmäge iberipdir. VIP-bölümde, hatda Sudanyň howpsuzlyk gullugynyň polkownigi hem otyrdy, ol buýruklaryň birini ýerine ýetirmekden boýun towlapdyr.

Bu adamlar maňa dostlukly daraýardylar we garyndaşlarynyň “Kobere” alyp gelen iýmitlerini meniň bilen paýlaşýardylar. Olaryň birinde, hatda, kondisionerli we sputnik telewideniýeli aýratyn kamerasy-da bardy. Ol adam bogun agyrylaryndan ejir çekende, men oňa ibuprofen gerdejiklerini berýärdim. Ol muňa minnetdar bolýardy, sebäbi agyrysy ýeňilleşýärdi. Maşgalam bilen gürleşer ýaly telefonymyň ýokdugyny bilende, ol islän wagtymda özüniň kondisionerli kamerasyna baryp, maşgalama jaň etmek üçin öz telefonyndan peýdalanmagy teklip etdi. “*Belki, bu duzakdyr?*” diýip, men pikir etdim. Başda men onuň teklibini kabul etmedim, ýöne birnäçe uzaga çeken günlerden soň, tabyn boldum-da, aýalyma jaň etdim.

Türme aeroporta örän golaý ýerleşýärdi, şonuň üçin men golaýdaky uçuş-gonuş guşaklygyndaky ýokary uçup barýan uçarlary kameranyň äpişgesinden görüp bilýärdim. Olar şeýle

golaý bolany üçin uçup ýokary galanlarynda, olaryň şassisiniň ýokary galýanyny görýärdim, gijesine bolsa, Wanda bilen gürleşýän wagtymda, ol hatda äpet rus ýük uçarlarynyň gulagyňy gapdyryjy güwwüldisini hem eşidýärdi. Maşgalam maňa çykarylan hököm hakda Çehiýanyň Kairdäki ilçihanasynyň konsullygynyň işgärinden bilipdir, ýöne olar gaty güýçli lapykeç bolan bolsalar-da, barybir işiň munuň ýaly netijesine taýýardylar. Olar meniň boşadylmagym boýunça geçirilýän diplomatik gepleşikleriň üstünlikli bolaryna umyt baglaýardylar, ýöne oňa näçe wagtyň, hepdeleriň, aýlaryň ýa-da ýyllaryň gitjegini bilmeýärdiler. Olar wepalylyk bilen agyz beklemeklerini we Hudaýa doga etmeklerini dowam etdirýärdiler.

“Kober” türmesindäki MIHG-ň tussag esgerleri iňlis dilinde azrajyk gürleýärdiler, şonuň üçin meniň olara gowrak gürlemegi öwretmegimi isleýärdiler. Şoňa görä-de, elimde Mukaddes Kitap bolany sebäpli, men Ýohannanyň Hoş Habaryny okuw kitaby hökmünde ulandym. Esgerler tükeniksiz akym bolup gelýärdiler, olaryň köpüsini söweş hereketleri meýdanyna barmaga razy bolan batlaryna boşadýardylar.

Bagtyma, meniň kondisionerli kameradaky täze dostum MIHG-ň içalysy bolup çykmady, ýöne türmede bolan wagtynda ol şonuň ýaly adamlara köp duş geldi. Bize hököm çykarylan güni, bizi Omdurmandaky türmä geçirdiler. Şonda barmaklaryň yzlaryny aldyrmak üçin nobata garaşyp durkak, men bir özümden ulurak ak adamyň bardygyny gördüm. Men oňa iňlis dilinde salam berdim we “Siz nireden?” — diýip gyzyklandym.

Ilki ol meniň gürlemeli däldigimi duýdurýan ýaly, barmagyny dodagyna goýdy. Soň hem güýçli rus çalgyrtlygy bilen: “Nou ingliş” diýdi. Şonda men şol soragymy rus dilinde gaýtaladym welin, ol jogap berdi. Ol maňa özüniň inžener-mehanikdigini, özüne Sudanda “gowy iş” bermäge söz beren kompaniýa tarapyndan aldanandygyny gürrüň berdi. Ahyrsoňy kompaniýanyň wekilleri ýitip gidýärler-de, oňa myhmanhana üçin tölenilmedik hasaplary galdyrýarlar.

Bu duşuşyk birgeňsi boldy, şonuň üçin ol “Kobere” barýança meniň, Hasanyň we Monimiň ýanynda bolmagyny görenimde haýran galmadym. Ol iňlisçe gürläp bilmeýändigini aýdan bolsa-da, mydama üçimiziň töweregimizde aýlanyp, gürrüňlerimizi eşitjek boldy. Onuň ýanynda men özümi diýseň oňaýsyz duýdum, ýöne men onuň bilen Hoş Habary paýlaşmak kararyna geldim. Ol derrew özüniň rusdygyny, prawoslaw hristiandygyny aýtdy.

Bir gezek ol biziň daşymyzda aýlanyp ýörkä, müsürli tussag onuň Hartumdan Darfura howpsuzlyk gullugynyň esgerlerini daşan rus uçarmanydygyny tanady. Bu müsürli iňlis dilinde azajyk gürleýän bolsa-da, rus adamsyndan öler ýaly gorkup: “Anatoliý... uçarman... howpsuzlyk...” — diýdi we adatça ofiserlik pogonynyň durýan ýerini, egnini görkezdi. Rus uçarmany şobada gaýyp boldy we biz ony ýene görýänçäk, diýseň köp wagt geçdi.

Monim dogana türmedäki biziň bölümimize gelmäge seýrek rugsat edilýärdi. Günüň dowamynda ol adatça kölegede oturyp, Mukaddes Kitaby okaýardy. Maňa doga edilýän otaga ýygy-ýygydan barmaga rugsat etmeýändikleri sebäpli, Injili Afrikanyň fransuz dilinde gürleýän böleginden bolan tussaglar üçin fransuz dilinde wagyz etme kararyna geldim. Bir ýaş musulman, Gwineýadan bolan futbolçy, meniň fransuz dilindäki gysgajyk wagyzlarymy diňlemegi aýratyn gowy görýärdi, şeýdip, biz ýakyn dostlar bolduk. Her gün men Rebbiň Özüni meniň ýaş musulman dostuma Reb, Halasgär hem Hudaý hökmünde açmagy üçin doga edýärdim.

* * *

“Koberde” Hudaý her gün meniň wagtymyň we bütin durmuşymyň Öz elindedigini ýatladýardy. Hemme zady Ol gözegçiligi astynda saklaýardy. Bir gün men, adatdakym ýaly, agajyň aşagynda oturyp, howluda Zebury — Özümiň Mukaddes Ýazgyda iň gowy görýän bölümimi okap otyrkam, 126-njy mezmura ýetdim:

> “Reb ýesirleri Siona öwrüp getiren mahaly biz düýşürgeýänler kimindik. Şonda agzymyz gülküden, dilimiz aýdymdan doludy; şonda milletler arasynda:”Reb olar üçin uly işler etdi” diýişýärdiler. Reb biziň üçin uly işler etdi, munuň üçin biz begenişýäris” (*Zebur 125:1–3*).

Birden meniň öňümde, edil ýeriň astyndan çykan ýaly bolup, iki garawul aňk ediji habar bilen peýda boldy. Olaryň aýdan zatlarynyň hijisi meni köp haýran etmezdi, men güýjümde baryny edip, şu wagtjyk eşiden zadyma düşünmäge synanyşdym. “Pýotr, şu gün seni türmeden çykarýarlar!” — diýip, olar aýtdylar.

Meni şu wagtjyk 126-njy mezmurda suratlandyrylan duýgular gurşap aldy. “*Bu, dogrudanam, mende bolýarmyka? Bu düýş bir dälmikä?*” — men öz gulaklaryma ynanyp bilmedim. Meni eýýäm köp gezek aldapdylar, şonuň üçin munuň düýşden başga zat däldigine ynanmak kyndy. Ýöne täzelik dogrudanam, hakykat eken! Meniň gözlerime ýaş aýlandy, men Wanda hakda pikir etdim: “Ahyrsoňy!”

Meniň boşadylýandygym baradaky habar biziň bölümimiziň tussaglarynyň arasynda, edil ýalyn ýaly ýaýrady. Hemişe bolşy ýaly, tussaglardan kimdir biriniň azatlyk alany hakdaky täzelik hemmelere şatlyk hem baýramçylyk keýpini getirýärdi. Her kim içinden: “*Belki, indiki gezek bu täzeligi maňa aýdarlar!*” — diýip umyt edýärdi. Meniň imandaky doganlarym şatlyk seslerini çykardylar we meni berk gujakladylar. Tiz wagtdan men öz ýanyma Hasan bilen Monimiň ylgap gelýänini gördüm. Olaram begenýärdiler: eger meni boşadýan bolsalar, belki, olary-da basym boşadarlar ahyry.

Azatlyga çykýan tussaglaryň arasynda ýola goýlan däbe görä, men eşiklerimi türmede galýanlara paýladym. Olar meniň az sanlyja emlägimi höwes bilen aldylar. Men Hasan bilen Monimiň

dermanlarymy alýandyklaryna göz ýetirmek üçin, bulaşykly paýlaşma prosesine üns berip seredip durdum. Ýöne garawullar geldi, şol sebäpden hem, men gitmeli boldum. Men elimde diňe ýarymy boş bolan çemodany tutup, olaryň yzyna düşdüm.

Kabul ediş bölüminde MIHG-ň iki ofiseri maňa garaşyp durdy. “Siz Sudanyň prezidentiniň aklamasyny aldyňyz — diýip, olar aýtdylar. — Şu wagtdan başlap, siz azat adam”. Men olaryň eşikleriniň aşagyndaky ýaraga seretdim. Özümiň türmeden çykyp barýandygyma garamazdan, islendik zatlaryň hemmesini edip biläýjek, hemmetaraplaýyn totalitar režim astynda bolan Sudanyň territoriýasyndadygyma düşünýärdim. Meniň emosiýalarym howsalanyň kütek duýgusyndan ýokary çykdy, şoňa görä-de, men ýokarlandyrylan taýýarlyk ýagdaýynda boldum. Prezident Başir häkimiýeti otuz ýyla golaý wagtyň dowamynda öz elinde saklady, şol sebäpden hem, täze berlen “azatlygyň” entek meniň hakykatdan hem azatdygymy aňlatmaýandygyna düşünýärdim.

Maňa gymmat zatlarymyň hemmesini, şol sanda MP3-pleýerimi, mobil telefonymy hem gaýtaryp berdiler. SIM-kartym entegem içki geýmimiň guşagynyň gizlin jübüsinde gowuja gizlengi durdy.

— Biziň yzymyza düşüň.



# 32

Men ofiserleriň özümiň kiçijik çemodanymy ak maşynyň kuzowyna goýşuny howsala bilen synlap durdum. Soň meni dellekhana alyp bardylar-da, sakalymy syrmagy talap etdiler. Dellek meni oturgyjyň arkasyna kellämi goýmaga mejbur etdi-de, ýüzüme köşeşdiriji şypa beriji maskany çaldy. Bu zatlaryň hemmesi türmede sudan döwleti meniň aladamy gowy edipdir diýen täsiri döretmek üçin edilen bolgusyz synanyşyk boldy. Ol bu hereketi üç gezek gaýtalady. Oňaýsyz ýagdaýda oturmadan ýaňa, meniň bedenim eýýäm agyryp başlady. Yzly-yzyna edilen zatlardan soň kanagatlanyp, ýüzümdäki hem eginlerimdäki dartgynlylygy aýyrmak üçin ol kiçijik mobil owkalaýjyny aldy.

— Size gowşamak gerek — diýip, ahyrsoňy, dellekhanadan çykanymyzdan soň, ofiserler maňa aýtdylar. Elbetde, muny ýerine ýetireniňden aýdanyň aňsat bolýar. Men entegem özümi sorag eden, türmä taşlan MIHG-ň ofiserleriniň ýanyndadym, şol sebäpden hem, olaryň barlygynyň özi meni soňky on bäş aýyň iň erbet ýatlamalaryna alyp gidýärdi. Iň wajyp zat hem, men olaryň geýimleriniň aşagyndaky ýaragy görýärdim.

— Indi biz sizi sauna alyp gidýäris.

Men sauna gitmäge höwesli däldim (bu ofiserlere meniň sumkamy barlap, mobil telefonymy almaga mümkinçilik berjekdi), şeýle-de bolsa, täze alan “azatlygym” olar bilen tersleşmezligi talap edýärdi. Men täze kynçylyklaryň bolmagyny islemeýärdim, şonuň üçin sesimi çykarman, olaryň yzyna düşdüm. Biz hususy sauna bardyk, soň men geýim çykarylýan ýere girdim.

Eşiklerimi çykaranymdan soň, men olary tertiplije edip, sumkamyň üstünde goýdum. Birnäçe minutdan soň olar barlag geçirip başlaýarlar. Men mobil telefonymy ýanym bilen sauna alyp girip bilmeýärdim, ýöne SIM-kartymy hem almaklaryna ýol berip biljek däldim, sebäbi kiçijik çipde meniň türmeden eden jaňlarym we ýazan habarlarym hakdaky ähli maglumatlar bardy. Şonuň üçin men ony derrewjik içki geýmimiň gizlin jübüsinden çykaryp, agzyma saldym-da, çekgämiň aňyrsynda ony ygtybarly gizledim.

Men gyzgyn saunada birahat on minudymy geçirdim-de, eýýäm gitmäge çen bolandygyny aýtdym.

Ofiserler meni çalt nahar taýýarlanylýan restorana alyp gitdiler. Ol ýerde olar gowrulan towuk aýaklarynyň uly tarelkasyny, ýer almadan edilen fri, salat we “Spraýt” buýurdylar we meniň iýjek bolşuma seredip oturdylar. Meniň aşgazanym örän bozulandy, bir ýyllyk ujypsyz iýmitden ýaňa, onuň göwrümi kiçelipdi. Mundan başga-da, synlaýjylaryň mydamalyk ýiti nazarlarynyň astynda bolanym sebäpli, özümi juda oňaýsyz duýýardym.

Biz restorandan çykdyk-da, gaty owadan eşikler dükanyna gitdik.

— Siz odekolon satyn almak isleýärsiňizmi? Penjek? Size köýnek bilen galstuk hem gerek.

Ofiserleriň biri meniň gözlerimiň öňünde puluň ullakan topbagyny aýlady. “*Hiç haçan. Men Afrikada. Men ýola penjekde gitjek däl*” — diýip, men pikir etdim. Ýanymdakylara meni mümkin boldugyça gowuja görner ýaly etmegiň buýruk berlenini men bilýärdim. Eger maňa gowy penjek geýdirip, edil kaşaň myhmanhanadan çykýan telekeçi ýaly edip boşatsalar, onda dünýä nädip maňa erbet darapdyrlar diýip arz edip biler? Güýjümde baryny edip, garawullaryň gaharyny getirmejek bolup, olar bilen hyzmatdaşlykdan we bu sirkden gaça durmak isledim.

— Mende gowy geýim bar — diýip, men aýtdym.

— Ýok, ýok, siziň geýmiňiz onçakly gowy däl — olar menden gowy bilýän ýaly bolup göründiler.

— Mende jinsi bar — diýip, men çemodanymdaky arassa geýmimi görkezdim.

Ofiserlere meni çensiz owadan etme görkezmesi berlendigine garamazdam, olar höwessiz bolsa-da, maňa diňe kemer almaga razy boldular, sebäbi meniň kemerim jalbarymy saklap duran üzülen plastik sapaga öwrülip gidipdi.

Soň biz azyk dükanyna bardyk. Maňa üç-dört ertirlige ýeter ýaly iýmit almagy buýurdylar, şonuň üçin men ereýän kofe, çaý, çörek, ýumurtga, miwe we batonçik şokolady aldym.

Meni ýene maşyna mündürdiler. Soň tizara biz köp otagly ýaly bolup görnen bir jaýa bardyk. Demir tiken daşyna äpet beton diwar binanyň daşyna öwrülip durdy. Biz maşyndan düşen wagtymyzda bolsa, haýadyň aňyrsynda nemes owçarkalary haýbatly üýrdüler. MIHG-ň ofiserleri meni içeri alyp girdiler-de, bu ýerde meniň duşenbä çenli — dört gije boljakdygymy aýtdylar. Olar meniň iň gowy futbolkamy (öýe gidende geýmek üçin aýap oturan futbolkamy) aldylar-da, ony himiki arassalaýyş jaýyna alyp gitdiler we tiz wagtdan gaýtaryp bermäge söz berdiler.

Meniň SIM-kartym entegem agzymda gizlengi durdy.

* * *

Ofiserler gitdiler, ahyrsoňy, men jaýyň ýatylýan otagynda ýeke galdym. Men ol ýeriň diňlenilýändigini bilýärdim, şeýle-de bolsa, barybir, Wanda jaň etme kararyna geldim. Men jaýyň içine basym göz aýlanymda, iň gizlin ýer wanna otagy diýen karara geldim, şonuň üçin men unitazyň ýanyna baryp, agzymdan SIM-kartymy çykardym, ony köýnegime süpürdim, soň yzyna mobil telefonyma goýdum we aýalymyň belgisini aýladym.

Çehiýadaky öýüme eden jaňyma Wanda jogap berdi. Men çalt hem pyşyrdy bilen gürledim.

— Näme bolýar?! — diýip, Wanda howsala bilen sorady.

— Bu gün irden meni “Kober” türmesinden boşatdylar, indi bolsa men özüme belli bolmadyk bir ýerde otyryn — diýip, men pyşyrdadym. — Bu sudan howpsuzlyk gullugynyň gizlin ýaşaýyş jaýyna meňzeýär. Maňa bu ýerde birnäçe gün boljakdygymy aýtdylar.

Kommunizm döwründe Çehoslowakiýanyň döwlet işgärleri şunuň ýaly jaýlardan we öýlerden peýdalanýardylar: ol ýerde adamy gizlemegem bolýar, çeşme bilen gizlinlikde duşuşybam ýa-da hatda oýnaşyň bilen duşuşyp, bilinmän galmak hem mümkindi.

Wanda bu syrly jaňa birhili boldy we meniň howpsuzlygyma biynjalyk boldy. Kommunistik Çehoslowakiýada ulalany üçin ol köp syýasy tussaglaryň “azatlyga çykandygy, ýöne birnäçe wagtdan soň onuň jesedini tapandyklary baradaky wakalary köp eşidipdi. Döwlet islenilmeýän raýatlaryndan hut şunuň ýaly usulda dynýardy, şonuň üçin indi ol Sudan döwleti menden hem şonuň ýaly edip dynmaga synanyşmagynyň mümkindiginden gorkýardy.

Biz gürrüňimizi gutardyk, soň Wanda trubkany goýup, şatlygyň hem biynjalygyň garyşyk duýgusyna hötde gelmäge çalşyp, Hudaýa doga edip başlaýar.



# 33

Men üç gijämi MIHG-ň jaýynda garaşyp geçirdim. Men uzakly gün krowatda ýatyp, MP3-pleýerimdäki Mukaddes Ýazgyny diňledim we soň nämäniň boljagy hakda özüme sorag berdim.

Jaý kiçidi, ýeke-täk ýatylýan otagda arassalygyň ysy pürkülip duran uly krowat bardy. Men düşegiň üstüne örtülen örtginiň üstünde ýatmakçy boldum. Suw jaýa gün içinde birnäçe minutlyk gelýärdi, şonuň üçin men hapa wannada bedre goýup, suwuň gelerine garaşýardym. Bedre dolanyndan soň, men suwa düşünmek üçin plastik çüýşäni ulanýardym we süpürgiç bilen süpürinýärdim. Gijäniň içinde suwuň akýan sesini eşidenimde, krowatdan böküp turup, unitazy ýuwýardym.

Gije howpsuzlyk gullugynyň işgärleri, meniň gaçmandygyma göz ýetirmek üçin, her ýarym sagatdan barlaýardylar.

— Saňa çakyr getirip bermegimizi isleýärsiňmi? Ýa-da aýal getirelimi? — diýip, olar teklip etdiler.

Men alkogoldan we jeleplerden çürt-kesik boýun towladym, ýöne meniň jaýymda menden başga-da ýaşaýjylaryň bardygyny bildim. Syçanlar poluň üstünden göni meniň krowadyma bökýärdiler. Käwagt olar ýa-ha meniň üstüme düşýärdiler, ýa-da edil ýaňyja bejerilen kellämiň öňüne, ýassygymyň üstüne düşýärdiler. Men krowatdan böküp düşüp, çyrany söndürdim welin, syçanlar derrew ýok bolýardylar. Ertesi gün olaryň jaýa nireden gelýänini öwrenenimde, wannanyň kanalizasion sistemasyndan çykýandyklaryna düşündim.

Gemrijiler bilen garawullaryň gelmesiniň arasynda men ýatmadym diýen ýalydy, ýöne gündiz irkilmek başardýardy. Garawullar meni gowuja iýmitlendirme buýrugyny alypdylar, şonuň üçin biz her gün iki gezek naharlanmaga çykýardyk. Gaz plitasynyň üstünde men duşenbäniň gelerine garaşyp, çaý üçin suw gaýnadýardym we ýumurtga gaýnadýardym.

* * *

Ýekşenbe güni 15:30-da, meniň bu jaýdan gitmegimiň bir gün öň ýanynda, howpsuzlyk gullugynyň işgärleri geldiler-de:

— Kimdir biri siziň bilen gürleşmek isleýär, şonuň üçin taýýar boluň — diýdiler.

Men goşlarymy islendik wagtda gitmäge taýýar bolup ýygnap goýupdym, şol sebäpden hem, çemodanymy elime alyp, gapa tarap ýöredim. “*Ahyrsoňy!*”

— Ýok, ýok, köşeşiň — diýip, olaryň biri aýtdy. — Kimdir biri siziň bilen telefonda gürleşmek isleýär.

Men goşumy ýere goýdum, ol bolsa, maňa mobil telefony berdi. Men çeh ilçisiniň sesini eşidenimde, diýseň haýran galdym.

— Jenap Ýaşek, siz şu wagt nirede? Biz sizi alyp gitmek üçin uçarly geldik. Biz size aeroportda garaşýarys — diýip, ol aýtdy.

Men şeýle begenýärdim welin, zordan gürledim.

— Nähili gowy! — diýip, men begenip aýtdym, ýöne özümiň nirededigimi, aeroporta-da nähili barmalydygyny bilmeýärdim.

— Biz sagat 17-de uçýarys — diýip, ilçi habar berdi. Men özümiň aeroportdan uzakdadygymy bilýärdim, şol sebäpden hem, ol ýere ýetişjekdigime şübhelendim. Uçuşyň boljagyna birýarym sagatdan-da az wagt bardy, ol şoňa meýilleşdirilipdi, men bolsa, entegem MIHG-ň ofiseriniň ygtyýaryndadym.

Men trubkany goýdum. Howpsuzlyk gullugynyň işgärleri gitdi, men bolsa garaşyp galdym. Jaýda meniň ýeke özümdim. Men her

minutda sagadyma seredip oturdym. Her bir minut bakyýet ýaly bolup göründi. Ahyrsoňy olar 16-dan soň geldiler, ýöne bu wagtyň dowamynda uçara ýetişjegime ynamly däldim.

Biz awtomobile münüp, Hartumyň aeroportuna tarap ýola düşdük. Mende pasportam, şahsyýetimi tassyklaýan dokumentim ýokdy (Men Hartuma iki pasport bilen gelipdim). Men bir pursatlyk kompýuterimi, kameramy we beýleki zatlarymy ýada saldym. Eger doly aklanma alanym hakykat bolsa, bu meniň asla jenaýat etmändigime deň bolýardy. Bu bolsa, şol zatlarymy elimden alma görnüşindäki jezanyň asla aýrylandygyny aňladýardy... iň bolmanda, teoretiki taýdan. Ýöne men bu barada sorap, özümi alyp barýanlaryň göwnüne degmek, töwekgelçilik etmek islemedim. (Meni aklan bolsalar-da, bolmasalar-da, şol zatlary gaýdyp görmedim. Belki, häzir MIHG-ň başlyklarynyň biri meniň kameramda ajaýyp wideolary düşürip ýörendir).

Men, şeýle hem, özümiň on bäş aý mundan ozal myhmanhanadan "şattlda" aeroporta gidenimi ýada saldym we bu syýahatyň şol gezekki ýaly gutarmazlygy üçin doga etdim.

* * *

Ahyrsoňy, biz aeroporta baryp ýetdik. Meniň ýanymdakylar adaty geýimdediler we günden goraýan äýneklidiler we olaryň özlerini aeroportyň işgärleri hökmünde görkezjek bolýandyklaryna düşündim. Meni maşyndan düşürdiler, soň biz VIP-zona tarap ýöredik. Ol ýerde maňa çeh içalylyk gullugynyň ofiserleri garaşyp durdular. Olaryň biri bir ýyl mundan ozal MIHG-ň Milli klubyna çeh içalylyk gullugynyň iki sany lukmany bilen gelipdi.

MIHG-ň iki ofiseri zalyň içinde meniň yzymdan gelýärdiler. Olaryň birini men tanadym: ol MIHG-ň türmesindendi — tussag edilen badyma, meni surata düşüripdi.

Lukmanlar taýýarlykly gelipdiler, olaryň öz ýanlary bilen alyp gelen zatlary meýdandaky harby keselhanany ýatladýardy. Olar mende doly fiziki gözden geçiriş etdiler, meni elektrokardiografa çatdylar, gandaky kislorodyň derejesini barladylar we maňa ýörite elektrolitli regidratasion içgileri hödür etdiler. Çeh ilçihanasynyň konsullyk bölüminiň işgärinden olar meniň özümi alyp barşymyň akyl taýdan kadalydygyny, akyl taýdan hiç hili ejir çekmedik bolmagymyň mümkindigini bildiler. Ýöne olary organizmimiň guran bolmagynyň mümkindigi bimaza edýärdi.

MIHG-ň iki ofiseri maňa haýran galyp çiňňerilip seretdiler. Çeh içalylyk gullugynyň lukmanlarynyň maňa munuň ýaly ýiti üns berýändikleri diňe meniň içaly bolandygymy subut edýär diýip pikir edendiklerine men ynamlydym.

Lukmanlaryň barlagyndan soň biz garaşyp başladyk. Men tizara Çehiýanyň daşary işler ministriniň geljekdigini, soňra şonuň uçarynda biziň Praga gitjekdigimizi bildim. “Maňa hajathana gitmek gerek” — diýip, men zordan aýtdym.

Hajathanada men özümiň mobil telefonymy çykaryp, ýuwaşjadan Wanda jaň etdim. Üç gün mundan öňki gorky döreden jaňdan soň, ol ýene meniň sesimi eşideninde, ummasyz ýeňillik duýdy. Wanda daşary işler ministriniň resmi saýtyndaky saparlarynyň tertibini görende, 26-syna bir günlük sapar bilen Sudana gidenini bilýär. Eger sapar maksatnama boýunça geçse, onda meniň birnäçe sagatdan soň öýe bararyma garaşyp başlapdyr.

“Men aeroportda, biz tizara uçýarys öýdýärin. Biz ministre we onuň komandasyna garaşýarys” — diýip, men sabyrsyzlygymy zordan saklap aýtdym.

Tiz wagtdan men özümiň telefon jaňymyň töwekgelçilikli karar bolandygyna düşündim. Bize ministriň eýýäm gapa gelendigini habar berenlerinde, biz garaşylýan zaldan çykdyk. Sudanyň howpsuzlyk gullugynyň ofiserleri bizi çeh döwletine degişli äpet gämä meňzäp duran we resmi döwlet saparlary üçin niýetlenilen

uçara çenli ugratdylar. Biz uçara mündük, soň men aýalyma jaň etmäge rugsat soradym.

— Gowusy gerek däl! Haýýş edýärin! — diýip, çeh içalylyk gullugynyň işgäri garşy çykdy. — Siz, şeýle-de, hajathanadan aýalyňyza jaň edip, uly ýalňyş goýberdiňiz.

Meni azatlyga çykarmak baradaky yraň atyp duran gepleşikler bary-ýogy bir gün öň gutarypdy, şonuň üçin ofiserler howa galýançak, her hili zadyň bolmagynyň mümkindigine düşünýärdiler.

Men uçaryň ýumşak deri kürsüsine arkamy berdim-de, birnäçe minut mundan ozal öz elim bilen azatlyga çykmamy bes edip biljek ekendigim hakda pikir etdim. Kyrk bäş minutdan soň daşary işler ministri ýanyndaky komandasy bilen bile geldi. Men onuň özüme nähili garajakdygy babatda birazajyk bimaza boldum. Bir gezek onuň Sudandaky yzarlanylýan mesihileriň hukuklarynyň bozulýandygy dokumentleşdirme töwekgelçiligini öz üstüne alany üçin meniň ýagşylyga garaşmaly däldigimi köpçüligiň öňünde aýdanyny men maşgalamdan eşitdim. Ol meniň Sudan ýaly howply ýurda gitme kararyna gelenim üçin özümiň günäkärdigimi göz öňünde tutandyr diýip pikir etdim.

Ministr Lýubomir Zaoralek uçara girdi-de, maňa ýylgyryp seredip, şeýle diýdi:

— Jenap Ýaşek, Çeh Respublikasynyň HHG uçarynyň bortuna hoş geldiňiz! Men hemme zatdan öňürti, Most şäherindäki “Mesihdäki doganlar” ýygnagyndaky dostlarymyň adyndan size salam ýetirmek isleýärin. Olar maňa siziň ynsanperwerlik işleriňiz hakda köp gürrüň berdiler. Men, hakykatdanam, siziň edýän zatlaryňyzy örän gowy hasap edýärin.

Duz doly eredi, soň men onuň elini gysdym. Mundan soň onuň press-sekretary we beýleki işgärler özlerini tanyşdyryp başladylar.

Biziň Praga uçan gatnawymyzyň uçuşy alty sagatdan gowrak wagt dowam etdi. Ministr Zaoralek özüniň biznes klasdaky ýerinden meniň ýanyma geçdi. Ol iki sagada golaý türmede geçiren eýmenç

wagtym hakda jikme-jik sorady. Ol sesini çykarman meni diňledi, soň hem gözüme seredip, başymdan geçen zatlaryň hemmesine çuň düşünýändigini beýan edýän we hakykat bolan zadyň netijesini jemleýän sözleri aýtdy:

— Men sizi diňlänimde, siziň resul Pawlusyň özünden başga hiç kimden görelde almaýandygyňyza jedel hem edip biljek.




# 34

26-njy fewral agşam Wandanyň telefony ýene jyňňyrdaýar. Liniýanyň aňyrsynda çeh konsullygynyň işgäri Ýaroslaw Weýriç gürleýär. Ol ajaýyp täzeligi habar berýär: “Pýotr uçarda”. Wanda aglap, çagalary gujaklaýar. Olar bilelikde Rebbe minnetdarlyk bildirýärler we uzaga çeken on dört aýyň dowamynda meniň üçin doga eden we oraza tutan mesihilere şatlykly habary gyssagly ýetirip başlaýarlar.

Meniň barýan uçarymyň Praganyň harby aerodromyna gonjakdygy, olaryň ol ýerde meni görüp bilmejekdikleri maşgalama belli eken. Şonuň üçin olar derrew harby keselhana baryp, şol ýerde sabyrsyzlyk bilen garaşypdyrlar.

Birnäçe sagat geçeninden soň, men trapdan düşüp barýarkam, press-konferensiýa žurnalistleriň birgideni ýygnanyşypdyr. Giden mikrofonlaryň içinde daşary işler ministrine meniň azatlyga çykarylmagym ugrunda alyp baran dartgynly hem yzygiderli işleri üçin minnetdarlyk bildirmäge mümkinçilik boldy.

— Munuň nähili kyn bolan bolmagyna men düşünýärin, sebäbi ýurduň prezidenti jenaýatçy diýlip ykrar edilen, Halkara jenaýatçylyk sudy tarapyndan gözlenilýän adam — diýip, men sözümi dowam etdim.

Men, şeýle hem, Kladnodaky öz ýygnagyma we ruhy çopanymyz Daniil Kaletä çuň hoşallygymy bildirdim. Men “Ejir çekenleriň sesi” guramanyň ABŞ-daky wekillerine gaty uly goldaw berendikleri üçin, aklawçyma, aýratynam, biziň hemmämiz üçin agyr bolan bu wagtda maşgalama kömek berendikleri üçin minnetdarlyk

bildirdim. Soňunda hem, meniň üçin Hudaýa doga eden ýüzlerçe mesihilere we bütin dünýäde yzarlanylýanlaryň hukuklary ugrunda göreşýän CitizenGo guramasyna onlaýn-petisiýa ýazanlara minnetdarlyk bildirdim.

Gudron düşelen ýol bilen lukmançylyk barlagyndan geçmek üçin harby keselhana barýarkam, ýüregimde hem aňymda men entegem Sudandadym. Ýary gijeden soň, men tiz kömegiň maşynyndan düşenimde, ýakynlarymyň hemmesi özleriniň maşynlaryndan düşdüler-de, maňa tarap ylgadylar. Men olary bir ýyldan gowrak wagtdan bäri, ilkinji gezek gujaklap durşuma, Rebbiň has uly maşgalasynyň bir bölegi bolup durýandygymyz üçin Rebbe minnetdarlyk bildirdim.Hatda sudan türmesiniň hem, bizi biri-birimizden aýryp bilmejekdigi üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdim.



# EPILOG

Praga gaýdyp gelenimden we ýakynlarym hem-de Sudanda bolan wagtymda meniň üçin Hudaýa ýürekden doga eden ýygnak maşgalam tarapyndan ýene gurşalan men on dört ýarym aýyň dowamyndaky tussaglykda Hudaýyň özümi nähili üýtgedendigi hakda pikirlenip başladym.

Men Halasgärimiň hatyrasyna masgaraçylykdan görgi görme hormaty üçin Rebbe şeýle minnetdar boldum. Öz maşgalamyň adyndan meniň tussaglygymyň çagalarym ulalanyndan we Wanda goldaw eder ýaly bolanlaryndan soň bolandygy üçin men Rebbe minnetdarlyk bildirdim, sebäbi Wanda, meniň pikirimçe, hemmelerden köp ejir çekdi. Şeýle-de bolsa, bu ýagdaýyň meniň durmuşymyň irki etapynda bolmagyna ýol bermegini isleýärdim, sebäbi durmuşymyň galan bölegini düýbünden başgaça ýaşap biljekdigimi bilýärdim.

Bize sabyrlylygy öwretmek, Özüne umyt edip, doly bil baglamagymyz üçin Reb biziň durmuşymyzda görgüleriň bolmagyna ýol berýär. Mezmurçy: “Rebbe umyt baglaýaryn, janym Onuň sözüne umyt baglaýar” diýýär (Zebur 130:5). Rebbe umydyňy baglamaklyk — mesihilik durmuşynyň açarydyr. Şol açar hem, Hudaýa doga etmek, başgalara gulluk etmek ýaly mesihilik düzgünleriniň hemmesini açýar we bizi “bir pursatlyk mesihilikden” saplaýar. “Bir pursatlyk mesihilikden” men tussaglygymyň birinji böleginde görgi görüpdim.

2016-njy ýylyň martynda, meni ine diýmän boşadarlar diýip ýören wagtymda, Hudaýyň meni türmede galdyranyna lapykeç

bolupdym. Men öýe gelip, maşgalam bilen bolmak isleýärdim. Men Çehiýadaky ýygnagyma baryp, öňkim ýaly, doganlarym bilen sežde etmek isleýärdim. Ýöne türme tussaglygym gutaranyndan soň, men ýagdaýy düýbünden başgaça görüp başladym. Reb maňa has gowy zady taýýarlapdy. Ol meni Sudanda Özüne belli bolan, ýöne örän degerli sebäbe görä galdyrdy. Ol meni Omdurman şäheriniň türmesinde, "Al-Huda" türmesinde, «Kober» türmesinde Injili wagyz etmeklige, öz yzyma eýerijilere we sud seljermeleri wagtynda aklawçylaryma Mesihiň söýgüsini görkezmeklige taýýarlady. Hudaý mydama wagty bizden gowy meýilleşdirýär. Diňe özüm hakda pikir etmegimi, özümi betbagt duýmagymy bes edenimden soň, doly keşbiň, edil pazllaryň böleklerinden düzülen ýaly bolandygyny görüp bildim.

Sudan türmelerinde geçiren wagtym, hatda şahsy agyryny duýan wagtymda-da, Mesihi yglan etmäge gaty gowy mümkinçilik boldy. Öz güýjümize daýanman, Hudaýyň güýjüne bil baglamagy öwretmek üçin käwagt Hudaý biziň "ölüm kölegeli ýoldan geçmegimize" (Zebur 23:4) ýol berýändigini men bildim. Diňe jülgede, garaňkylykda, kölegede bolanymyzda, Mesihiň has ýagtyly nur saçýandygyny görýäris. Biz näçe ejiz, umytsyz we goragsyz bolsak, hasasy, taýagy we şahsy göreldesi bilen bizi öňe gönükdirýän Çopanyň sesine şonça-da gulaklarymyzy gönükdirýäris.

Köp gezekler meni türmeden türmä geçirenlerinde, aýratynam, MIHG-ň türmesinde saglygym erbetleşende, men ruhdan düşmäni duýdum, şonuň üçin Hudaýa doga etmäge gerek bolan sözleri tapmadym. Käwagt IGIL-den bolan kameradaşlarym meni uranlarynda, meniň bar edip bilen zadym — bu iňňildemek boldy. Ýöne şol eýmenç pursatlarda Mukaddes Ruh meniň bilen bile iňňildedi we meniň üçin töwellaçylyk etdi (Rimliler 8:26).

Tussag edilenime dört aý geçenden soň, Hudaý maňa on iki sany eritreýala Injili wagyz etmäge mümkinçilik berende, pikirim doly üýtgedi. Şol wagta çenli men diňe azatlyga çykmak we öýe barmak hakda pikir edýärdim. Ýöne Mesihiň söýgüsi hakda

şaýatlyk edip başlanymda we tussaglaryň tabynlyk bilen Hudaýyň çagyryşyna jogap berýändiklerini görenimde, birden kelläme: "*Göklerdäki bakyýet bilen deňeşdireniňde, türmede dört aý oturanyň nämemişin?*" — diýen pikir geldi.

Şol pursatda meniň garaýşym üýtgedi. Men özümiň şol wagtky ýagdaýlarym hakda az, Mesihe mätäç adamlar hakda bolsa, köp pikir edip başladym. Hudaý durmuşa has beýik nukdaýnazardan, ebedilik nukdaýnazaryndan seretmegiň wajyplygyny görkezdi.

Sudandaky tussaglyk meni Mukaddes Kitap sebäpli, Çehiýada ýaşan wagtymdaky döwrüň hemmesinden-de takwa adam etdi. Biz Mukaddes Kitaby okanymyzda biziň bilen Mukaddes Ruhuň Özi gürleşýär. Men muny Çeh respublikasynyň ilçihanasynyň konsullyk bölüminiň işgäri maňa Mukaddes Kitaby getirip berende, has-da ýiti duýdum. Men ony kamera getirip, başdan aýak okanymda, Hudaýyň Sözüne bolan şeýle güýçli teşnelik peýda boldy, men beýle teşneligi ozal hiç haçan duýup görmändim. Şonda Mesihiň kamerada barlygy gönüden-göni, güýçli hem hakyky boldy.

Hudaýyň Sözüni köp okadygymça, Hudaýy tanamakda şonça-da aç boldum. Ahyrsoňy men Pawlus: "Sebäbi wagtlaýyn, ýeňil muşakgat biziň üçin juda artykmaç şöhratyň ebedi agramyny emele getirýär. Sebäbi biz görünýän zatlara däl-de, görünmeýänlere seredýäris, çünki görünýänler wagtlaýyn, görünmeýänler ebedidir" (2 Korintoslylar 4:17–18) — diýende, onuň nämäni göz öňünde tutandygyna has gowy düşünip başladym. Men, ahyrsoňy, mezmurçy: "Reb meniň galamdyr; Hudaýym meniň sygynýan gaýamdyr" (Zebur 94:22) diýende, onuň näme duýan bolmagynyň mümkindigine düşündim. Mukaddes Kitaby çuň hem netijeli okan wagtymda, wagyz edip bilerimden köp wagyz taýýarladym. Hatda şu güne çenli-de, men olaryň hemmesini ulanyp bilmedim.

Öz halky gandallarda bolsa-da, "...Hudaýyň sözi baglanan däldir" — diýip, 2 Timoteos 2:9-da ýazylypdyr. Mukaddes Ýazgy janly hem täsirlidir, şonuň üçin türmedekäm, onuň täsirini duýup başlanymda, Mukaddes Ýazgydan alan zatlarymy özümde saklap bilmedim. Reb

meni öz kameradaşlaryma — nominal hristianlara, animistlere, hatda musulmanlara-da Injili wagyz etmäge ruhlandyryp başlady. Reb maňa diňe bir dürli türmelerde Injili wagyz etme hormatyny bermän, eýsem, tussaglykdaky ýoldaşlaryma, ýagny köpüsi Injili ozal eşidip görmändikleri üçin oňa duşman bolanlara, Mesihiň söýgüsini görkezme hormatyny hem berdi. Rebbiň rehimi bilen men olaryň ýüreklerine Hoş Habaryň tohumyny ekip bildim we olary başgalaryň suwarmaklary hem-de olary Rebbiň ösdürmegi üçin doga edýärin. Men entegem IGIL-den bolan tussaglar üçin, şeýle hem, Sudandaky tussag mesihilerde Injili wagyz etmäge mümkinçiligiň bolmagy üçin doga edýärin.

Ýaşlykda men mydama nädip ruhy çopan bolup bolýandygy baradaky soragy özüme berýärdim. Bir gün men aýalyma: "Ruhy çopan bolmaklyk — örän jogapkärçilikli iş. Her ýekşenbe güni wagyz taýýarlap, her gezegem öňkileriňi gaýtalaman, nädip täze wagyz taýýarlap bolar? Men hiç haçanam ruhy çopan bolup bilmerin" — diýdim. Ýöne türmede bolanymda we her gün wagtymy Reb bilen geçirenimde, ruhy çopançylyk işiniň, Reb bilen ýakyn gatnaşyklarda bolýan adamyň örän adaty ýagdaýydygyna akyl ýetirdim. Mukaddes Ruh maňa Öz sesini eşitmegi öwretdi.

Türmede geçirilen wagt, hemme zatdan öňürti, meni Hudaýa doga etmekligiň wajypdygyna ynandyrdy. Käwagt adamlar geleňsizlik bilen: "Men seniň üçin Hudaýa doga ederin" — diýýärler. Menem bir wagtlar şeýle diýýärdim. Ýöne men hakykatdanam doga edýärdimmi? Näçe wagtlap? Öňki Sowet Soýuzynyň ýurtlarynyň birinde meniň Anatoliý atly bir dostum bar, ol her gün irden oýananynda, meniň üçin Hudaýa doga edýär.

Men Sudanda tussag edilenimden soň, aýalymda men hakda juda çäkli maglumat bardy. Meniň maşgalam ilki bolup biziň ruhy çopanymyza jaň edipdir. Şobada hem Hudaýa doga etme zynjyry emele gelipdir, üç hepdä golaý wagtdan soň hem, agyz beklemeklik zynjyry başlanypdyr. Her gün iň bolmanda, bir adam, käwagt hem üç adam meniň üçin Hudaýa doga edipdir we agyz bekläpdir.

Adaty şertlerde maşgalam hepdede bir gezek Mukaddes Kitaby öwrenme toparyna gidýärdi. Men Sudanda bolan wagtymda bolsa, aýalym az bolanda iki, käwagt hem üç dürli toparlara gatnapdyr. Bir gün agşam Mukaddes Kitaby öwrenme toparynyň sapagyny alyp barýan ýaşuly Hudaýyň Sözüni ýapyp, Mukaddes Ýazgydaky parçanyň gürrüňini etmegi bes edip, dyza çöküp, meniň üçin we kameramdaky şol wagtky ýagdaý üçin doga etmeklige özüni Mukaddes Ruhuň höweslendirýändigini aýdypdyr. Bütin topar dyza çöküp, meniň türme kameramda Rebbiň ýeňiş gazananyny yglan edip başlapdyr. Ol ýerdäkiler doga-dileg edip bolanlaryndan soň, öýlerine gidipdirler.

Diňe birnäçe hepde geçeninden, men azatlyga çykanymdan soň, men öz öýümdäki myhman otagda otyrdym. Aýalym bilen maşgala kalendarymyza seredip oturşyma, men täsin bir açyş etdim. Biri-birimize men tussaglykdakam Reb bilen ýaşan her bir günümiz hakda gürrüň berip otyrkak, Mukaddes Kitaby öwrenýän topar meniň üçin Hudaýa doga eden wagtynda, meniň IGIL-den bolan kameradaşlarymyň öňünde dyza çöküp durandygymy, olaryň bolsa, şol wagt meni sübsäniň taýagy bilen urýandyklaryny bildik. Doga-dileg edilmegine, belki, durmuşymdaky hemme wagtdakysyndan-da beter mätäç bolan wagtymda, Rebbiň Özi meniň bilen bile we meniň üçin söweşjek bolup, doga ediş goşunyny aýaga galdyrypdyr. Reb beýik, Mukaddes Ruh bolsa, "Hudaýyň erki bilen mukaddesler üçin töwellaçylyk edýär" (Rimliler 8:27). Bu ajaýyp tassyklamasy üçin Rebbe şöhrat bolsun!

Türmede başdan geçiren zatlarym maňa bütin dünýädäki mesihiler üçin töwellaçylyk etme gullugyny has ýokary tutmalydygyny öwretdi. Söweş wagtynda Musanyň ellerini tutup duran Harun bilen Hur ýaly, biz hem edil şu wagt, şu gün, şu pursatyň özünde Isa Mesihe bolan imany sebäpli yzarlanylýanlary, göreşýänleri we ejir çekýänleri goldamalydyrys. Azatlyga çykanymdan soň men ruhy çopan Hasan we Monim üçin köp sagatlap Hudaýa doga etdim. Ahyr netijesinde olar hem azatlyga çykypdyrlar, ýöne meniň

ýüregim imany sebäpli sudan türmelerinde entegem tussaglykda bolup ýören doganlarym üçin agyrýar. Men olaryň köpüsinden elektron poçta boýunça habarlar we dürli alyşmalaryň üsti bilen tekstli hatlary alýaryn. Hudaýyň adamlary doga-dileg edýän adamlar bolmalydyrlar!

Hudaý Öz Patyşalygyny biziň tama edişimiz ýaly ýaýratmaýar. Reb Özüniň durmuşy üýtgedýän habaryny aýtmagy üçin ejiz, perişan bolan we ruhdan düşen gaplary ulanmak isleýär. Eger Hudaý Hoş Habary ýaýratmak üçin men ýaly adamy ulanyp bilen bolsa, onda Ol siziň ýaly adamy-da gürrüňsiz ulanyp biler.

Meniň özüm barada aýtsam, öz şaýatlygymyň dünýäniň dürli ýurdundaky yzarlanylma duçar edilýän ýa-da geljekde duçar ediljek adamlar üçin ruhlanma bolsun diýip doga edýärin. Menden özümi imany ugrunda ejir çeken hasaplaýanmydygymy soraýarlar. Ýok, men ejir çeken däl, ýöne Monika, Danbuma we sudan türmesinde tanşan sansyz-sajaksyz mesihilerim ýaly iman gahrymanlary bilen ençeme gezek ýüzbe-ýüz bolup gördüm.

Filipililer 1:29-da Pawlus filippin ýygnagyna ýüzlenip: “Çünki Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir” — diýýär. Men bu aýady dürli terjimelerde öwrendim. Olaryň birinde: “bu size diňe bir Mesihe iman etme artykmaçlygy hökmünde däl-de, eýsem, Onuň ugrunda ejir çekmegiňiz üçin hem berlen” diýip anyk aýdylýar.

Kommunizm döwründe oglan hem gyz doganlarym bilen bir gezek Beýik Britaniýa gitdik. Şol wagtlar ol ýere diňe maşynda La-Manşyň üsti bilen paromda aňra geçip gidip bolýardy. Biz Londonyň demirgazygyndaky ýygnaga bardyk we Mukaddes Kitaby öwrenmä gatnaşdyk. Edil şol wagtda, topar yzarlanmalar we görgüler hakda gürrüň edýän eken, şol pursatda hem biziň üçimiziň kommunistik Çehoslowakiýadandygymyz bilindi.

Toparyň agzalary bize yzarlanmalara nähili garaýandygymyz hakda sorap başladylar. Şol wagt bu kiçiräk toparyň beýleki agzalarynyň içinde bizi yzarlanmalar boýunça ekspert hasaplamak

mümkin bolan bolsa gerek. Men doganym Ýananyň pikirlenip oturman beren jogabyny hiç haçan hem ýatdan çykarmaryn: “Reb ugrunda görgi görmek — bu uly hormat diýip hasaplaýaryn”. Ruhy çopan oňa derrew düşündi, emma ol ýerdäkileriň galanlary hiç zada düşünmedik ýaly bolup göründiler. Yzarlanmalara duçar edilmekdenem bir hormat bolarmy?

Men yzarlanylan adam bolmanyň hormatyny özümde duýup gördüm we Isa Mesihiň görgülerini, iň bolmanda, az mukdarda paýlaşma mümkinçiliginiň bolany üçin ýürekden minnetdar.

Isa Mesihiň Hoş Habary — bu yzarlanmalar Hoş Habarydyr. Ýohanna 15:18–21-de Reb Isanyň Özi şägirtlerini yzarlanmalara taýýarlaýar:

> “Dünýä sizi ýigrense, onuň sizden öň Meni ýigrenendigini biliň. Dünýäden bolan bolsaňyz, dünýä sizi özüniňkiler kimin söýerdi. Ýöne dünýäden däldigiňiz üçin, Meniň sizi dünýäden saýlap alanlygym üçin, ine, şunuň üçin dünýä sizi ýigrenýär. Meniň size “Gul öz agasyndan uly däldir” diýen sözümi ýada salyň. Olar Meni yzarlan bolsalar, onda sizi-de yzarlarlar. Meniň sözümi tutan bolsalar, siziňkini-de tutarlar. Olar size bu zatlaryň ählisini Meniň adym sebäpli ederler, çünki olar Meni Ibereni *tanamaýarlar*”.

Lukanyň Hoş Habary 21:12–16-da Reb biziň öňümizde duran yzarlanmalary jikme-jik açyp görkezýär:

> “Ýöne bulardan öň, Meniň adym üçin size el urarlar, yzarlarlar, eltip sinagogalara, zyndanlara tabşyrarlar, patyşalaryň, hökümdarlaryň alnyna getirerler. Bu bolsa güwälik etmek üçin size bir pursat bolar. Munuň üçin berjek jogabyňyzy öňünden gaýgy etmezligi ýüregiňize düwüň. Çünki Men size dil hem akyldarlyk bererin.

> Size garşy çykýanlaryň hiç biri muňa ne garşy durup biler, ne-de bir zat aýdyp biler. Size ene-ataňyz, doganlaryňyz, garyndaşlaryňyz, dostlaryňyz hem haýynlyk ederler, käbiriňi*zi öldürerler*".

Hawa, biz mesihileriň käbirlerini öldürerler. Muny bize Pawlus Rilmliler 8:35–39-da Köne Ähtdäki sözleri ulanyp ýatladýar:

> "Mesihiň söýgüsinden bizi kim aýrar? Muşakgatmy, gaýgymy, azarmy, açlykmy, ýalaňaçlykmy, howpmy ýa gylyçmy? "Seniň ugruňda bizi her gün öldürýärler, bizi goýun hasaplaýarlar" diýip ýazylypdyr. Emma biz özümizi Söýýän arkaly bularyň baryny ýeňenlerden üstündiris. Sebäbi men ne ölümiň, ne-de ýaşaýşyň, ne perişdeleriň, ne hökümdarlaryň, ne-de gudratlaryň, ne şu wagtyň, ne-de geljegiň, ne belentligiň, ne-de çuňlugyň, ne-de başga mahlugyň Rebbimiz Mesih Isada bolan Hudaý söýgüsinden bizi aýyrmagy başarmajakdyg*yna ynanýaryn*".

Demirgazyk Nigeriýada her ýyl mesihileri köpçülikleýin öldürýändikleri hakda pikir edenimde, "biz damagy çalynma goýlan goýunlar hasaplanylýarys" diýen netijä geldim. Ýöne bakyýet nukdaýnazarynda biz bu ýeňişde ýeňijilerden-de beýik bolup çykýarys!

Sudan türmesindäki doga etme otaglaryndaky münberlere çykyp durmazymdan köp wagtlar öň ýazylan bu sözler bilen men dünýädäki köp mesihileri ruhlandyrdym. Men olary, şeýle hem, Pawlusyň Timoteosa ýazan 2-nji hatyndaky 3-nji bap, 12-nji aýatdaky sözler bilen hem yzarlanmalara taýýarladym: "Mesih Isada Hudaýyň ýoluna mynasyp ýaşamak isleýänleriň bary azar çeker". Meniň özüm başgalary yzarlanmalara taýýarlanmaga

çagyrdym, beýle bolsa, özümiň yzarlanma duçar edilendigimde näme geň zat bar?

Reb maňa Öz ady ugrunda görgi görmek *artykmaçlygyny* berdi, şonuň üçin meni bu çagyryşa mynasyp hasap edeni üçin Oňa minnetdar.

# SÖZSOŇY
## Görgüler barada söz

Belki, siz Sudandaky mesihileriň gazaply yzarlanmalara duçar edilýändikleri hakda eşideniňizde, görgüleriň ähmiýeti hakda pikir edensiňiz. Yzarlamalaryň diňe bir “mähirli” mesihilere niýetlenilen, olara özleriniň teninden ýüz öwürmäge kömek edýän “sana salyş guraly” ýa-da Injiliň ýaýramagyndaky “katalizator” bolup durmaýandygy babatda meniň bilen ylalaşarsyňyz diýip umyt edýärin.

Täze Äht bize yzarlanmalara düýbünden başga garaýşy görkezýär: “...eýsem, Mesihiň şöhraty görnende, uly begenç bilen şatlanar ýaly, Onuň görgülerine şärikdeş bolan derejede şatlanyň” (1Petrus 4:13). Hawa, siz dogry okadyňyz: görgüleri paýlaşmak bilen biz *şatlanmaga* çagyrylandyrys! Mysal üçin, ýewreýler tarapyndan urlan resullara ýüzleniň: “Resullar mejlisiň öňünden şadyýan gitdiler, çünki Reb Isanyň ady üçin masgaraçylyk çekmäge mynasyp bolupdylar” (Resullaryň işleri 5:41). Hawa, resullar özleriniň Rebbi ugrunda ejir çekenlerini *hormat* hasapladylar.

Filipililer 1:29-da resul Pawlus görgüleri mesihileriň mynasyp bolýan artykmaçlygy hasap edýär: “Çünki Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir”. Görgi göreniň ölümi bilen tamamlanýan ezýet çekmeler mesihiler üçin iň beýik hormat we ägirt uly artykmaçlykdyr diýip hasap edýärin. Bu “gutardyş dabara” rim arenalarynyň talap ediji tomaşaçylary ýa-da gazaply jezalandyryjy toparyň agzalaryndan başga-da, köp sanly synlaýjylaram gatnaşdy. (Ýogsa-da, olaryň käbirleri Mesihiň jezalandyrylan

yzyna eýerijileriniň wepalylygynyň şaýatlary bolanlaryndan soň, iman etdiler-de, Hudaýa bagyş edilen mesihilere öwrüldiler). Görgi görýän mesihiler diňe göze görünýän dünýä üçin däl-de, aýratynam, ruhy dünýä üçin imanyň we tabynlygyň şaýatlygy bolup durýandygyny aýtmaga het edip biljek."Çünki Hudaý biz resullary ölüme bellenenler ýaly soňkular hökmünde orta çykarandyr öýdýärin, sebäbi biz dünýä, perişdelere we adamlara tomaşa bolduk" (1 Korintoslylar 4:9). Hawa, hut tomaşa! Elbetde, mesihiler mydama durmuş sahnasyna — eger size gerek bolsa hemmeler görer ýaly arena çykmaga taýýar bolmak gerek.

Rebbiň Öz hyzmatkärlerine guwanýanyny men bilýärin — Ol olary arşa galdyrýar we olary görkezip öwünýär. Reb şeýtana: "Meniň gulum Eýýuba üns berdiňmi? Onuň ýaly adam ýer ýüzünde ýokdur. Ol çirksiz, adalatly, Hudaýdan gorkýan we ýamanlykdan daşda durýan adam" — diýýär. Öz synaglary üçin saýlanlaryny görkezip, şeýtan heşelle kakmady. Gaýtam, Reb Öz hyzmatkärine guwanýar. Hut Reb Öz hyzmatkärini beýgeldýär we ony görkezip öwünýär, sebäbi iň agyr ýagdaýlarda hem, Eýýubyň Rebbe wepaly galjagyny Ol bilýärdi. Ol Özüniň "size güýjüňizden öte synalmagyňyzyň bolmagyna ýol bermän, döz gelip bilmegiňiz üçin, synag bilen bilelikde çykalga-da açjagyny" (1 Korintoslylar 10:13) bilýärdi.

Hawa, mesihi görgüli — bu öz döwrüniň «janly» aktýory, onuň režissýory bolsa, Rebbiň Özüdir, birinji hatardaky tomaşaçy bolsa öz hyzmatkärleri bilen oturan şeýtandyr. Hudaý göze görünýän dünýä bolşy ýaly, görünmeýän dünýä hem, Öz hyzmatkärleriniň wepalylygyny, ýagny Lýusefir tekepbirlik edende ýitiren wepalylygyny görkezýär.

Reb görgi göreniň roluny biziň her birimize bermeýär. Şeýle-de bolsa, biz — Mesihdäki bir Tendiris. "Bir agza horluk çekse, ähli agzalar bilelikde horluk çeker. Bir agza şöhratlansa, ähli agzalar bilelikde şatlanar" (1 Korintoslylar 12:26).

Bir bedeniň agzalary bolup durýandygymyz sebäpli, bedenimiziň bir böleginiň — Mesihdäki doganlarymyzyň — nirede we nädip görgi görýäni bilen gyzyklanmaklyk doly derejede tebigy zatdyr. “Tussagdakylary, özüňiz hem olar bilen bile tussagda ýaly ýada salyň. Horluk çekýänleri, özüňiz horlanýan ýaly ýada salyň” (Ýewreýler 13:3). Bu konteksdäki «ten» sözüne diňe bir fiziki manyda däl-de, eýsem, ruhy manydaky Ten — Ýygnak diýip düşünmek bolar. Görgi görýän mesihi doganlarymyza — olar nirede ýaşaýan bolsalar-da, perwaýsyz hem geleňsiz bolmazlyk bilen biz olaryň görýän görgüleriniň öz ýüreklerimize batýandygyny, biziň şol, başy Reb Isa Mesih bolup durýan bir Teniň agzasydygymyzy yglan edýäris.

“Men zyndandadym, siz Meni görmäge geldiňiz” — diýip, Rebbiň Özi Matta 25:36-da aýdýar. Totalitar ýurtlardaky türmeleriň köpüsine baryp görmek mümkin däl diýen ýalydyr. Şeýle-de bolsa, biz imany sebäpli tussag edilene ruhlandyryjy hat ugradyp ýa-da oňa gazaply daraýandyklary üçin onuň ýurdunyň häkimiýetine garşy çykyjy haty ugradyp bilýäris. Özümiziň ejir çekýän bir Teniň agzalarydygymyzy görkezmegiň kän usuly bar, Reb hem biziň hut şonuň ýaly etmegimizi isleýär.

# AWTOR HAKDA

2002-nji ýylda Pýotr Ýaşek Injile duşmançylykly bolan ýa-da ony çäklendirýän ýurtlarda ýaşaýan we imany ugrunda yzarlanylýan mesihilere kömek hem goldaw bermek üçin we olara azat ýygnagyň adyndan ýardam bermek üçin, "Ejir çekenleriň sesiniň" hataryna girýär. Lukmançylyk ulgamynda köp ýyllyk tejribesi bolany üçin Pýotr "Ejir çekenleriň sesiniň" Afrikan sebitindäki gullugyna ýolbaşçylyk edýär. Yzarlanylýan mesihiler bilen duşuşmak üçin syýahat eden wagtynda ol özüniň Çehoslowakiýanyň kommunistik partiýasy tarapyndan yzarlanan ruhy çopanyň maşgalasyndaky şaýatlygy bilen olary ruhlandyrdy we galkyndyrdy.

2015-nji ýylyň dekabrynda, Sudanyň Hartuma şäherindäki aeroportda, käbir mesihiler bilen birnäçe gezek duşuşanyndan soň tutulanynda, Pýotryň durmuşy birden üýtgedi. Pýotr ol ýerde "Ejir çekenleriň sesiniň" olara nädip has netijeli kömek berip biljekdigine baha bermek üçin barypdy. Tussaglykdaky imanlylara we olaryň maşgalalaryna gulluk etmegi dowam etdirmegiň deregine, Pýotryň özi tussag edilýär.

Türmede Pýotr dogan ruhdan düşme pursatlaryny-da başdan geçirýär, ýöne Hudaýyň wepalylygynyň hakykydygyna hem realdygyna aýratyn göz ýetirýär. Ol Mesihde berkemek, öz imany hakda beýleki tussaglara gürrüň bermek we özi bilen bile tussag edilen imanlylary ruhlandyrmak üçin öz tussaglygyndan peýdalanýar.

Pýotr doganyň 445-günüň dowamynda türmede bolan wagtynda, "Ejir çekenleriň sesi" we bütin dünýädäki mesihiler doga etmek we

beýleki usullar bilen onuň maşgalasyna goldaw berdiler. Türmeden boşanyndan soň Pýotr Çeh respublikasyna aýaly Wandanyň we iki sany uly çagasynyň ýanlaryna gaýdyp gelýär.

Pýotr "Ejir çekenleriň sesinde" bütindünýä ilçisi hökmünde gulluk etmegini dowam etdirýär we türmede bolan wagty hakda şaýatlyk edip, imany ugrunda yzarlanylýan mesihi doganlarymyz üçin Hudaýa doga etmekde we hereket etmekde baglanyşdyrmak üçin dürli ýurtlara syýahat edip ýör.

"Ejir çekenleriň sesi" hakynda

"Ejir çekenleriň sesi" — bu täjirçilik gurama bolman, eýsem, durmuşy hem ruhy kömekleri bermek arkaly imany üçin yzarlanylýan mesihilere gulluk edýän guramadyr. "Ejir çekenleriň sesi" yslam, induist we kommunistik ýurtlar ýaly, Injile duşmançylykly bolan ýurtlarda ýaşaýan Hudaýyň çagalaryna kömek edýär. Bu gurama 1967-nji ýylda kommunistik Rumyniýada Mesihe iman edendigi sebäpli on dört ýyllap türme tussaglygynda bolan ruhy çopan Riçard Wurmbrand we üç ýyllap tussaglykda bolan aýaly Sabina tarapyndan döredildi. 1965-nji ýylda Riçard we Sabina günbatarly mesihiler tarapyndan satyn alyndy we yzarlanylýan mesihilere gulluk edýän missiýalaryň bütindünýä zynjyry döredildi. Guramanyň bütin dünýäde ofisler zynjyry bar bolup, yzarlanylýan ýygnagyň agyr ýagdaýy hakda azat ýurtlardaky mesihilik jemgyýetçiligine habar bermek bilen Wurmbrandlaryň gören görnüşlerini durmuşa ornaşdyrýarlar we yzarlanylýan doganlara kömek edýärler.

Biziň web-saýtlarymyza girip, "Ejir çekenleriň sesiniň" her kwartaldaky býulletenini mugt almak üçin, şeýle hem, mesihilik şaýatlyklary sebäpli tussag edilen mesihiler baradaky elektron hatlara ýazylmak bilen siz yzarlanylýan doganlarymyzyň çäksiz imanyndan ruhlanma alarsyňyz we olara nädip gulluk edip biljekdigiňizi bilersiňiz.

# EJIR ÇEKENLERIŇ SESI HAKYNDA

Ejir çekenleriň sesi (EÇS), bütin dünýädäki yzarlanan mesihilere gulluk edýän girdeji gazanmaýan, milletara wekilçilikli guramadyr. Ol 1967-nji ýylda Riçard we Sabina Wurmbrandlar tarapyndan döredildi, EÇS mesihileri nähili baha tölemelidigine garamazdan, Mesihe bolan ygrarlylygyny çuňlaşdyrmaga we Onuň Beýik Tabşyrygyny ýerine ýetirmäge ruhlandyrmaga bagyşlanýar.




Sudanyň uruş zonalaryny görkezýän karta.



Meniň kakam, ruhy çopan we men, ýaňy 2 ýaşymdakam. Meniň ene-atam kommunistik Çehoslawakiýadaky döwlet tarapyndan oňlanmaýan gizlin ýygnakda gulluk edeni sebäpli gizlin polisiýanyň gözegçiligindediler we sorag edilýärdiler.



Men Riçard Wurmbrandyň "*Hudaýyň gizlinliginde*" atly nemes dilindäki kitabyny alanymda, 15 ýaşymdadym. Gizlin polisiýanyň sorag etmesinden gaýdyp gelenden soň, kakam ony maňa berdi. Şol gün ejem bilen kakam ikisem bir wagtda dürli ýerlerde tussag edildi. Men mekdepden gelenimde, olar öýde ýokdular, menem olara näme bolanyny bilmän biynjalyk boldum. Kakam öýe geleninden soň, meniň gorkanymy görüp, şol kitaby maňa uzadyp: "Şuny oka. Ol seniň imanyňy berkider" diýdi.



Kakam we men, kommunistik Çehoslawakiýada hökmany gyssagly harby gulluk wagtynda meniň birinji gezek gullukdan boşadylan wagtymda. Gullugymyň birinji aýynyň dowamynda gullukdaşlaryma mesihilik ynamymy wagyz etmäge gaty gowy mümkinçilik boldy. Dördünji synpdakam men kakamyň ruhy çopandygyny boýun almaga utanýardym, şonuň üçin soňrak men Rebden köpçüligiň öňünde Mesihi wagyz etmek mümkinçiligini bermegini soradym. Şol mümkinçilik harby gullukçylarda ateistik dünýägaraýşy emele getirmäni göz öňünde tutýan harby gulluk wagtynda peýda boldy. Bir gezek ofiser: “Bu ýerde kimdir biri entegem Hudaýa ynanýarmy?” – diýip sorady. Şol pursatda men Mukaddes Ruhuň özüme: “Pýotr, şu wagt seniň köpçüligiň öňünde Mesihi wagyz etmek mümkinçiligiňdir” – diýip ýüzlenýänini duýdum. Men 300 esgeriň içinde elini galdyran ýeke-täk esgerdim. Şondan bäri men mydama töweregimdäkilere Hudaý barada şaýatlyk etmäge çalyşýaryn.



1989-njy ýylda harby agdarlyşygyň netijesinde häkimiýet başyna gelip, bütin ýurtda yslam hukugynyň ýokary berk görnüşini dikelden ýurduň öňki prezidenti Omar Hassan al-Başiriň hökümdarlyk eden döwründe Sudanda mesihiler yzarlanmalara duçar boldular. 2009-njy ýylyň mart aýynda Gaagadaky Halkara jenaýatçylyk sudy ony tussag etmäge order – hereket edýän ýurt baştutanyny tussag ermäge birinji orderi berdi. Ol harby jenaýatlary etmekde we adamçylyga garşy jenaýat etmekde, şol sanda köpçülikleýin gyrmalarda, deportasiýa etmelerde, gynamalarda we zorlamalarda aýyplanyldy. Başir 2019-njy ýylyň 11-nji apreline çenli Sudana ýolbaşçylyk etmegini dowam etdirdi, şondan soň birnäçe aý garşy çykylmalardan soň ol sudanly harbylar tarapyndan prezident wezipesinden kowuldy.



2002-nji ýylyň dekabr aýynda men ikinji gezek Sudana gitdim. Bu saparymyz wagtynda missiýadaky kärdeşim bilen, şol wagt front guşaklygyndan takmynan üç km. aralykda ýerleşen, Ýokarky Niliň demirgazyk sebitindäki yzarlanylýan mesihilere iş ýüzünde kömek etdik. Men 7 ýaşymda alan çeh diline terjime edilen Mukaddes Kitapdan wagyz edip, sudanly mesihileri ruhlandyrdym. Bu Mukaddes Kitap kommunistik Çehoslowakiýa 1960-njy ýyllaryň ahyrlarynda gizlin alnyp gelinýär. Kommunistik yzarlamalar wagtynda özüm şonuň ýaly kömek hem ruhlandyrylmany alanymdan soň, özümiň Sudandaky yzarlanylýan doganlarymy ruhlandyrmak we olaryň mätäçliklerini kanagatlandyrmak meniň üçin diýseň ýakymly boldy.



Men Aida Skripnikowa bilen birinji gezek Russiýanyň Sankt-Peterburgynda 2002-nji ýylyň dekabrynda tanyşdym. Aida 1960-njy ýyllarda, Sowet Soýuzyndaky mesihilik işi üçin türmede dört ýylyny geçirdi. Aidanyň ajaýyp taryhy “Ejir çekenleriň sesiniň” çap eden “*Ýalynly ýürekler*” atly kitabynda gürrüň berilýär.



“Ejir çekenleriň sesiniň” Afrika sebiti boýunça müdiri bolup gulluk eden wagtymda, men, men demirgazyk Nigeriýadaky Weng atly bir oglany baryp gördüm. Wengiň doglanyna ýaňy üç hepde bolanda, onuň obasyna musulman ekstremistler çozupdyrlar. Olar onuň maşgalasynyň öýüni ýakypdyrlar we ejesi Wengi eline alyp gaçjak bolanda, ony öldüripdirler. Weng oduň içine gaçypdyr, şeýdip, aýagy güýçli ýanypdyr, şol sebäpden hem, kadaly ösmegini bes edipdir. Şol sapar wagtynda men oňa öz ýaşyndaky beýleki çagalar ýaly ýöräp hem ylgap bilmäge mümkinçilik berjek täze protez berdim. Bu suratyň düşürilenine bary-ýogy üç hepdeden soň, men Sudana gitdim we ol ýerde tussag edildim.



Men bu bellikleri türmede, aýratynam, “Niýaba – Mindola” atly polisiýa bölüminde ýekelikde oturylýan kamerada oturan üç aýymyň dowamynda, Mukaddes Kitaby öwrenenimde gizlinlikde ýazdym. Bu wagtyň dowamynda men Mukaddes Kitaby şahsy taýdan Mukaddes Ruh bilen öwrenme diýip atlandyryp biljek zadymy duýdum. Öz kameramyň äpişgesiniň öňünde her gün ertir sagat 8-den, öýlän sagat 5-e çenli durup, men Gelip çykyşdan başlap, Aýanlyga çenli tutuş Mukaddes Kitaby okadym. Ony üç hepdäniň dowamynda okadym, sebäbi türme tussaglygynyň birinji bäş aýynyň dowamynda maňa Mukaddes Kitap almaga rugsat etmediler.



Bu surat türmäniň “Al-Hudanyň” doga okalýan otagynda düşürildi (*çepden saga*: men, ruhy çopan Hassan, ruhy çopan Kuwa we Monim dogan). 29-njy ýanwarda ruhy çopan Hassan bilen Monima dogany 12 ýyl türme tussaglygyna höküm etdiler, soňrak hem meni – ömürlik tussaglyga höküm etdiler. 2-nji ýanwarda ruhy çopan Kuwa aklanyldy, sebäbi men Hartuma gelen wagtymda, ol bu ýerde ýokdy. Ol öz ýurdundaky musulmanlaryň arasynda missionerçilik işini edýändigi üçin tussag edildi.



Bu meniň türmede çaý içmek üçin alan birinji käsäm. Ony maňa berenlerinde, gaty hapa eken. Ony gowuja edip ýuwar ýaly, mende suw ýokdy, şoňa görä-de, men ony “Al-Hudanyň” ýerleşýän ýerindäki çölüň çägesi bilen arassaladym. Sakalym bilen saçymyň ösüp gideni sebäpli, maňa darak gerekdi, ony Çehiýa ilçihanasynyň konsullyk bölüminiň işgäri getirip berdi. Meniň türmede okan çeh dilindäki Mukaddes Kitabymda Zebur 104 açylgy dur, bu ýer meniň MukaddesÝazgydan ýat tutan birnäçe bölümlerimiň biridi, sebäbi maňa Mukaddes Kitaby ulanmaga näçe wagt rugsat etjekdiklerini bilmeýärdim.




Ruhy çopan Hassan (*sagda*), türmäniň doga okalýan otagyndaky ýene bir ýaşuly (*çepde*) we men “Al-Huda” türmesinde. Ruhy çopan Hassan, ruhy çopan Kuwa we men bu türmä gelen ilkinji günümiz bizi doga okalýan otaga çagyrdylar. Biziň gelmegimiz bilen, ýene üç sany wagyzçynyň geleni sebäpli, ýaşulylar türmäniň doga okalýan otagyndaky gullukçylaryň sanyny, iki adamdan bäş adama çenli köpeltme kararyna geldiler. Men boş wagtymda tussaglara fransuz hem iňlis dillerini öwretdim.



Roždestwo golaý men ŞAl-Hudanyň» doga edilýän otagynda 200-den gowrak tussaga wagyz etdim. Roždestwoda türmäniň administrasiýasy ölüme höküm edilenleriň kamerasyndan 100-e golaý adamyň ýygnanyşyga gatnaşmagyna rugsat berdi. Tussaglarda güýçli ruhy açlyk bardy. Men “Al-Hudanyň” doga okalýan otagyna birinji gezek baranymda, ol ýerde bary-ýogy 20-25 adam bardy. Gulluk bäş aýlap dowam edeninden soň, oňa eýýäm 200 adam geldi. Roždestwoda türmäniň doga okalýan otagynda Italiýadan gelen katolik ruhanysyna wagyz etmäge rugsat edildi. Ol arap dilinde wagyz edip başlamazyndan öň, iňlis dilinde hiç haçan munuň ýaly köp adamyň öňünde, hatda Rimde-de wagyz etmändigini aýtdy.



Türmeden çykanymdan soň, maşgalam bilen düşen ilkinji suratym. Çehiýanyň Içerki Harby güýçleriniň uçarynda daşary işler ministri bilen bile ýurduma gaýdyp gelenimde, Parižiň merkezi harby hassahanasynda iki-üç hepdelik karantinde bolmalydygymy maňa aýtdylar. Ýöne Hudaýyň rehimi bilen, meniň medisina barlaglarymyň hemmesi gowy bolup çykdy, şonuň üçin iki gün keselhanada bolanymdan soň meni öýe goýberdiler.



Aýalym Wanda bilen men, azatlyga çykanymdan soň Pragadaky taryhy merkeze ilkinji gezek gezelenç edýän wagtymyz.



Wanda bilen men, azatlyga çykanymdan soň, Çehiýanyň Kladno şäherindäki ýygnagymyzda. Biziň ýygnagymyzyň maşgala agzalary mobil telefonlaryna her gün agşam sagat 8-de meniň üçin Hudaýa doga etmegi ýatlatmany goýupdyrlar. Bu edil meniň türmede ýatýan wagtymdy. Olaryň joşgunly hem yzygiderli dogalary maňa her gün gije asuda ýatmaga mümkinçilik berdi.



*Riçard Wurmbrand* baradaky kitaba esaslanýan kiçi toparlara niýetlenilen okuw meýilnamasy wagtynda düşürilen surat, men 2018-nji ýylyň mart aýynda Rumyniýanyň, bir wagtlar Riçardyň imany üçin tussaglykda bolan “Jiliwa” türmesiniň ýekelikde oturylýan kamerasynda durun. Daşary ýyljajyk bolsa-da, türmäniň içi gaty sowukdy. Ol ýerde duranymda, açlygyň, keseliň, urulmalaryň we gynamalaryň bu ýowuz şertlerinde ölmän galmaga diňe Rebbiň goragynyň hem kömeginiň ýardam edendigine has aýdyň düşündim.



2017-nji ýylyň 11-nji maýynda dostlarym ruhy çopan Hassan (*sagda*) bilen Monim dogan (*çepde*) sudan türmesinden çykdylar. Häkimiýet Hassana edýän işleriniň yzarlanyljakdygyny duýdurýar. Beýle edilmäniň öz maşgala agzalarynyň stressini has artdyrjakdygyny we ýygnaga hem maşgalasyna artykmaç ünsi çekdirjekdigini bileni üçin ol maşgalasy bilen Sudandan gidýär. Monim dogan hem olaryň yzyna düşýär. Häzir olar ABŞ-nyň günortasyndaky kiçiräk şäherjigiň oba ýerinde ýaşaýarlar. ABŞ-a bolan saparym wagtynda ol ýerde olar bilen duşuşma bagty maňa miýesser etdi.



Türmeden çykan wagtymdan bäri men Hudaýyň maňa eden rehim-şepagaty we türmede bolan wagtymda Onuň wepalylygy hakda şaýatlyk edip, şeýle hem meniň üçin we maşgalam üçin Hudaýa doga edenlere minnetdarlyk bildirip, bütin dünýä syýahat edip ýörün. Bu suratda men “Ejir çekenleriň sesiniň” Oklahoma ştatyndaky Talsa amerikan şäherindäki konferensiýada ruhy çopan Hassan we “Ejir çekenleriň sesi” atly Radio gepleşigini alyp baryjy Todd Nettlton bilen bile çykyş edip durun.



# MAZMUNY


Sudan zorluk
bilen yslamlaşdyrma döwründe . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5

Sözbaşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

1-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9

2-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 13

3-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17

4-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 23

5-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27

6-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31

7-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35

8-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 39

9-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43

10-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 53

11-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 61

12-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 64

13-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 75

14-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 81

15-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87

16-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 95
17-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 103
18-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 119
19-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 131
20-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 136
21-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 141
22-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 149
23-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 159
24-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 165
25-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 168
26-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 175
27-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 178
28-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 184
29-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 188
30-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 194
31-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 198
32-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 203
33-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 207
34-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 213
Epilog . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 215
Sözsoňy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 224
Awtor hakda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 227
Ejir çekenleriň sesi hakynda . . . . . . . . . . . . . . . . . 229

*Ol ýerdäkiler birden doňup galdylar, soň hem çirkin sesleri bilen "Allahu akbar!" diýen gykylyklar ýaňlandy. Men haýran galdym we uludan dem almamy saklap bilmedim. Birnäçe minudyň dowamynda kameradaşlarym Fransiýadaky terroristik operasiýanyň üstünlikli geçenini baýramçylyk etdiler. Men telewizorda munuň ýaly musulman dabaralaryny görýärdim, ýöne beýle zady şahsy tejribäňde görmek, şok ýagdaýyna salýan zatdy.*

*Şol gorkunç pursatda men yslam ekstremistleri bilen bir kamera salnandygyma düşündim. Indiki günlerde men has köpräk zat bildim — kameradaşlarym IGIL-iň agzalarydylar.*

* * *

2015-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Pýotr Ýaşek Çehiýa respublikasyna, öýüne uçmak üçin Sudanyň paýtagty Hartum şäheriniň howa menziline geldi. Ol ýerde ol Sudanyň howpsuzlyk gullugy tarapyndan ýurtda bolmagynyň asyl maksady we alyp barýan işleri barada sorag edilmek üçin saklandy. Eger olar bu barada bilseler, ol özüniň duşuşan yzarlanylýan mesihilerine howp salýardy. Saklanandan soň, uzak wagtlap sorag edilmeler döwründe, Pýotr maşgalasyna ýakyn wagtda gaýdyp barmajakdygyna düşündi ...

Muňa derek, Pýotr Sudanyň hökümeti tarapyndan yzarlanan mesihilere kömek berendigi üçin köp sanly aýratyn agyr jenaýat işlerinde aýyplandy we türmä basyldy. Ömürlik türme tussaglygyna höküm edilen we IGIL terrorçylary bilen bir kamerany paýlaşmaga mejbur edilen Pýotr türmede wagty Hudaýyň özüne güýç, batyrlyk we täze maksat berendigi baradaky şaýatlygyny gürrüň berýär.



Çehoslowakiýanyň kommunistik döwleti tarapyndan yzarlanylan ruhy çopanyň maşgalasynda önüp ösen Pýotr Ýaşek 2002-nji ýylda Injile duşmançylykly bolan ýa-da ony çäklendirýän ýutrlarda ýaşaýan we imany ugrunda yzarlanylýan mesihilere kömek hem goldaw bermek üçin we olara azat ýygnagyň adyndan ýardam berýän "Ejir çekenleriň sesiniň" gullugyna goşulmaga gaty gowy taýýarlanylandy. Indi Pýotr Ýaşek "Ejir çekenleriň sesinde" bütindünýä ilçisi hökmünde gulluk etmegini dowam etdirýär we türmede bolan wagty hakda şaýatlyk edip, imany ugrunda yzarlanylýan mesihi doganlarymyz üçin Hudaýa doga etmekde we hereket etmekde birikdirmek üçin dürli ýurtlara syýahat edip ýör.

***petrjasek.com***